# JENNET

## Jennetiň beýany

Jennet – Allanyň ahyretde müminlere dünýäde iman edip, salyh amal işländikleri üçin öz lutfundan peşgeş beren sagadat diýarynyň adydyr. Jennet arap dilinde ”jenne” kökünden ýasalan we ”örtülen, gizlenen” diýmekligi aňladýan söz bolup, göz bilen görüp bolmaýandygy üçin oňa bu at berlipdir. Garaňky düşmegi bilen daş-töweregiň saýgaryp bolmajak tümlüge bürenendigini aňlatmak üçin hem şol bir kökden bolan ”jenne” işligi ulanylýar. Göz bilen görüp bolmaýan we edil biz ýaly erkli barlyga ”jyn”, akyly örtüleni üçin dälä ”mejnun”, göwüs kapasasynda gizleneni üçin ýürege ”jinan”, ene garnyndaky çaga gizlin bolany üçin ”jenin” diýlip, bularyň hemmesem şol bir kökden emele gelýär. Dilçi alymlaryň bir topary ”jennet” sözüniň ”ösümlikdir agaçlary bilen topragy örtýän bag, bol şahalary hem-de ýaşyl ýapraklary bilen ýere saýa salýan baglyk” diýmekligi aňladýandygyny nygtasa, beýleki topary bu sözüň has atdygyny öňe sürýär.

Jennet bu dünýä synagdan geçirilmek üçin iberilen ynsanlaryň we jynlaryň kyýamat gopup, ähli amallar mizan terezisinde çekilenden soňra, olaryň aralaryndan bu dünýädekä Allatagala, ahyret gününe we Allanyň ilçileriniň

üsti bilen ugradan aýatlarynyň ählisine ynanan, elinden geldiginden Alla gulluk we tagat-ybadat eden takwa, zahyd we päk kişileriň girmeli ebedi bagtyýarlyk we sagadat ýurdudyr. Pars dilinde ”jennet” sözüniň köplügi ”jinan” we ”jennatdyr.”

Biz üçin Jennet gaýyp halatdadyr. Çünki biz ony bu dünýäde görüp bilemzok. Biz ol hakda Kuran we hadysda aýdylýanlardan başga hiç zat bilmeýäris. Bu babatda bize aýdylana ynanmak we ony bolşy ýaly kabul etmek galýar. Gaýyba degişli syr bolany üçin oňa akyl ýetirjek bolmak, ol hakda pikir aýtmak, karar bermek hökman däl. Galyberse-de, Kuranda we hadyslarda bizi kanagatlandyrjak mukdarda maglumat bar ahyryn. Biz Kuranyň we hadyslaryň saýasynda Jennetiň düýp esasy, ýaradylmagynyň hikmeti, gatlaklary, nygmatlary, jennetlik kişileriň häsiýeti, olaryň Jennetdäki ahwallary, Allanyň jemalyny görmek we Jennetiň ebediligi ýaly ençeme temada geregiçe maglumat edinip bilýäris.

Jennetiň bardygy ikuçsyzdyr. Bu babatda hiç hili şek-şübhe ýokdur we onuň bardygyna ynanmak musulman bolmagyň bir şertidir. Jennetiň bardygy hakynda ylahy kitabymyz Kuranda we bir topar hadysda kesgitli maglumatlar bardyr.

Jennetiň ýaradylandygyna we bardygyna şu aýatlar güwä geçýär:

⇒ ”Iman edip, makul görülýän we ýagşy iş edýänleri buşla: Olara içinden derýalar akýan Jennetler bardyr. Olar şeýle jennetlerdir, ýagny, haçan-da miwelerinden özlerine hödür edilende: ”Bu öňem dünýäde iýen zadymyz!” diýjekdirler. Emma bu olaryň edil özi bolman, olara meňzedilip hödürlenjekdir. Ol ýerde olaryň päkize ýan-

ýoldaşlary-da boljakdyr we olar ol ýerde müdimilik galjakdyrlar.”.

⇒ ”Rabbyňyz tarapyndan magfyrete, giňligi asman bilen ýeriň arasy ýaly bolan we muttakylar üçin taýynlanan Jennete bakan aýagaldygyna ylgaň!” (Aly-Ymran, 3/133).

⇒ ”Rabbyňyz tarapyndan ediljek magfyrete we Jennete girmek üçin ýaryşyň! Ol şeýle bir Jennetdir, ýagny ini asman bilen ýeriň ini ýaly bolup, Alla we Onuň Resulyna iman edenler üçin taýynlanandyr. Ine, bu Allanyň islän kişilerine bolan lutfudyr. Alla beýik lutfuň eýesidir.” (Hadid, 57/21).

Jennet ahyrete ynanýan her bir kişiniň jandan isleýän baýrak hökmündäki ýurdudyr. Hawa, ynsanyň gaýyplarda başlaýan syýahaty ”Ene garny”, ”Dünýädaki durmuş”, ”Gabyr” ýaly basgançaklardan geçer we ýene-de gaýyplara tarap dowam eder we iň soňunda Jennet bilen sylaglanyp ýa-da Jähennem bilen jezalandyrylyp soňlanar. Emma şu bir hakykatdyr, ýagny Jennete düşmek aňsat däl, Jähennem hem bihuda ýaradylmandyr. Islendik gözel we gymmatbaha zadyň bahasy hem gymmat bolýar. Edil şonuň ýaly-da, Beýik Ýaradan peşgeş hökmünde öz gullaryna berjek Jenneti üçin hem bizden bir zatlar isleýär. Aslynda bu islenilýän zatlar Jennetiň bahasyna doly ýetmeýändigi üçin Jennet ýene-de Allanyň lutfy bolmagyna galýar. Emma bu islenilýän zatlar jennetlik ynsanlarda bolaýmaly häsiýetlerdir we olar göýä, gönezlik hökmündedir. Hawa, Allanyň islän we bildiren käbir ynsanlaryndan, pygamberlerinden, ”Aşereýi-mübeşşereden”[1]

---

1 Aşereýi-mübeşşere: Entäk ýaşap ýörkäler jennete düşjekdigi özlerine buşlanan on kişi.

we şehitlerden başga hiç kimiň Jennete düşjekdigi doly belli däl. Yslam dininde hristiýan we ýahudylaryň ynanjy ýaly, amallar mizan terezisinde çekilmän, göni Jennete girmek diýlen düşünje ýok.

Şol sebäpli-de, Alla ynanýan hemme kişi Onuň razylygyny gazanmak, Allanyň jemalyny görmek ýaly beýik nygmatlar bilen bir hatarda Jenneti hem gazanmak üçin bir ömür zähmet çekýär, der dökýär, goýberen hatalaryny düzedýär we Jennete girmäge mynasyp derejä ýetmegi maksat edinýär. Hatda Älemleriň Serweri (s.a.w) hiç kimiň öz amaly bilen Jennete düşüp bilmejekdigini aýdanda, egindeşleri: ”Sizemmi eý, Allanyň Resuly?” diýip soraýarlar. Şonda Ol (s.a.w): ”*Hawa, menem. Ýöne Rabbym meni magfyret we rahmeti bilen gurşap alsa, onda başgaça*” diýýär. Diýmek, öz amalyň bilen Jennete düşüp bolmaýandygyny hemme kişi bilmelidir. Mümin dileýän, dilenýän, isleýän, el açyp ýalbarýan, ejiz, garyp we sadyk bir bende hökmünde Rabbynyň dergähine hemişe ýüz tutmalydyr.

Şunça kişi tarapyndan uly höwes bilen islenilýän Jennet biziň üçin gaýyp hökmündedir. Ony söýgüli Pygamberimizden (s.a.w) başga ne gören, ne girip gezip gören, ne-de gelip habar beren bar. Bize Jennet hakynda diňe Haktagala Kuranynda, Allanyň Resuly-da Magraç mugjyzasy wagtynda gezip gören zatlaryny hadyslarynda habar berýär. Biziň üçin gaýyp hökmündäki Jennet şularyň netijesinde belli bir derejede aýdyňlaşýar. Ýöne şu-da bar, ýagny, bu maglumatlar bizde ylmel-ýakyndan[2] aňry geçip bilmeýär. Sebäbi Jennet hakda birnäçe beýan bar hem bolsa, biziň edinen bu maglumatlarymyz asla hakykysyna akyl ýetirmege ýetmeýär.

---

[2] Ylmel-ýakyn: Ylmyň üsti bilen ýetilen dereje.

Biz oňa diňe haçan-da o dünýäde ony görenimizde akyl ýetirip bileris.

Şeýle-de ýene-de bir möhüm zady nygtap geçmeli, olam esasy zat Allanyň razylygydyr. Ol Özi (jelle jelaluhu) razy bolansoň, bizleri-de razy eder. Birentek alymlar diňe Jennetiň islenmegini, oturanda-turanda şol ýere düşmegiň arzuw edilmegini känbir makullamaýarlar we bu hili ynsanlara ”Jennetiň guly” diýmegi aňladýan ”abdul-Jennet” lakamyny dakypdyrlar. Ýagny, bir tarapdan, ähli haýyr işleriň, ybadatlaryň Jennete düşmek maksadyna gönükdirilmegini oňlamandyrlar. Olar beýle diýmek bilen, elbetde, ”Jenneti asla islemeli däl” diýjek bolanok. Çünki Allanyň Resuly Jenneti islemegiň mümkindigini ýörite aýdypdyr. Ýöne diýiljek bolunýan zat şu: biziň baş maksadymyz Allanyň razylygyny gazanmak bolmalydyr. Onuň (jelle jelaluhu) razylygy hemme zatdan ýokarda durýar. Edil şu mysalda bolşy ýaly: Bir gün Harun Reşid halyfa wagty hökümet işgärlerini ýanyna çagyrýar we ”Bu gün menden näme isleseňiz isläň” diýýär. Çagyrylanlaryň arasynda ”Hakyň dosty” Behlul Dana hezretleri hem bar eken. Her kim bir zat isleýär. Olaryň biri häkim bolmagy, biri gymmatbaa mülk, biri soltanyň atyny, biri baýlyk ... isleýär. Nobat Behlul Dana gelende, ol: ”Seni isleýän, alyjenabym” diýýär. Harun Reşid: ”Başgarak zat dile, mal-mülke degişli zatlar islejek dälmi? Seret, her kim bir zat isleýär” diýýär. Behlul: ”Alyjenabym, Siz meniňki bolansoň, siziň söýgüňiz meňki bolansoň, asylam, hemmesi meňki bolýar ahyry” diýip jogap berýär. Hakyň dosty Ýunusyň pikirlerine-de, diňe şu nukdaýnazar bilen serdeniňde anyk göz ýetirmek mümkin. Ol umman ýaly giň göwnünden syzdyryp:

”Jennet Jennet diýýänleri,

Sanagly köşk, sanagly hüýr,
Isläne ber Sen olary,
Maňa Seni gerek, Seni” –

diýýär. Şeýle bolsa-da, hiç wagt Jennete we onuň içindäkilere göwnüýetmezçilik etmek bolmaz. Bu goşguda esasy maksady ýatdan çykarmazlyk ündelýär.

Adamoglunyň Alla iman edip, Oňa mäkäm baglanmagynda onuň ahyrete, Jennete iman etmeginiň diýseň uly ähmiýeti bardyr. Ol munuň saýasynda özüni iň köp gaýga batyrýan ”ýok bolup gitmek” diýlen duýgudan halas bolar hem-de özüne soňlanmajak ebedi bir sagadatyň garaşýandygyny umyt edip gezer. Bu umydyň saýasynda Ýasyr maşgalasy (radyýallahu anhum) ölüme tarap gorkman okdurylylypdyr, Musab bin Umeýr (r.a) gassabyň elinde dogralýan ýaly dogralmaga mertlerçe döz gelipdir, hezreti Talha (r.a) atylýan oka elini galkan edipdir, Halid bin Zeýd (Ebu Eýýup el-Ensary) ýaşynyň gojalandygyna garamazdan, atly Stambula çenli gelipdir. Alp Arslan, göýä diýersiň, kepen donuny geýip Romen Diýogen bilen gapma-garşy göreşipdir. Osman Gazy tekfurlar[3] bilen aldym-berdimli söweş alyp barypdyr. Fatyh Soltan Mehmet (jaýy Jennet bolsun) goşuny bilen Stambuly eýeleýär. Ýowuz we Kanuny, agalyk edip, keýpi-sapa döwran sürmek mümkinçiligi barka, ömürlerini at üstünde geçiripdirler. Ymamy-Newewi bir wagtyna naharlanmagy, onam bir azrak süýt bilen edinmegi ýeg görüpdir, galan wagty ylym bilen meşgullanypdyr. Muhammet Ibn-i Münkedi, Ýahýa Ibn-i Said el-Kattan we

[3] Tekfur: Wizantiýa imperiýasy döwründe häkim mertebesindäki dolandyryjylar bilen Anadoly we Rumelidäki hristian beglerine berlen at.

Eswed bin Ýezid en-Nehai kimin ýene ençeme ägirtler hak we hakykatyň ugrunda sil kimin göz ýaş döküpdirler, tutuş ömrüni aglap diýen ýaly geçiripdirler.

Jennet Allanyň hezzet-hormaty, yhsany bolany sebäpli uly ähmiýete eýedir. Haktagala entäk bu dünýädekäk ol ýeri ýürekden göresimiziň gelmegini, ol ýere näme edende girip biljekdigimizi, ol ýere girmäge hukuk gazanmagymyzy göz öňünde tutup, ol ýerler hakynda gymmatly maglumatlary aýan edipdir.

# JENNETIŇ GATLAKLARY

”Jennet” sözi Kurany-Kerimde 147 gezek gaýtalanýar. Käte hut ”Jennet” sözüniň köplügi ”Jennat” görnüşinde ulanylsa, käte-de gatlaklarynyň ady bilen, ýagny, ”Firdöws”, ”Adn” ýaly atlar bilen birlikde ulanylýar. Yslam edebiýatynda Jenneti aňlatmak üçin ulanylan atlary şeýle tertipde bereliň:

**1. Jennet:** Kuranda, dürli hadyslarda we beýleki Yslam dinine degişli eserlerde edebi sagadat ýurduny aňlatmakda ulanylan atlaryň arasynda iň köp ulanylan, içindäki ähli mekan we mümkinçilikleri öz içine alýan giň manyly adalgadyr. Kuranda 147 gezek ulanylýar. Yslam edebiýatynda ebedi sagadat bilen baglanyşykly ähtlerde, özüne çekiji beýanlarda we teswirlerde köplenç, Jennet sözi ulanylýar. Beýleki atlar birlik sanda ulanylsa-da, Jennet sözüniň birentek aýatda köplük sanda (Jennat) ulanylmagy, onuň sagadat ýurdunyň belli bir böleginiň däl, eýsem, tutuş özüniň adydygyndan habar berýär.

**2. Jennetün-naim:** Bu söz Kuranyň 13 aýatynda ulanylýar. Arapçada ”bolelin, asuda, bagtly durmuş” diýmegi aňladýan ”nygmat” sözünden has giň manyny öz içine alýan ”naim” sözi ynsany asudalyk we bagtyýarlyga eltýän maddy we magnewi ajaýyplyklaryň ähлisini aňladyp gelýär. Şeýlelikde, ”Jennetün-naim” – ”ynsanyň bagtyýarlyga ýetmegine sebäp bolýan nygmatlardan doly Jennetler” diýmekligi aňladýar. Muňa mysal hökmünde ”*Meni Jennetün-*

*naimiň mirasdüşerlerinden eýle*” (”Şuara”, 26/85) aýatyny getirmek mümkin.

**3. Adn jenneti:** Esasan ”ýaşamak, ýaşanylýan ýer” diýmegi aňladyp gelýän ”Adn” sözi 11 aýatda ulanylypdyr. Adnyň Jennetiň belli bir bölegininiň adydygyny hem-de köplük sanda ulanylyşyndan çen tutsaň, onuň birnäçe derejeleriniň ýa-da bir-birinden tapawutly ençeme bag-bakjalarynyň bardygyny aýtmak bolar. ”*Şübhesiz, iman edenler we salyh amal işlänler bar, ine, şolar ýaradylanlaryň iň haýyrlysydyr. Olara Rabbyň berjek peşgeşi, içinden derýalar geçýän, olaryň içinde müdimi ýaşajak Adn jennetleridir. Alla olardan, olar bolsa Alladan razydyrlar. Bu – Rabbyndan gorkanlar, Ony sylanlar üçindir.*” (Beýýine, 98/7-8).

**4. Firdöws:** Aýratynam, ”içinde üzüm bolan bag-bakja” diýen manyny berýär. Firdöwsiň Jenneti tutuşlygyna aňladýan at bolmagy, hat-da onuň ortarasynyň, iň belent we iň hormatly böleginiň ady bolmagy hem mümkin. ”*Şübhesiz, iman edup, salyh amal işlänlere ýaşamak üçin Firdöws jennetleri bardyr.*” (Kehf, 18/107).

**5. Hüsna:** Ýagşylyk, sahylyk edenlere Haktagala tarapyndan has uly ýagşylyk bilen jogap beriljekdigini, bir-de, munuň üstüniň ýene-de (zyýady bilen) ýetiriljekdigini beýan edýän ”Ýunus” süresiniň 26-njy aýatyndaky hüsna (has ajaýyp, has oňat, iň ajaýyp, iň oňat) sözüniň ”Jennet”diýmekligi aňladýandygy bilen müfessirleriň aglabasy ylalaşýarlar. Aýatda ”zyýady bilen” diýilmegi Jennetde Allany görmek bagtyna miýesser bolmagy aňladýar. ”*Ýagşylyk edenlere hüsna (jogap hökmünde has oňat ýagşylyk), birem, ondanam zyýady/artygy beriljekdir. Olaryň ýüzüne ne bir  çaň (gara tegmil), ne-de bir azap (geler). Ine, olar jennetlikdirler we şol ýerde ebedi boljakdyrlar.*” (Ýunus, 10/26).

**6. Darüss-selam:** ”Maddy we magnewi apatlardan, halanmaýan zatlardan goragly bolmak” manysyny berýän ”selam” we ”dar” (ýurt, öý) sözlerinden emele gelen bu utgaşma iki aýatda Jennetiň ady ýa-da onuň gatlagy hökmünde ulanylypdyr. Jennetiň esenlik ýurdudygy ikuçsyzdyr. Hakyky esenligiň diňe Jennetde bolup biljekdigini, soňsuz ýaşaýşyň, hiç zada zar etmejek baýlygyň, kemsindirmejek abraý we üstünligiň, kemsiz sagatlygyň diňe şol ýerde bardygyny aýdyp bolar. ”*Alla bolsa, Darus-selama çagyrýar we Ol islän kişilerini dos-dogry ýoldan ýöreder.*” (Ýunus, 10/25).

**7. Darül-mukame:** ”Asyl ýaşanyljak, ebedi ýaşaljak ýurt” diýen manyny berýän bu utgaşma Jennete girenleriň Alla hamd we şükür edýärkä boljak mekanyna berjek aňlatmasy bolmaly. ”*Ol (Rab) lutfy bilen bizi Darül-Mukama – asyl ýaşalmaly ýurda (Jennete) ýerleşdirdi. Indi, ol ýerde bize ne ýadawlyk geler, ne-de tukatlyk aralaşar.*” (Fatyr, 35/35).

**8. Jennetül-me’wa:** ”*Iman edip, salyh amal işlänlere geleliň, olar üçin Me’wa jennetleri bardyr.*” (Sejde, 32/19).

Bu atlardan başga-da, ”öý, jaý, şäher, ülke” manylaryny berýän ”dar” sözi Kuranda ”**darul-huld**” (ebedi ýaşaljak ýer/soňsuzlyk ýurdy), ”**darul-ahire**” (ahyret ýurdy), ”**akibetüd-dar, ukbed-dar**” (dünýä ýurdunyň soňy) ýaly utgaşmalarda Jennet manysynda ulanylypdyr.

Ady agzalan bu ýerler, alymlaryň aglabasyna görä, Jennetiň gatlaklaryny emele getirýär. Buharynyň bir rowaýatynda Älemleriň Serweri (s.a.w) Alla ýolunda söweşýän müjähidler üçin Jennetde ýüz dereje (gatlak) taýýarlanandygyny we her iki derejäniň aralygynyň zemin bilen asmanyň aralygy ýaly giňdigini habar berýär we sözlerine şeýle dowam edýär: ”*Alladan diläniňizde Firdöwsi*

*diläň. Çünki, Firdöws Jennetiň ortarasy we iň belent ýeridir. Jennetiň derýalary gözbaşyny Firdöwsden alýar.”* Bu dünýäde ýaşaýarka hemme kişiniň deň derejede imana eýe däldigi, deň derejede Alla gulluk etmeýändigi ikuçsyzdyr. Edil şolar ýaly, ahyretde-de şol bir Jennetiň içinde ýüzlerçe dereje bolar we onuň nygmatlaryndan her kim derejesine görä peýdalanar. Şu we beýleki hadyslarda agzalýan derejeleriň maddy derejeler, ýagny gatlaklar bolmagy ýa-da nygmatlardan peýdalanylandaky tapawutlylyk bolmagy-da mümkin. Edil jany sagat ynsanyň banan iýende alýan tagam we lezzeti bilen griplän ynsanyň ondan alýan lezzetiniň deň bolmaýşy ýaly, Jennetiň nygmatlaryndan hemme kişiniň deň derejede lezzet alyp bilmezligi mümkin. Imanyň güýji, kalbyň päkligi we salyh amal derejesine görä tapawutlylyk görkezer. Jähennemiň ýedi gatynyň bardygy Kuranda mese-mälim aýdylýanam bolsa, Jennetiň gatlary dogrusynda anyk zat aýdylmaýar. Ýöne hadyslarda sekiz gatynyň we sekiz gapysynyň bardygy aýdylyp geçilýär. Meselem, käbir rowaýatlarda namazlaryny dos-dogry okanlaryň ”namaz” gapysyndan, jihada gatnaşanlaryň ”jihad” gapysyndan, Alla ýoluna sadaka berenleriň ”sadaka” gapysyndan, oraza tutanlaryň bolsa ”reýýan” (suwdan gandyryjy) gapysyndan Jennete girjekdikleri aýdylýar. Jennetiň gatlaklarynyň we gapylarynyň Jähennemiňkä garanda has kän bolmagy Haktagalanyň rahmetiniň giňdigine we gazabyndan üstündigine kepil geçýär. Käbir rowaýatlarda bolsa Jennete mynasyp ynsanlaryň Jennete girenden soňam ýene Jennetde käbir boş ýerleriň galjakdygy we Rabbil-Aleminiň täzeden käbir nesilleri ýaradyp, Jenneti doldurjakdygy aýdylýar. Diýmek, Jennete girjekleriň Jähenneme düşjeklerden köpdügini aýtmak bolar.

## Jennetiň aýratynlyklary

Ynsan ebedi ömrüni, elbetde, ebedi sagadat ýurdunda geçirmegi arzuw edýär. Hristiýanlar, ýahudylar, musulmanlar we ahyretiň bardygyna ynanýan hemme kişi öňden bäri diňe Jennete girmegiň arzuwynda. Hatda, mynasyp ýa mynasyp däldigine seretmezden, mydama ony gazanmagyň arzuwynda bolupdyrlar. Şeýle bolansoň, heniz bärdeküler ol ýeriň nähili ýerdigi, düzgünleri, aýratynlyklary olary diýseň gyzyklandyrýar. Olaryň kalbyna bu arzuwy ýerleşdiren, olaryň isleglerini iň oňat bilýän Beýik Ýaradanymyz ol ýerler hakdaky iň ynandyryjy maglumatlary Kurany-Kerimde bendelerine mälim edýär, munuň üstesine, özüniň Habyby-Edibi hezreti Muhammedi (sallallahu aleýhi wesellem) Magraç bilen nygmatlandyryp, Jenneti tomaşa etdirýär, ol ýerler bilen tanyşdyrýar. Onuň (s.a.w) üsti bilen hem bilesigeliji göwünleri ol ýerlere degişli habarlar bilen kanagatlandyrýar. Şeýlelik bilen, biziň üçin gaýyp bolan ahyret durmuşy we Jennet käbir tarapdan biziň üçin gaýyp bolmakdan, ýagny doly mälim däl hyýaly zat bolmakdan çykýar.

Söýgüli Pygamberimiz (s.a.w): ”Ony ne göz görendir, ne gulak eşidendir, ne-de ýürek öňünden syzandyr” diýmek bilen, özünden başga hiç kime bu nygmatyň nesip etmändigini, şonuň üçin Jennetiň sowgatlar çemeni hökmünde takwa kişilere garaşýandygyny aýdyp geçipdir. Ilki bilen şuny belläp geçmeli, ýagny Jennet ne ösüş, ne-de peseliş ýeridir. Ol ýer lezzetleriň çuňlugyna aralaşylýan yklymdyr.

Biz bu eserde Jennet hakynda ýekeje ylmy çeşmämiz bolan Kuran we hadyslara esaslanyp, ol ýeri beýan etmäge, ol ýeriň ajaýyplyklaryny tanyşdyrmaga synanyşyk etmegi maksat edindik.

Erzurumly Ybraýym Hakky hezretleri özüniň ”Magryfatnamasynda” peýdalanylan edebiýaty görkezmezden, Jennet bilen baglanyşykly şu maglumatlary ýazypdyr: ”Jennetiň sekiz gaty bardyr. Birinji gaty: dürden Darul-Jelaldyr; ikinji gaty: ýakutdan Darus-Selamdyr; üçünji gaty: zümerretden Jennetül-Me’wadyr; dördünji gaty: merjenden Jennetül-Hulddyr; bäşinjisi: kümüşden Jennetün-Naimdir; altynjy gaty: altyndan Jennetül-Firdöwsdir; ýedinji gaty: müşkden Jennetül-Karardyr; sekizinji gaty bolsa: iň ajaýyp dürdendir. Rowaýatlar seljerilende, Jennetleriň biri-biriniň içinden geçýändigi we gat-gatdygy, ýagny halkaç görnüşindedigi hakynda maglumatlar bar. Adn jenneti bu jennetleriň ortasynda we iň ýokardadyr. Haktagalany görülýän mekan hem bu Adn jennetidir. Jennetlerde akýan derýalaryň ençemesi öz gözbaşyny bu ýerden alyp gaýdýar. Bu ýeri dogruçyllaryň we hafyzlaryň ýeridir. Her jennetiň durşuna altyndan bir gapysy bardyr. Gapylar reňbe-reň jöwherler bilen bezelendir. Birinji jennetiň gapysynda ”*Lä ilähe illalla Mu-hammedür-Rasululla*” diýen ýazgy bardyr. Beýlekilerinde bolsa, ”*Ene Lä uazzibu men kale Läilähe illalla* – Men Läilähe illalla diýene azap bermerin” diýen ýazgy bardyr.

Jennetleriň topragy müşk, daşlary bolsa jöwherdir. Ymaratlarynyň daşlary altyn we kümüşden bolup, laýy anbardandyr. Ýaýlalary iň oňat dürden we ýakutdandyr. Bularyň hem gapysy jöwherler bilen bezelendir. Her öýüň öňünden dört sany derýa akýar. Biri aby-haýat (ýaşaýyş suwy), biri sap ýogurt (ýa-da süýt), beýlekisi Jennet şerbeti we iň soňkusy-da süzülen baldyr. Derýalaryň töweregi miweli agaçlar bilen bezelipdir. Bu agaçlar mydama öwşün atýar, olaryň şahalary asla guramaýar, ýapraklary saralyp

dökülmeýär, miweleri hiç haçan tükenmeýär. Jennetlerde bu aýdylanlardan başga, ýene-de derýalar bardyr. Bularyň biri Rahman derýasydyr, ol ähli Jennetleri kesip geçýär, onuň suwy beýleki ähli derýalaryň suwundan päkdir we baldanam süýjüdir. Reňki gardan akdyr, gumy dürden owadandyr. Jennetdäki derýalaryň ýene biri-de, Köwserdir. Hak tagala ony söýgüli dosty hezreti Muhammet Mustafa (sallallahu aleýhi we sellem) üçin niýetläpdir. Onuň ini dokuz ýüz mil bolup, ol gözbaşyny Arşyň aşagyndan alyp gaýdýar. Ol ýerden Sidrä gidýär we iň soňunda Firdöws jennetine baryp guýýar."

Älemleriň Serweri (s.a.w) öz hadyslarynyň ençemesinde biziň gyzyklanýan Jennetimiz hakynda bize maglumat berýär we biziň gyzyklanmalarymyzy kanagatlandyrýar hem-de bizde şol ýere bolan höwes döredýär. Bu hadyslarynyň birinde, ashabyň gyzyklanýan soraglaryna Serwerimiz şeýle jogap berýär: Bir gün Sehl ibni Sad Allanyň Resulyndan soraýar: "*Eý, Resullullah, ynsanlar nämeden ýaradyldylar?*" Resululla (s.a.w) "*Suwdan*" diýýär. "*A, jennet*?" diýen soraga "*Jennet kümüş we altyn kerpiçlerden guruldy, laýy-dahoşboý ysly müşkdür. Jennetiň çagyllary dür we ýakutdan bolup, topragy-da zagpyrandyr. Oňa giren nygmata miýesser bolar, ezýet görmez, ebedi ýaşamaga hak gazanar, ölüm bilen duşuşmaz, geýimi könelmez, ýaşlygyny ýitirmez*" diýip jogap berýär. Has soňra söýgüli Pygamberimiz (aleýhissalatü wesselam) sözüni şeýle dowam etdirýär: "*Üç kişiniň dilegleri ret edilmeýär: Adyl ymamyň (ýurt baştutanynyň), oraza tutan kişiniň agzyny açýarka we zulma duçar bolanyň eden dilegi. Alla (zulma duçar bolanyň) dilegini bulutlaryň üstüne çykarýar we olara asmanyň gapysy açylar. Allatagala: "Yzzatymdan ant edýän! Wagty uzap biler, ýöne dilegiňi hökman kabul etjekdirin" diýýär.*"

Jennet dereje-derejedir. Resululla (aleýhissalatu wesselam) bu derejeleri düşündirende, şeýle diýýär: ”*Jennetde ýüz dereje bardyr. Her bir derejäniň beýleki dereje bilen arasy, asman bilen ýeriň arasy ýaly giňdir. Firdews bularyň iň ýokardakysydyr. Jennetiň dört derýasy bu ýerden gözbaş alýar. Onuň ýokarsynda Arş bardyr. Alladan jennet isläniňizde Firdöwsi isläň.*”.

Jennetiň gurluşy bu dünýäde gören-öwrenen zatlarymyz ýaly däldir. Belki, täze bir äleme barýandygymyz üçin, hemme zat has geň, hemme zat ynsana ýat bolmasyn diýlip, birnäçe meňzeşlikler edilenem bolsa, gurluşygynda ulanylan serişdelerden tut, tä gözelliginiň akylyňy haýrana goýýan ajaýyplygyna çenli örän tapawutlydyr. Bulary hadyslarynda gürrüň berýän Älemleriň Serweri (s.a.w) iki Jennetiň kümüşden we iki Jennetiň-de altyndan gurlandygyny aýdýar. Bu iki kümüş Jennetiň ähli gap-gaçlary, çemçe-çanak ýaly beýleki ähli närseleri-de kümüşdendir. Iki altyn Jennetiň hem ähli gap-gaçlarynyň, çanak-çemçe näme bar bolsa, hemmesiniň altyndandygyny habar berýär. Şol hadysda Resululla (s.a.w) Adn Jennetinden gürrüň edýär we ”*Ol ýerde jennet ähli bilen Allatagalanyň arasynda Onuň (jelle jelaluhu) ýüzündäki ridaul-kibriýadan (beýiklik perdesinden) başga hiç zat ýokdur*” diýýär.

Älemleriň Serweri hadyslarynyň ýene-de birinde Jennetde akýan derýalardan söz açyp, şeýle diýýär: ”*Men Sidretül-Münteha çykaryldym. Ol ýerde dört sany derýa gördüm: Iki derýa zahyrdy, iki derýa-da batyn. Zahyr bolan iki derýa Nil we Fyrat derýalarydy. Batyn bolanlar-da Jennetiň iki derýasydy.*”

Bu rowaýatlary biri-biri bilen deňeşdirenimizde, bu dört derýanyň-da gözbaşyny Firdöws Jennetinden alýandygy,

Allanyň jemalyny bolsa, Adn Jennetinde görüp boljakdygy mälim bolýar.

Ýokardaky hadysa, kiçiräk goşundy goşulyp, şu görnüşde-de rowaýat edilipdir: ”*Firdöws Jennetleri dörtdür: Ikisiniň zynatlary, gap-gaçlary we içindäki närseler altyndandyr. Ikisiniň bolsa, zynatlary, gap-gaçlary we içindäki närseler kümüşdendir. Adn Jennetindäkiler bilen Allanyň nurly wejhiniň (ýüzüniň) arasynda diňe Ridaýy-Kibriýa (beýiklik perdesi) bardyr we bu derýalar (süýt, bal we su derýalary) Adn Jennetinden gözbaş alyp, soňra beýlekilerine ýaýrar.*”

Jennetiň her derejesindäki kişi özüne görä lezzet alar. Ýöne Jennetdäki bir kişi, bir üst derejedäki kişiniň alýan lezzetinden ötri,özünde nähilidir bir gabanjaňlyk ýa-da ýetmezçilik duýmaz. Kuranda Alla, müminleriň Jennetde ”hoşal edilendiklerini” (Fejr, 89/28), olaryň Alladan razydyklaryny we ol ýerde gynanmajakdyklaryny aýdýar. Hakykatdan-da, Jennet ähliniň her derejesiniň nä dereje köp nygmatdan doludygy bir hadysda şeýle beýan edilýär:

”*Jennet ähliniň iň aşaky derejesindäki kişiniň segsen müň hyzmatkäri, ýetmiş iki ýanýoldaşy bolar. Galyberse-de, onuň üçin dür, zeberjet we ýakutdan salnan bir çadyr dikiler we munuň uzynlygy Jabiýe*[4] *bilen Sananyň*[5] *arasy ýaly bolar.*”

Başga bir rowaýatda Ibni-Omar (radyýallahu anh) şeýle gürrüň berýär:

”Resululla (aleýhissalatu wesselam) şeýle diýdi: ”*Jennet ähliniň mertebesi iň pes bolany ol kişidir, ýagny ol özüniň bag-bakjalaryna, aýallaryna, nygmatlaryna, hyzmatçylaryna, kürsilerine syn eder. Bular aralygy ýöräniňde müň ýyllykdyr.*

4 Jabiýe: Siriýada bir ýeriň ady.

5 Sana: Ýemeniň paýtagty.

*Jennetlikleriň Allanyň huzurynda iň mertebelileri bolsa, Allanyň jemalyna irden we agşam syn ederler*” Resululla (aleýhissalatu wesselam) soňra şu aýaty okady*: ”Ýüzler bardyr, o gün juwandyr, täzedir, öz Rabbyny görer.*” (Kyýamat, 75/23)”.

Kuran iman getirip, salyh amal edenleriň ahyretde ”zawzetül-jennatda” (Jennetleriň ýörite niýetlenen has çarbaglarynda) ýaşajakdyklaryny aýdýar. ”Bag” diýmekligi aňladýan ”rawzat” bilen ”jennat” sözleriniň ikisi-de köplük manyda gelipdir. Onda ençeme bag-bakja bolmaly. Bag-bakjanyň känligi bolsa, biri-birinden üýtgeşikligi aňladýar. Eger olar biri-birine meňzeş bolsady, ýeke bag-bakja diýlerdi. Diýmek, biri-birinden tapawutly, göreniňde ajaýyp duýgulary oýarjak ençeme Jennetiň bag-bakjalary bize peşgeş berilmeli. Kuranda şol bag-bakjalaryň örän ýaýraňdygy, Jennetiň hem asman bilen zemin ýaly giňdigi aýdylýar. Şeýlelikde, Jennetleriň biziň göz öňüne getirişimizden giňdigi aýan bolýar.

Mundan başga-da, Kuranda Jennet üçin ”oňat mesgenler”, ”üstü-üstüne salnan jaýlar”, we ”öý” manylary ulanylýar. Kuranda Jennet ähli üçin çadyrlaryň guruljakdygy aýdylyp geçilýär.

Jennet – ýap-ýaşyl we giden baglyk ýerdir. Buhary we Müslimde rowaýat edilýän bir hadysda ol ýeriň baglary ýyndam hem çeýe türgen kölegesinde ýüz ýyl ylgasa-da, soňuna ýetip bilmejek derejede mähnet diýlip wasp edilýär. Hadysyň dürli-dürli rowaýatlaryny bize ýetiren Ibn Kesir, Ahmed bin Hanbele salgylanyp aýdýan bir rowaýatynda, gürrüňi edilýän agajyň ”şejeretül-hulddygyny” (ebedilik daragtydygyny) aýdýar. Ýene-de käbir rowaýatlarda kökleri asmanda bolan, miweleri ýere baka sallanan Tuba agaçlaryndan gürrüň edilýär. Älemleriň Serweri (s.a.w): ”*Jennetde pürsi altyndan bolmadyk ýeke agaç hem ýokdur*”

diýipdir. Käbir rowaýatlarda bolsa, ynsanyň bilýän we bilmeýän ep-esli agaçlarynyň bardygy, bularyň käbiriniň reňk, käbiriniň ys, käbiriniň görnüş, käbiriniň bolsa tagam taýdan bu dünýädäki agaçlara, miwelere çalymdaşdygy, olaryň käbiriniň bolsa, diňe at babatda bu dünýädäkilere meňzeşdigi, emma has üýtgeşik hem has kämil görnüşde ýaradylandygy habar berilýär.

Göz bilen görülmedik şol aýratyn älemi hiç bir diliň, hiç bir ýazyjynyň Kuranyň teswirleýşi ýaly beýan edip bilmejekdigi hakdyr. Meselem: ”Nebe” süresiniň 31-36-njy aýatlarynda Jennet şeýle suratlandyrylýar: ”*Şübhesiz, Alla garşy çykmakdan özüni saklanlar halas bolar. Olara bag-bakjalar, üzümler, özleri bilen ýaşdaş, göwüsleri ýaňy çykan juwan gyzlar we püre-pürlenen badalar garaşýandyr. Olar şol ýerde boş gürrüň we ýalan söz eşitmezler. Ine, bu bolsa Rabbynyň beren sowgadydyr, olara ýeterlik bolar!*”

Bu aýatlara göz aýlanymyzda, Beýik Alla ”*Şüphesiz, takwa kişiler halas bolar*” diýen emri bilen, Özüniň garşy gitmediklere şol sowgatlary berjekdigini aýdýar.

Jennetiň nygmatlaryny hiç wagt dünýä nygmatlary bilen deňeşdirip bolmaz. Sebäbi olar ebedidir we dünýä nygmatlary deňeşdirer ýaly däldir. Hezreti Pygamberimiz (s.a.w), Ebu Saidil-Hudriniň (r.a) rowaýat eden bir hadysynda: ”*Jennetiň bir garyş ýeri (ebedidigi üçin, pany bolan) ýer ýüzünden we onuň üstündäkilerden – dünýä we dünýäniň içindäkilerden – has haýyrlydyr*” diýipdir. Sehl ibni-Sadyň aýdan rowaýatynda bolsa, ”*Jennetiň bir gamçy boýy ýeri (ebedidigi üçin, pany bolan) dünýä we dünýäniň içindäkilerden has haýyrlydyr*” diýip, ýene-de şol hakykaty beýan edýär.

Jennet deňsiz-taýsyz ajaýyplyklardan doludyr. Hezreti Üsame Ibni-Zeýd (radyýallahu anh) gürrüň berýär: ”Resululla (aleýhissalatu wesselam) bir gün özüniň sahabalaryna: ”*Araňyzda Jennete girmegä gaýrat edýän adam ýokmy? Sebäbi Jennetiň taýy ýokdur. Käbäniň Rabbyndan kasam edýärin, Jennetde ýalpyldap duran nurlar, hoşboý ysly çemenzarlyklar, berk hem belent ymaratlar, üznüksiz akyp duran derýalar, dürli-dümen ir-iýmişler, owadan ýaş zenanlar bolan, mäkäm we kaşaň binalarda bagtyýarlykda ýaşalýan ebedi mekandyr*” diýdi. Sahabalar:

– Biz, asylam, şonuň üçin tagalla edýäris, eý, Allanyň Resuly! – diýdiler. Resululla (aleýhissalatu wesselam):

– ”*Enşalla*” *diýiň* – diýdi-de, jihaddan söz açyp, şoňa höweslendirdi.”

Jennet – iman getiren we salyh amal eden bendeleriň ýaşajak bagtyýarlyk ýurdudyr. Ol ýerde aşagyndan derýalar akyp geçýän bag-bakjalar bolup, şol bag-bakjalar dürli-dürli owadanlyga beslenendir. Şol bagtyýarlyk ýurdunda agaçlaryň her dürlüsine gabat gelmek mümkindir. Allatagala uzynlygy biri-birinden pes bolmadyk we biri-birine çolaşan baglardan gürrüň açyp, şol baglaryň asla solman, guraman, ýapraklaryny dökmän gözelligini ebedi saklajakdygyny habar berýär. Bir hadysynda Serwerimiz (s.a.w) şol agaçlaryň owadanlygy barada şeýle diýýär: ”*Jennetde şeýle bir agaç bolar. Bir kişi atly onuň kölegesinde ýetmiş ýa-da ýüz ýyl ýörese-de, soňuna ýetip bilmez. Ol hulddur – ebedilik agajydyr... Jennetde ýene bir agaç bolar. Bir kişi dört ýaşyna giren düýe malyna ýa-da bäş ýaşyna giren maýa münüp, şol agajyň düýbünden bir gezek aýlanyp gelýänçä, düýe garrap ýykylar... Onuň ter şahalary Jennet galasynyň aňyrsyndakylara ýeter durar. Jennetdäki her bir derýa öz gözbaşyny, şübhesiz, şol*

*agajyň düýbünden alyp gaýdýar...”*. Başga bir hadysda: *”Jennetde bir agaç bolup, ulagly kişi ýüz ýyl onuň kölegesinde ýörese, soňuna ýetip bilmez. Isleseňiz şu aýaty okaň: ”Ýaýraň kölegeleriň, şabyrdap akýan suwlaryň içindedirler*” (”Wakyýa”, 56/30-31)” diýilýär.

Elbetde, Jennetdäki gurluş bu dünýädäki ýaly bolmaz. Ol ýeriň aýratynlyklary maddy älemiňkä garanyňda has tapawutlydyr. Emma şol bir wagtyň özünde-de, Kuran Jennet ähliniň ol ýerde yssy, sowuk duýmajakdygyny, jana aram berýän kölegeleriň aşagynda sapa sürjekdigini aýdýar. Kuran, dünýädekä Alladan gorkup, haram işlerden saklanan takwa kişileriň aşagyndan derýa akyp geçýän, içinde ebedi bolunjak Jennetlere salynjakdygyny, olara şol ýerde dürli dümen ir-iýmişlerden hezzet ediljekdigini we janyňa aram berýän kölegelerde hemişelik boljakdygyny, ýagny berlen nygmatlaryň soňsuza çenli dowam etjekdigini habar berýär. Jennetiler we olaryň ýanýoldaşlary şol kölegeliklerde, tagtlarda arkan ýassanyp sapa sürerler. Mälim bolşuna görä, şol ýere mahsus bir Gün bolup, ol asla birahat etmez. Howa aram we mylaýym bolup, Jennet ähli ne yssy, ne-de sowuk görerler. Ýöne şonda-da kölege-de özboluşly lezzet berer. Mundan başga-da, suwuň sesi, onuň ajaýyp görnüşi ynsana taryp edip bolmajak lezzet berer. Haktagala bu dünýäde takwa ýaşan gullaryny o dünýäde Jennetlerde, kölegeliklerde, çeşmeleriň başynda lezzete ”gark eder”.

Çeşmelerde Jennetden söz açylanda, akyla ilkinji gelýän zatlaryň biri **Tuba agajydyr**. Serwerimiz (sallallahu aleýhi we sellem) öz hadyslarynyň köpüsinde şol agaç barada söz açýar. Şol hadyslarda Jennet bezegi bolan Tuba agajynyň has ägirtleriniň hem bardygy aýdylýar. Olaryň boýunyň ýüz ýylda ýetip boljak aralyga ýetendigi hem-de

Jennet lybaslarynyň şolaryň ösüntgilerinden tikiljekdigi mälim edilýär. Beýleki agaçlar bilen baglanyşykly bolsa, olaryň göwreleriniň dür we altyndan, ýokarylarynyň bolsa, miwelerden ybaratdygy habar berilýär. Jennet agaçlary mydama ýaşyl öwsüp oturarlar. Olaryň şahalary asla guramaz, ýapraklary dökülmez, miweleri çüýremez we tükenmez.

Jennetde birnäçe görnüşli derýa bardyr. Kuran şol derýalara degişli, ine, şeýle maglumat berýär: ”*(Alladan gorkan) takwalara wada berlen Jennetiň mysaly (şeýledir) : Ol ýerde durky üýtgemeýän suwly derýalar, tagamy üýtgemeýän süýtli derýalar, içýänlere lezzet berýän şerap akýan derýalar we süzülen arassa (we datly) baldan derýalar bardyr. Olara ol ýerde dürli görnüşli miweler bilen özleriniň Rablaryndan gelen (ýalkaw) bardyr...*” (”Muhammed”, 47/15). Bu aýatda aýdylan, Jennetde derýa bolup akjak zatlaryň hemmesi adam tarapyndan halanýan zatlar. Olaryň derýa bolup akmagy, gözleriniň hem-de göwünleriniň doly doýruljakdygyndan nyşandyr. Aýratynam, ”Jennet şeraby” diýlip agzalan zat, bu dünýädäki serhoş ediji şeraba düýbünden menzemeýär. Aslynda-da, asly arapça bolan ”şerap” sözi ”içilýän zat”, ”içmek” diýmekligi aňladýar. Biziň dilimizde ulanylýan ”şerap” sözüniň arapçasy bolsa ”hamrdyr”. Ynsanyň tebigatyna ters gelýän we bu dünýäde gadagan edilen zadyň o dünýäde derýa bolup akmajakdygy her kime mälim zat. Diýmek, ”Jennet şeraby” ap-ak reňkde bolup, içenlere lezzet berýändir. Olary serhoş edip, erkini elinden alýan däldir. Ony içen adam bütinleý serhoş bolup, özüni bilmän oturmaz, ol diňe özboluşly lezzet alar. Müminleriň depesinde bolsa şol Jennet şerabyndan püre-pürlenen badalar aýlanar. Haýyr amal edenler ”Naim”

Jennetlerinde rahat kürsülerde oturyp, töweregi guwanç bilen synlarlar. Olaryň bagtyýardyklary ýüzlerinden mesemälim görnüp durar. Olara heniz agzy açylmadyk, möhürli çüýşe gaplarda Jennet şeraby hödür ediler. Bu şeraby içenlerinde, olaryň agyzyndan müşk ysy geler. Ondan soňra Jennet içgilerinden bolan, ”Tesnim” diýip atlandyrylan bir içgi getiriler we şol şerap bilen garyşdyrylar. Garyndysyz, gaňşurawygyňy kükedip duran ol içgi Alla ýakyn bolan takwalara hödür ediler. Bir rowaýata görä, Jennetdäki bu derýalar öz gözbaşyny müşk daglaryndan ýa-da müşk depelerinden alyp gaýdýar.

Jennetiň suwy süýji we topragy mesdir. Jennet ymaratlarynyň bir kerpiji altyndan, bir kerpiji kümüşden, harajady müşkden, çagyly dür hem ýakutdan, topragy bolsa zagpyrandyr.

Jennetdäki bag-bakjalar, öýler, köşkler – bularyň hemmesi giň hem kaşaňdyrlar. Adamogly giň, üsti açyk hem-de arassa howaly ýerleri gowy görýär. Jennet hem ine, şol islegi kanagatlandyrmak üçin döredilendir. Kuran bize Jennetiň giňişliginiň ýer bilen asmanyň aralygy ýalydygyny habar berýär.

Beýleki bir tarapdan, ynsanogly ýakymly yslaryndan lezzet alýar. Jennetde şol duýgy hem kanagatlandyrylyp, hemme ýer nebsiň halaýjak hoşboý yslar bilen gaplanandyr. Her zadyň aýratyn ýakymly ysy bolar. Meselem: Jennetdäki aýallarda şeýle bir hoşboý ys bolar, rowaýatda aýdylmagyna görä, olaryň biri Zemine seretse, onuň müşk ysy Ýer şaryny gaplap alar we onuň ýüzüniň nury Gün bilen Aýyň ýagtylygyndan rüstem geler. Eger bir hüýr, barmagyny bu dünýä görkezse, ýer ýüzündäki janly-jandarlaryň her biri onuň hoşboý ysyny alar. Jennetiň özüne mahsus şeýle bir

ýakymly we ýiti ysy bolup, ol bäş ýüz ýyllyk uzaklykdan bildirer durar. Jennetdäki azyklardan hem ýakymly we hoşboý yslar burk urar durar. Hezreti Pygamberimiz (s.a.w) özüniň hadyslarynyň birinde: ”*...Birdenkä, şemal (demirgazyk) ýeli öwser-de, olaryň ýüzüne we üstüne iň hoşboý yslary seper*” diýýär. Olaryň nähili ysdygyna käbir hadysy-şeriflerde, ine, şeýleräk maglumatlar bar: ”Hakykatdanam, hyna (boýagy we ysy) Jennet yslarynyň öňbaşysydyr... Allatagala Jenneti ýaradanda, ony (ajaýyp) narpyz ysy bilen gurşady, narpyzy-da bütinleý hyna (ysy) bilen gurşady...” Jennetdäki bu yslar müdimidir. Onsoňam, bu dünýädäki ýaramaz yslara Jennetde düýbünden gabat gelinýän däldir.

Jennet ähli, nygmatlaryň iň ýagşysyna eýe bolar. Her kim hoş söz eşitmek, süýji-süýji gürrüňler diňlemek islär. Sebäbi olar adamyň gulagyna bal bolup damýar, ruhy lezzet berýär. Hiç kimiň hem paýyş sözleri, hapa sögünçleri ýa-da ýakymsyz sesleri, bolar-bolgusyz gürrüňleri diňläsi gelýän däldir. Ine, Jennetde-de bu islegler kanagatlandyrylýar. Meselem: ol ýerdäkileriň hiç biri boş, dereksiz, ýalan-ýaşryk gep eşitmezler. Olar hemişe hoş söz eşiderler. Jähennem ähli bolsa, tersine, ýakymsyz söz eşider. Bu dünýäde wagty Allatagalanyň gullugynda gaýym durup, bile hyzmat eden jennetiler ol ýere baranlarynda, bakyýete göçmänkä eden süýji gürrüňlerini, hoş söhbetlerini ýatlap, şolar dogrusynda gürrüň ederler. Olaryň biri-birlerini göresi gelse, derrew biriniň kürsüsi beýlekisiniň ýanynda bolar. Olar arkan ýassanyşyp, süýji gürrüňe başlarlar. Olaryň biri beýlekisine: ”Dogan jan, ýadyňa düşýärmi, biz dünýäde pylan mesjitdekäk, Alladan dileg diläpdik. Ine, görşüň ýaly, Alla-da bizi sylaglady” diýer. Jennete düşen her bir kişiniň başujynda we aýagujynda iki sany hüýr durar we olar hoş owaz bilen neşide (goşgy) okarlar. Jennetde

hüýrleriň üýşýän ýerleri bolar. Olaryň sesi şol ýerde hasam belentden eşidiler. Ýaradylanlaryň hiç biri hem, şol wagta çenli, olaryň sesi ýaly ýakymly ses eşiden däldir.

Jennet, oý-pikire gelmejek nygmatlar bilen bezelendir. Bularyň hemmesem Allanyň fazlyndan hem jomartlygyndan habar berýär. Meselem: Bir gün bir adam Resululladan (aleýhissalatu wesselam): ”Jennetde at barmy?” diýip soraýar. Aleýhissalatu wessalam hem: ”*Eger Allatagala seni Jennetlik eýlese, seniň hem ýakutdan ýasalan ata münüp gezim edesiň gelse, bu islegiň amala aşar we şol at seniň gitmek islän her bir ýeriňe uçup elter*” diýýär. Soňra, başga bir adam: ”Jennetde düýe barmy?” diýip soraýar. Emma Aleýhissalatu wesselam muňa ýaňky adama jogap berşi ýaly däl-de, başgaça jogap berýär: ”*Eger Allatagala seni Jennetlik eýlese, ol ýerde seniň isleýän zatlaryň hemmesi, göreňde lezzet alýan ähli zadyň bolar.*” Hadysda aýdylýan – ”islenilýän, göreňde lezzet alynýan” zatlaryň ählisini bu dünýäde bar bolan zatlar bilen çäklendirmegem dogry däl.

Jennet ähliniň arzuwlary şol wagtyň özünde amala aşar, olar eden arzuwlaryna kynçylyksyz ýeterler. Bu dünýä ”dary-hikmet”[6], Jennet bolsa ”dary-gudratdyr”[7]. Şonuň üçin, bu dünýäde bir zadyň amala aşmagy belli sebäbe hem-de şertlere bagly bolsa-da, ol ýerde beýle däldir. Haýsydyr bir zat zerur bolsa, ol Ylahy gudratyň saýasynda şol wagtyň özünde, kynçylyksyz amala aşar. Olaryň her bir arzuwy derrew ýerine ýetiriler. Meselem: Bir adamyň guş etini iýesi geler welin, gyzardyp bişirilen guş onuň dessine öňünde goýlar. Jennet ähli mundan gerk-gäbe doýar. Soňra şol guşuň

6 Dary-hikmet: hikmet öýi.
7 Dary-gudrat: gudrat öýi.

süňklerini bir ýere jemlär. Ol guş Allanyň gudraty bilen täzeden direlip, uçup gider we Jennetde iýmitlenmegini dowam etdirer. Başga biriniň bolsa, Jennetde ekerançylyk bilen meşgullanasy geler welin, oňa özüniň Rabby şeýle diýer: ”Hawa, şu wagt hemme zat seniň arzuwyňdaky ýaly dälmi?” Ol hem: ”Hawa, şeýle. Ýöne men ekerançylyk etmegi halaýaryn” diýip jogap berer. Oňa ekerançylyk etmäge rugsat berler. Ol derrew tohum seper welin, şol wagt onuň sepen tohumy gögerer-de, ýetişip, bol hasyl berer.

Üýtgeşik bir lezzet berýän uçmak hadysasy bu dünýäde bir serişde arkaly amala aşyrylýan bolsa, ony Jennetde at münüp, gorkman, howatyrlanman amala aşyryp bolar. Fahry-älem[8] (sallallahu aleýhi we sellem) muny özüniň bir sahabasyna şeýle buşlaýar*: ”Eger nesibäň çekip Jennete girseň, ”Ýakutdan ýasalan ata münjek*” *diýseň, oňa münersiň.* ”*Uçjak*” *diýseň uçarsyň.*”

Bir gün Allanyň Resulynyň ýanyna bir çarwa arap gelip, oňa Jennet hakynda her hili sorag berdi. Resululla bu soraglara şeýle jogap berdi: ”*Jennetde bir bazar bolar. Ýöne ol ýerde ne alyjy bolar, ne-de satyjy. Ol ýerde diňe erkek adamyň we aýal maşgalanyň şekilleri bolar. Ynsan bu şekilleriň haýsysyny halasa, şol şekile öwrüler.*”

Jennet, aslynda jynsy gatnaşygyň mekany däldir. Ýagny ol ýerde çaga dünýä inmeýär. Emma her bir adam çaga bolan söýgüsini hökman gandyrar. Heniz bäbekkä wepat bolan çagalar ýa-da ene-atasy kapyr bolup ýogalan çagalar Jennet ähline bagyş ediler. Munuň bilen birlikde, Tirmizidäki hadysda ”*Mümin Jennetde çagasynyň bolmagyny isläninde,*

---

8 Fahry-älem: Älemiň buýsanjy, Hezreti Muhammet pygamberiň sypaty.

*onuň ene garnynda döremegi, dogulmagy we ýaşamagy bir wagtyň özünde amala aşar*" diýilýär. Mundan başga-da, Jennetde çagalaryň ýagdaýy bilen baglanyşykly hadyslarda şular beýan edilýär: "*Müminleriň çagalary Jennetiň bir depesindedir. Olary kyýamata çenli Hezreti Ybraýym (aleýhisselam) bilen onuň aýaly Sara terbiýelär.*"

Bu dünýä ýaşaýşynda gije we ukynyň ýaradylmagynyň bir hikmeti bar. Gijäni örtgi, ukyny-da dynç alyş wagty eden Haktagala Jennetde bulary ýaratmandyr. Jennetde gije ýokdur, ol durşuna ýagtlyk we nurdan ybaratdyr. Ynsan bu dünýäde uklamaga zerurlyk duýýany üçin, hökman uklamaly bolýar. Aslynda, ol öz ýaşaýşynyň agramly bölegini uklap geçirýär. Emma Jennetde ýadawlyk, hassalyk ýaly dynç almagy talap edýän ýagdaýlaryň ýoklugy sebäpli, uky hem gerek bolmaz. Fahry-älem (sallallahu aleýhi we sellem) özüniň bir hadysynda: "*Jennet ähli uklaýarmy?*" *diýen soraga* "*Uky – ölümiň dostudyr. Jennet ähli uklamaýar*" diýip jogap berýär.

Jennet bagtyýarlygyň we sagadatyň mekany bolany üçin, ynsany bu dünýäde birahat edýän zatlaryň birentegi ol ýerde ýokdur. Meselem: Jennet ähliniň iň esasy aýratynlyklaryndan biri hem olaryň hemmesiniň oňat ahlaga eýe bolmaklarydyr. Gabanjaňlyk, ýigrenmeklik, göriplik, öýke-kine, ar almak hyjuwy, tekepbirlik, ulumsylyk, aşa talap edijilik, ynjyklyk, ýaltalyk, gysgançlyk, paýyş gürrüň ýaly erbet ahlaklaryň ýekejesi-de ol ýerde ýokdur. Ol ýerdäkileriň hemmesi birek-biregi sylaglar, hormatlar. Dost-dogan bolup, asudalykda ömür sürerler. Hatda olar öz doganlarynyň belent mertebelere, beýik nygmatlara ýetendigini görenlerinde, hasam hoşwagt bolarlar. Serwerimiz (s.a.w) olar barada: "*... Kalplary täk bir kişiniň*

*kalby ýalydyr. Olaryň arasynda dawa-jenjel, duşmançylyk ýokdur...*” diýýär.

Jennetdäki iň uly nygmatlaryň biri-de Jennet ähliniň ruhy taýdan rahatlyga gowuşdyrylmagydyr. Olaryň sähelçe-de gaýgysy, ünjüsi bolmaz. Kuran bu ýagdaýy şeýle beýan edýär: ”*Şol Adn jennetlerine girenler şeýle diýerler: Bizden her hili gaýgyny dep eden Alla şükürler bolsun,. Hakykatdanam, biziň Rabbymyz Gafurdyr, Şekurdyr (örän bagyşlaýjydyr, öz bendelerine sowgady artygy bilen berer*” (”Fatyr”, 35/34). Serwerimiz (sallallahu aleýhi we sellem) bir hadysynda: ”*... olar şeýle diýerler: ”Biz ebedidiris, asla heläk bolmarys, biz bagtly kişilerdiris, asla gama batmarys...*”

Gaýgy-gamdan uzak bolmak şeýle bir lutuf bolup, Jennet nygmatlarynyň gadyr-gymmatyny birden müňe çykarar. Sebäbi nygmata miýesser bolan adamda sähelçe-de bolsa gaýga galmazlyk, ”ol bir gün elimden alnar” diýlen gorkynyň bolmazlygy, nygmatyň başa bela bolmajakdygyna ynanmak, berlen nygmat üçin hak tölemegiň hökman däldigini bilmeklik nygmatyň gadyr-gymmatyny has-da artdyrýar. Kuran Jennete girnäge hak gazananlaryň ýagdaýy bilen baglanyşykly: ”*(Olar) Allanyň lutfundan yhsan eden nygmatlaryna gowuşmakdan ötri örän şatdyrlar. Yzlaryndan heniz özlerine gowuşmadyk geljekki şehitlere ”özlerine hiç hili gorkynyň ýokdugyny we özleriniň gaýga batmajakdygyny” buşlaslary geler.*” (”Ali-Imran”, 3/170) ”*Alla hem olary ol günüň azabyndan gorar, olaryň ýüzüne nur, göwnüne aram berer.*” (”Ynsan”, 76/11). Resuly Ekrem (sallallahu aleýhi we sellem) dünýä inmegiň, ömrüň, ölümiň, magşaryň, hasabyň, mizan terezisiniň, syratyň we ş.m. hemmesiniň özüne ýetik belli bir kynçylygynyň, azabynyň, aladasynyň bolýandygyna garamazdan, Jennete girenleriň hezil etjekdigini aýdypdyr.

# JENNETDÄKI NYGMATLAR

Jennet – Haktagalanyň öz salyh gullaryna hezzet hökmünde bagyş eden sylag ýurdudyr. Onuň gurluşy we içindäki nygmatlary adamoglynyň öň görüp eşitmedik gözellikleri hem-de baýlyklary bilen bezelendir. Ol ýer her kimiň hyýalynda janlandyryşyndan-da ajaýypdyr. Iň esasy zat bolsa, Jennetdäki nygmatlar soňsuzdyr. Jennetde ömrüň ebedi bolşy ýaly, nygmatlar hem tükeniksizdir, ebedidir. Şol nygmata akyl ýetirmeli ynsanyň duýgudyr ukyby doly derejede öz wezipesini ýerine halatynda, ýagny bu dünýäde wagty millionda bäş-alty göterim möçberinde iş alyp barýan duýgudyr ukyplar, ol ýerde doly möçberde – millionda million göterim işjeň halata geýär we jennetlikler şoňa görä-de, Jennetdäki ebedi nygmatlardan aňrybaş derejede lezzet alar. Bu nygmatlaryň tükeniksizligini hem-de ebediligini bu dünýä durmuşy bilen deňeşdirenimizde, ol edil düýş görýän iki adamyň ýagdaýyna çalym eder. Ol iki adam düýşünde her dürli lezzetli tagamlar, naharlar, içgiler, miweler we ş.m.-ler bilen bezelen, üsti näz-nygmatdan doly saçagyň başyna geçerler. Ýöne olaryň biri munuň düýşdügini aňşyrman, ortadaky zatlardan ymykly garbanýar. Ol bu nygmatlara hakykydyr öýdýär, soňuny saýman garnyny doýurýar. Saçak başyna geçip oturan beýleki ýoldaşy bolsa, bu zatlaryň düýşdigini aňşyrýar. Özüniň az salymdan oýanjakdygyny, bu hezillikleriň bolsa zym-zyýat boljakdygyny bilýär. Bu ýagdaý

ony diýseň gaýga batyrýar, lezzetli tagamlar zähere öwrülen dek bolýar. Saçak bilen mazasy bolmaýar.

Ine, bu dünýädäki ynsanyň hem, nähili sagdyn, baý we gelşikli bolanda-da, bir gün şol nygmatlary ýeke-ýekeden ýitirjekdigine akyl ýetirmegi, başga-da özi ýaly baýlygyny goldan giderip ýörenleri görmegi, onuň keýpini gaçyrýar, alýan lezzetini zähere öwürýär. Belkem, ahyrete ynanmaýan günbatar halklary ölüm barada gürrüň açylmagyny şonuň üçin halamaýan däldirler. Olar ahyretiň bardygyny inkär edýändikleri üçin, bu dünýä we onuň geldi-geçer lezzetine köňül berýärler. Hatda, şolardan aýrylmagyň pikirini hem edesleri gelenok. Şeýle ”ýaramaz pikirleri” kellä getirmezlik üçin bolsa, ýa içip serhoş bolýarlar, ýa-da hemme zatda bolşy ýaly, ölüm we ahyret babatda-da ýaňsyly gürrüňler edýärler.

Mümin bolsa, hemişe soňsuz nygmatlara ýeterin diýen umyt bilen başyna näme gelse sabyr edýär, diňe özüňi pikir etmekden we gysgançlykdan gaça durup, öz elindäkileri deň paýlaşmagy başarýar. Ol özüni haçan hem bolsa bir gün bu myhmanhanany terk etmeli ýolagçy hökmünde garaýar. Hemişe o dünýäni pikir edip ýaşaýar. Ölüme mydama taýýar bolup durýar. Hemişe başgalaryň bagty üçin göreşýär, şol maksat bilen ömür tükedýär. Ine, muňa bolsa ”fazylat duýgusy” diýilýär. Onuň fazylat duýgusyna eýe bolmagynyň baş sebäbi-de, kalbynda Allatagala bolan söýginiň we gorkynyň hyň berip durmagydyr. Hawa, beýle mümin ahyretde iň ajaýyp nygmatlar bilen sylaglandyrylar.

Jennetdäki nygmatlar hem-ä elýetmez gymmatdyr, hem-de ebedidir. Ol ýerde Haktagalanyň baýlygy, jomartlygy mese-mälim belli bolar durar. Eçilýän nygmatlarynyň yzy kesilmez. Kuranda bu babatda şeýle diýilýär: ”*Şübhesiz, bu*

*biziň ryzkymyzdyr, özi-de tükeniksizdir.*" ("Sad", 38/54). Başga bir aýatda bolsa Allatagala (jelle jelaluhu): "*Yzy üzülmeýän, egsilmeýän we gadagan edilmedik (ir-iýmişler)*" ("Wakyýa", 56/33) diýmek bilen, Jennetdäki nygmatlaryň bollugyny we oňa ýetmegiň aňsatlygyny nygtaýar. Hawa, bu aýdylanlardan mälim bolşuna görä, Jennet nygmatlary ölmez-ýitmezdir, tükeniksizdir, egsilmezekdir. Ol nygmatlar Jennet ähline yzygiderli berler durar.

Mülküň, baýlygyň bol bolmagy Jennete mahsus aýratynlykdyr. Älemleriň Serweriniň (s.a.w): "*Jennetiň iň pes derejelisiniň Jennetdäki öz mülküne tomaşa etmegi (seretmegi, ony gezip görmegi) iki müň ýyla çeker we ol bu mülküň iň uzak bölegini iň ýakynyndaky ýaly görer...*" diýmegi hem şondan habar berýär.

Beýik Ýaradan öz nygmatlaryny yzly-yzyna sanaýan aýatlarynyň birinde şeýle diýýär*: "Emma Allany ýatlap erbet işlerden gaça duranlar üstünlige we bagta ýeter. Olara bag-bakjalar, üzüm baglary, pyrtykal göwüsli juwan ýaşdaş gyzlar, püre-pür doldurylan badalar bar. Ol ýerde boş we ýalan söz eşitmezler. Ine, bu hem olara öz Rabbynden sowgat bolup, artygy bilen ýeter.*" ("Nebe", 78/31-36)

Aýatdaky "mefaz" sözüniň bir manysy "üstünlik", bir manysy bolsa "halas bolmakdyr." Ýagny "Jähennem ähliniň şol wagtky ýagdaýlaryndan (we ýerlerinden) halas bolmagy we garaşýan zadyna ýetmegi" diýmekdir. "Göwüsleri gabaran ýaşajyk gyzlar" aýatynda, göýä ýaňy kämillige ýeten ýaşajyk gyzlar ýaly, biri-biri bilen ýaşdaş Jennet gyzlaryndan gürrüň edilýär. Püre-pür doldurylan badalar hakynda bolsa, Ikrime bilen Zeýd bin Eslem (radyýallahu anhum) "sap we goşundysyz" diýip düşündiriş berýär. Ýagny bu dünýädäki

ýaly, içen wagtyň serhoş edýän şerap däl-de, tersine, lezzet berýän, ap-arassa Jennet şerbetidir.

Jennetde ”boş gürrüň, ýalan söz eşitmezler” buýrugyndaky ”boş” sözi ”esassyz” diýmegi aňladýar. Bu bolsa manysyz, gury sözler diýmekdir. Çünki Jennet ähli, bu dünýädäkileriň tersine, içgi içende serhoş bolmaýarlar we olar boş (esassyz) söz sözlemeýärler.

”Ýalan söz” diýlip, jennetlikleriň biri-birini aldamaýandygy we ýalan söz eşitmeýändigi aýdyljak bolunýar. El-Kisai muny şeddesiz[9] (kizaben) görnüşinde işlik edip okapdyr. Ýagny olar Jennetde biri-birine ýalan sözlemezler diýiljek bolunýar. ”Öz Rabbynden amallaryna laýyk sowgat hökmünde” diýlen aýatda bolsa, öňki berlen sowgatlar ýaly, bular hem edilen amallaryň gözelligine laýyk, jennetileri kanagatlandyrjak, olary şat etjek derejede berlen peşgeşlerdir diýilýär. Ibn Abbas (r.a) bolsa, muny ”nun” bilen – ”hisanen”, ýagny ”oňat ýagdaýda” diýip okapdyr.

Jennet hakda gürrüň eden ýerimizde-de gysgaça deginip geçen bu nygmatlarymyzy sanap aňyrsyna çykyp bolmasa gerek. Alla öz bendelerine rahmetiniň nyşany hökmünde, şol nygmatlaryň nähilidiginden habar bermek üçin Kuranda we sünnetde bize mälim edýär. Biziň ol ýer hakdaky arzuwymyzy joşduryp, islegimizi artdyrmak isleýär. Meselem: Kuranda jennetileriň geýjek eşikleri hakynda şeýle maglumatlar bar: ”*Jennet ähliniň eşikleri ýaşyl ýüpekden ýuka we galyň edilip taýýarlanandyr. Galyberse-de, ýüpek eşiklerden başga, ýalpyldawuk atlazdan hem eşikler berler.*”

---

9 Şedde: Arap we pars dilinde iki gezek okalmaly harpyň üstüne goýulýan bellik: jerr, bürran... ýaly.

Hadyslarda bolsa Jennet ähliniň eşikleriniň ýüpekdendigi başgaçarak görnüşde beýan edilýär: ”*Kim dünýäde ýüpek eşik geýse, ony ahyretde geýmekden mahrum bolýar*”, ”*... Ýüpek we tafta*[10] *dünýäde olaryňky, ahyretde bolsa siziňkidir.*” Mundan başga-da, bu eşikleriň solmaýandygy, tüýdülmeýändigi, könelmeýändigi şu hadyslarda aýylýar: ”*Jennete giren kişi nygmata ýeter, gam-gussa batmaz, onuň eşikleri könelmez...*” Beýleki tarapdan, Jennetde hüýrleriň geýýän eşikleri bilen baglanyşykly hem şeýleräk maglumat bar: hüýrleriň ýetmiş gat hem-de ýetmiş görnüşli geýinse-de, endamynyň görnüp durjakdygy, sebäbi ol eşikleriň diýseň ýuka boljakdygy aýdylýar: ”(Hüýrleriň) iligi ýetmiş gat eşigiň aňyrsyndan görner durar.”

Jennetdäki eşikleriň Jennet agaçlaryndan, aýratynam, Tuba agajyndan öndürilýändigi aýdylýar. Bir kişi:

– Eý, Allanyň Resuly, Tuba näme? – diýip soraýar. Resululla:

– Jennetiň bir agajydyr, onuň ýüz ýyllyk taryhy ýoly bar. Jennet ähliniň eşikleri şonuň pyntyklaryndan alynýandyr – diýýär. Başga bir hadysda bolsa, bir çarwa arabyň ”Jennet ähliniň eşiklerinden habar ber, olar ýaradylýarmy ýa-da tikilýärmi?” diýen soragyna Resululla (s.a.w) şeýle jogap berýär: ”*... Ýok, Jennetdäki ir-iýmişler ýarylyp, olaryň içinden Jennet eşikleri çykar, ýagny eşikler olaryň pyntyklaryndan çykar.*”

Jennet ähliniň eşikleri diýlip, ýene-de iki zat: elýaglyk we ýaglyk agzalýar. Bir hadysda şeýle diýilýär: ”*Jennetde bir aýalyň nasyfy dünýäden we ýene-de şonçarak zatdan haýyrlydyr.*” ”*Eý, Resululla, nasyf näme?*” ”*Ýaglykdyr.*”

---

[10] Tafta: ýokary hilli syk, ýuka ýüpek mata.

Ukeýdir bin Dumet Serwerimize (s.a.w) inçe süýmli ýüpekden tikilen jüpbe sowgat berýär. Adamlar onuň owadanlygyny görüp, haýran galýarlar. Şonda Resululla Serwerimiz (s.a.w) şeýle diýýär: ”Sadyň (Ibn Muaz) Jennetdäki elýaglyklary mundanam has owadandyr.”

Aýatlar seljerilende, jennetlikleriň eşikleriniň, umuman, ýüpekdendigi, bularyň galyň we ýuka ýüpekden/atlazdan tikilendigi orta çykýar. Olaryň reňkiniň, esasan, ýaşyldygy mälim bolýar. Hadyslarda bolsa, Jennet eşikleriniň könelmeýändigi, Jennet agaçlarynyň pyntyklaryndan çykýandygy aýdylýar. Ýagny, hadyslarda aýatlardaky eşikleriň käbir aýratynlyklary berlip, şol aýatlara düşündiriş berilýär diýmek mümkin. Mundan başga-da, käbir goşmaça maglumatlar hem bar. Jennet eşigi hökmünde elýaglyk we ýaglygyň agzalmagy muňa mysaldyr.

Serwerimiz (s.a.w): ”*... Ol ýerde kaşaň binalar, giň derýalar, bol we bişen miweler, owadan we dilber zenanlar, ebedi ençeme reňkli owadan eşikler bar. Ol ýer belent, owadan hem asuda bolup, sapaly durmuş sürülýän ýerdir...*” diýýär. Bu eşikleri geýen özüni arkaýyn duýar, sebäbi ol eşikler giň hem rahatdyr. Ony geýen özünde hiç hili ýetmezçilik ýa-da zerurlyk duýmaz. Bu ýagdaý hadysda şeýle beýan edilýär: ”*... Olaryň içinde nämedir bir zady kem bolan hiç kim ýokdur, onsoň kim garşysyndaky kişiniň üstündäki eşikleri görüp biynjalyk bolsun?! Sözüni soňlap-soňlamanka, onuň üstünde has owadan eşik peýda bolar...*”

Jennet eşikleriniň dürli-dürlüdigi ikuçsyzdyr. Sebäbi Serwerimiz (s.a.w) aýry-aýry wagtlarda, aýry-aýry rowaýatlarda eşikleriň tikilişini dürli görnüşde gürrüň berýär. Meselem, öňem bellenip geçilişi ýaly, Tuba agajynyň tohumyndan edilen eşikleriň bolşy ýaly, Serwerimiz (s.a.w)

hurma agajynyň ýapragyndanam eşik tikiljekdigini habar berýär. Rowaýatda aýdylmagyna görä, Jennetdäki hurma agaçlarynyň şahalary zümrütdir. Onuň pudaklary altyndyr, ýapraklary Jennet ähliniň geýjek eşikleridir. Onuň bir bölegi gysga (içki) eşikler, bir bölegi-de içlikli eşiklerdr.

Jennet ähli ajaýyplyklaryň dürli görnüşine eýe bolar. Meselem: olara beriljek şaý-sepler, zynatlar Kuranda şeýle beýan edilýär: *”... Olar ol ýerde altyn bilezikler bilen bezenerler...”* (”Kehf”, 18/31), *”... Olar şol ýerde altyn bilzeikler we hünjüler bilen bezenerler...”* (”Haj”, 22/23) we *”... Olar kümüş bilezikler dakynarlar...”* (”Ynsan”, 76/21).

Kuranyň aýatlaryna seretseň, Jennetileriň dakynjak şaý-sepleriniň altyn we kümüşden bilezikler hem-de dürlerdigi orta çykýar. Şaý-sepler we bezegler bilen baglanyşykly bir hadysda bolsa, olaryň ajaýyplygyny beýan edýän mazmuna duşýarys. *”Jennet ählinden biri boýnuny süýndirip, seretmekçi bolsa we onuň bilezigi görünse, şol bilezik, Günüň ýyldyzlaryň yşygyny söndürişi ýaly, Güni söndürerdi”. ”(Jennet zenanlarynyň) başynda täç bardyr. Şol täçlerdäki iň ähmiýetsiz dür hem gündogar bilen günbataryň aralygyny ýagtyldar.”* Müsnedde bu hadysyň azajyk tapawutly görnüşi bar: *”Aýalyň başynda täçler bardyr. Şol täçlerdäki iň pes dür gündogar bilen günbatar aralygyny ýagtyldar.”*

Kuranyň ”Rahman” süresinde, Jennet hakynda düýpli maglumatlar bar. Haktagala gorkup, ini tikenekläp, Perwerdigäriniň huzuryna baran, özüni hasaba çekip hem-de hasap bermegiň aladasyny edip, iki bükülen kişi üçin iki Jennetiň bina ediljekdigini, bu iki Jennetde iki çeşmäniň akjakdygyny habar berýär. Bu çeşmeleriň biriniň ady ”Tesnim”, beýlekisiniň ady bolsa ”Selsebildir”. Ol ýerde ir-iýmişleriň her görnüşinden bardyr. Hem-de goşa-goşadan,

düzümi bol suwlusy-gatysy, dünýädäkä meňzeýäni-meňzemeýäni... Ol ýerdäkiler galyň atlasdan edilen düşeklerde ýatarlar. Jennetiň ir-iýmişlerini almak üçin hiç hili kynçylyk çekmezler. Hemmesi elleriniň aşagyndadyr. Ýatan ýerlerinden ellerini uzadyp, şol ir-iýmişlerden iýer oturarlar. Hem olar üçin namysly, gözleri adamsyndan başgasyny görmeýän, jeren bakyşly, seredenden ýüregiňi eredýän owadan zenanlar bardyr. Olar diňe öz adamsy üçin ýaradylyp, öň olara ne ynsan, ne-de jyn, hiç kim el degren däldir. Şol aýallar şeýle bir gözüňi gamaşdyrýan owaganlyga eýe bolup, olaryň ýalkymy ýakut bilen merjen ýalydyr. Bularyň hemmesi ömrüni ýagşylyk halkasynda geçirenler üçindir. Ýagşylygyň gaýtargysy ýagşy hem-de ajaýyp zatlardyr. Diňe bular bilen hem çäklenmez. Olara edil şu iki Jennet ýaly ýene iki sany Jennet berler. Bular hem ýap-ýaşyl bolup, adama rahatlyk berýän nepis görnüşlere baýdyr. Bu Jennetlerde-de şarlap akýan iki sany çeşme bardyr. Bularda-da dürli-dürli ir-iýmişler bardyr, hurmalar bardyr, narlar bardyr... Olarda-da oňat ahlakly, owadan hüýrler bardyr. Bu jenanlar otagda adamsyna garaşyp oturarlar. Bular şeýle bir owadandyr. Bulara-da ne bir ynsan eli, ne-de jyn el degendir. Bu aýallaryň ýanýoldaşlary bolsa, ýap-ýaşyl ýassyklarda we düşeklerde ýatarlar.

Bu aýatlardaky käbir zatlar hakynda tefsirjileriň garaýşyna seredip geçsek gowy bolar. Tefsirjileriň käbirine görä, öňdäki iki Jennet beýleki ikisine garanyňda has ajaýyp bolmaly. Sebäbi ilkinji iki Jennetde agaçlar, miweli agaçlar we ir-iýmişler bar diýilse, soňky iki Jennet diňe al-ýaşyl diýlip suratlandyrylmak bilen çäklenýär. Birinjisinde derýalar akýan bolsa, ikinjisinde şildiräp akýar. Bera ibn Azib adaty akýan suwuň şildiräp akýan suwa garanyňda has

çaslyrakdygyny aýdýar. Ýokarda iki sany ir-iýmişiň – hurma bilen naryň ady aýratyn agzalýar. Elbetde, ol ikisiniň ýörite agzalmagynyň birnäçe hikmeti bardyr. Olar hem iýmit, hem melhem bolmak babatda beýleki ir-iýmişlerden tapawutlydyr. Galyberse-de, bular hem güýz, hem-de gyş pasyllarynda-da tapdyrýar. Olar şu taraplary bilen beýleki ir-iýmişlerden üstün hasaplanylýar. Beýleki tarapdan, oňat ahlakly hem hoşsurat aýallardan gürrüň edilýär. Ýagny bu Jennetleriň ikisinde-de hem daşky, hem-de içki gözellige beslenen jenanlar bardyr. Olar päk ahlakly hem-de owadandyrlar. ”El-Haýratü” sözi ”haýýiretün” sözüniň köplügidir, bu hem ”häsiýeti gowy we ýüzi owadan ýagşy zenan” diýmegi aňladýar. Bu garaýyş köpçülige degişli bolup, munuň delili Hasan el-Basrynyň Ümmü Selemeden rowaýat eden şu hadysydyr: Resululla ýüzlenip: ”Eý, Resululla, ”Haýratün hisanün” aýatynda näme aýdyljak bolýar, şony aýdaýsaňyz?” diýdim. Ol (s.a.w.) hem: ”*Ahlagy oňat, ýüzleri owadan bolan zenanlardyr*” *diýdi. Başga bir hadysda hüýrler* ”*Oňat ahlakly, owadan ýüzli dilberlerdiris biz. Jomart ýoldaşlar üçin ýaradyldyk biz diýip, aýdym aýdarlar*” diýlip rowaýat edilipdir.

Katadanyň pikiriçe, ”Haýratün hisanün” diýilmek bilen, Jennetde ençeme oňat we haýyrly zatlaryň bardygy aýdyjak bolnandyr.

”*Otaglaryň içinde ýanýoldaşlaryna öňden taýýarlanyp goýlan hüýrler bardyr.*” Ýokarda agzalan iki Jennetdäki zenanlar ”diňe ýanýoldaşyna seredýän zenanlar” diýlip suratlandyrylypdy. Elbetde, olar bu ýerde ”otaglaryň içinde ýanýoldaşlaryna öňden taýýarlanyp goýlanlardan” dereje taýdan has ýokarda durýar. Çünki olar bigäne gözlerden gizlenmek bilen bir hatarda, gözlerini adamsyndan

aýyrmaýarlar. Her kim, esasan, öýünden çykmaýan zenany özüne ýar saýlaýar. Sebäbi olar öz namysyny has aňsat goramagy başarýarlar. *”Allanyň şu we şuňa meňzeş nygmatlaryny nädip inkär edip bilersiňiz?”*

*”Ýaşyl ýassyklarda we diýseň owadan düşeklerde ýatarlar.”* Ýagny Jennet ähli Jennetde nagyşly, nepis dokalan, özüne çekiji halylaryň üstünde ýassyga ýassanyp ýatarlar. Öňräkde ady agzalan şol iki Jennetiň närselerini Allatagala (jelle jelaluhu) bu ýerdäkiden has ýokary aýratynlyklar bilen beýan edýär. Ol ýerde şeýle diýýär: *”Içlikleri atlazdan bolan düşekçelerde ýatarlar”* we o taýda, sanalan aýratynlyklary *”ýagşylygyň (yhsanyň) sowgady ýagşylykdan başga zatmydyr?”* diýen sözi bilen soňlap, şol Jennetlere girenleri ”yhsan” sözi bilen ýatlapdy. Yhsan (Allany görýän ýaly ybadat etmek) bolsa ybadat mertebeleriniň iň beýigidir.

Haktagala jennetlikleriň belent köşklerde ýaşajakdygyny, bu köşkleriň aşagyndan derýalaryň akyp geçýändigni, olaryň şol ýerde ebedi galjakdygyny habar berýär. Galyberse-de, olaryň şol ýerlerde hiç bir päsgelçilige duçar bolman, asudalykda we parahatçylykda ýaşajakdyklary aýdylýar. Ine, şu ýerde bir zat aýratyn bellärliklidir. Kuran ynsanlaryň ajaýyp mekanlara, erkanalyk we bol-elinlige bolan höwesini artdyrmak bilen, şol ýere gitjekleriň iň esasy aýratynlyklarynyň iman getirip, salyh amal işlemekdigini mälim edýär.

Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) bir hadysynda bolsa, Jennet köşkleri şeýle suratlandyrylýar: *”Gurfeler (Jennet köşkleri) ýakutdan, merjenden we dürdendir. Olarda hiç bir kemçilik ýokdur. Jennet ähli bulara siziň gündogar we günbatardaky ýyldyzlara seredişiňiz ýaly seredérler…”*

Jennetde nygmatlaryň her biri nepis, owadan ýaradylandyr. Pygamber Serwerimiz (s.a.w) özüniň başga bir hadysynda Jennet köşkleri bilen baglanyşykly şeýle diýýär: ”*Jennetde bir köşk bardyr. Onuň töweregi derwezeler (diwar, diň), otluk meýdanlar, suwly ýerler bilen gurşalandyr. Ol köşgüň bäş müň sany gapysy bardyr...*”

Gürrüňi edilýän köşkleriň görküne görk goşýan aýratynlyklaryň biri hem olaryň diýseň owadan ýerde ýerleşmegidir. Meselem, ýokardaky hadysda-da beýan edilişi ýaly, käbir köşkleriň bag-bossanlyga bürenenligi we suwuň kenarynda ýerleşenligi diýseň ajaýyp görnüşi emele getirýär. Ol köşkleriň kölüň kenarynda, deryanyň boýunda, şarlap akýan şarlawugyň gabadynda we başga-da şuňa meňzeş ajýyp mekanlarda gurlan bolup biler.

Galyberse-de, hadyslarda Jennet köşkleri bilen baglanyşykly şeýleräk aýratynlyk hem bardyr: ”*Jennetde şeýle köşkler bardyr: onuň içindäki daşynda durany, daşynda duran bolsa içindäki görer.*” Jennetde köşkler bardyr. Olaryň içinden daşy, daşyndan içi görner.

Ýokardaky hadyslardan mälim bolşuna görä, Jennetdäki köşkleriň käbiri jennetlikleriň hem içerini, hem-de daşaryny synlamagyna mümkinçilik döredýän aýna ýa-da şoňa meňzeş başga bir aňyrsy görnüp duran närseden ýaradylan bolmagy mümkin. Zeminiň, diwarlaryň we üçegiň (potologyň) şeýle ýuka bolmagy bolsa, içindäkileriň şähdiniň açyk bolmagy we lezzet almagy üçin diýseň amatly ýagdaýdyr. Jennetde adamyň içinde ýekeje erbetligiň hem bolmaýandygy üçin, köşkleriň aňyrsynyň-bärsiniň görnüp durmagynda hiç hili kynçylyk ýüze çykmaz.

Ýene-de käbir rowaýatlarda, Jennetde (mümin kişi üçin) içi boşadylan ýeke-täk dürden çadyrlaryň boljakdygy, şol

çadyrlaryň ininiň altmyş mil (takmynan 100 km) uzynlykda bolup, olaryň her çüňkünde (mümin kişä degişli) birnäçe maşgalanyň boljakdygy, olaryň beýlekileri (ýagny biri-birlerini) görmejekdigi, emma şol çadyryň eýesi bolan mümin kişiniň ähli çüňkleri bir-birden aýlanyp çykjakdygy habar berilýär. Başga bir rowaýatda-da Jennet ähliniň iň pes derejelisiniň segsen müň hyzmatçysynyň boljakdygy, onuň üçin dürden, berilden (jeberjet) we ýakutdan çadyr salynjakdygy hem-de şol çadyrlaryň Jabiýe bilen Sananyň aralygy ýaly uzynlykda boljakdygy habar berilýär.

Jennetde has ajaýyp, bezegli we kaşaň köşkler hem bardyr. Serwerimiz (s.a.w) hadyslarynyň birinde şu maglumatlary berýär: "*Jennetiň içinde dürden bir köşk bardyr. Şol köşküň içinde ýakutdan ýetmiş düşelge ýeri bardyr. Her düşelge ýeriniň içinde berilden ýetmiş jaý bardyr. Her jaýyň içinde ýetmiş tagt, her tagtyň üstünde-de dürli reňkli ýetmiş ýatalga bardyr. Her jaýyň içinde ýetmiş saçak, her saçagyň üstünde-de ýetmiş dürli nahar bardyr. Şeýle hem, her jaýyň içinde ýetmiş sany hyzmatkär bardyr*". Başga bir hadysda bolsa: "*Şübhesiz, Jennet köşkleriniň her birinin içinde ýetmiş menzil (ýer, dünýä, jaý) bardyr. Her menziliň ýetmiş gapysy bolup, her gapydan adaty ysdan başga, Jennete mahsus ys hem girer*" diýlip aýdylýar. Diýmek, köşkler hem-ä gaty giň, hem-de hyzmatkärler bilen doldurylan halatda. Edil, ýöne soltanlygy ýada salyp duran. Şu synag dünýäsinde kynçylyklara döz gelip, üstünlik gazananlaryň ahyretdäki peşgeşleri gör, nähili ajaýyp?!

Ynsanlar bu dünýäde hem-ä zerur zatlaryny almak üçin, hem-de dost-ýarlary bilen duşuşyp, kelam-agyz söhbet etmek üçin bazara gidýär. Allanyň Resuly (s.a.w) hem öz sahabalaryny görmek üçin käwagt bazara gidýän eken.

Sahabalaryň köpüsi-de namaz aralarynda bazara baryp, hem-ä bazarlapdyrlar, hem-de dostlary bilen hal-ahwal soraşypdyrlar. (Elbetde, häzirki döwürdäki bazarlar üçin muny aýtmak kyn.) Ine, şu ýokardaky sebäpden ötri, Haktyagala Jennetde bazarlar ýaradypdyr. Jennet ähline bolsa gidesi gelende ol ýere gidip, islän zadyny atyçmajy bilen almak mümkinçiligi beripdir. Serwerimiz (s.a.w) hadyslarynyň birinde: ”*Şübhesiz, Jennetde bir bazar bolup, perişdeler ol ýeri zyýarat ederler. Ol ýerde gözüň görmedik, gulagyň eşitmedik we hyýalyňa gelmedik nygmatlar bardyr. Näme islesek, şolam bize derrew getiriler. Emma ol ýerde satlyk we satyn alynýan hiç zat ýokdur. Ol bazarda jennetlikleriň käbiri beýlekisi bilen garşylaşar. Ýokary menzildäki we belent mertebeli kişi mertebe taýyndan özünden pes derejeli kişi bilen garşylaşar. Olaryň hiç biriinde ýekeje kemçilik hem bolmany üçin, garşysyndaky kişiniň geýen owadan eşiklerini görüp kemsinmez. Sözüni gutaryp-gutarmanka, egnine has owadan eşigiň geýdirilendigini görer. Şu anykdyr: Jennetde hiç kim gynanmaz, gaýgylanmaz*” diýýär. Başga bir hadysynda-da: ”*Şübhesiz, Jennetde bir bazar bardyr. Emma ol ýerde hiç zat satylmaýar, hiç zadam satyn alynmaýar. Diňe erkek we aýallaryň keşp we şekilleri bardyr. Şol sebäpli, Jennet ähli ol ýerde nähili keşbe giresi gelse, şoňa öwrüler*” diýýär. Jennetdäki bazarlarda her dürli owadanlykda aýal-erkek keşpleriniň bardygy, kim haýsyny islese şol keşbe öwrüljekdigi, eşik çalyşýan ýaly, özüniň käbir zatlaryny üýtgedip biljekdigi we mundan keýp aljakdygy käbir rowaýatlarda aýdylyp geçilýär. Serwerimiz (s.a.w) bir hadysynda Jennet ähliniň biri-birleri bilen bazarlarda duşuşyp, gürrüň etjekdigini habar berýär: ”*Şübhesiz, Jennetde şeýle bazarlar bolup, ol ýerde söwda*

*edilmez. Ýöne Jennet mähellesi ol ýere baranda täze, ýalpyldawuk dür we müşk topragyň üstünde ýaplanyp oturarlar. Dünýäde bolşy ýaly, o Jennetlerde-de birek-birek bilen tanyşlyk açarlar. Dünýädäki ýagdaýlary, Rabbyna eden ybadatlary, gijelerini nädip geçirendikleri, gündizlerine nädip agyz bekländikleri, dünýäniň baý we garyplygynyň nähilidigi, nädip ölendikleri we nädip Jennete girendikleri hakynda gürrüň ederler.*"

Jennetde bu owadan jaýlardan, köşklerden we bazarlardan ybarat şäherler hem bardyr. Jennetde "Reýýan" diýilýän bir derýa bardyr. Onuň üstünde merjenden şäher gurlandyr. Onuň altyn we kümüşden ýetmiş müň gapysy bardyr. Bu şäher hafyzlara degişlidir. Jennetde altyndan diregiň üstüne zeberjetden salnan öýlerden ybarat şäherleriň bardygy we bularyň ýyldyzlar ýaly ýalpyldaýandygy habar berilýär. Belent ýerde oturmak ynsana hem-ä ruhy rahatlyk berýär, hem-de güýmenje bolýar. Jennet ähli-de belentde gurlan öýlerde ýaşarlar, Jennetiň ajaýyp görnüşine belentden syn ederler. Aýatda-da beýik öýlerden gürrüň edilýär. Diýmek, şolar bu hadysdaky şäherleri emele getirýän öýler bolmaly. Şäher diýlende bu dünýäde göz öňüne gelýän şähere degişli meseleler asla Jennetde ýok. Düzgün-tertip, arassaçylyk we ýakymly ys – bularyň bolan şäherinde asla dyknyşyklyga, basa-baslyga orun ýokdur. Her kim özüni rahat duýup, asuda şäher durmuşynda ýaşar.

Jennet – soňsuz nygmatlaryň ynsana bagyş ediljek mekanydyr. Nygmat diýlende ilki bilen göz öňüne gelýän zat azyk-owkat bolýar. Beýik Rabbym älemi ýaradyp, onuň merkezine durmuşy ýerleşdiripdir. Durmuşyň ortarasyna-da ynsany goýupdyr. Ynsan – älemiň özeni, miwesi we kiçijik nusgasydyr. Ynsanyň ýaşaýşa ukyplylygynyň merkezinde

bolsa rysgaly ýerleşdiripdir. Ýagny ynsanyň ýaşaýşa dowam etmegi üçin rysgal esasy şert bolup duyrýar. Lezzetli iýmitler, miweler we ş.m. ynsany özüne çekiji nygmatlaryň hataryna girýär. Çünki ynsan gurluşy boýunça rysgala mätäçdir, hatda işdämendir. Gytlyk, aýratynam, azyk gytlygy ynsanyň sabyryny ölçeýän iň möhüm synaglaryň biridir. Rowaýatda aýdylyşyna görä, Haktagala nebse: ”Men kim, sen kim?” diýýär. Nebis: ”Men mendirin, Sen hem Sensiň!” diýip jogap berýär. Allatagala oňa azap çekdirýär, ony Jähenneme salýar. Jähennemden çykaryp, şol soragy gaýtadan soraýar. Nebis ýene: ”Ene ene, ente ente” (Men mendirin, Sen hem Sensiň!) diýip jogap berýär. Allatagala oňa her dürli azap çekdirýär, nebis şonda-da: ”men-menligini” el çekmeýär. Iň soňunda Allatagala nebsi aç goýýar. Soňra ýene soraýar: ”Men ene we mä ente – Men kim we sen näme?” Nebis dyza çöküp ýalbarýar: ”Sen meniň Rabby-Rahymym, men bolsa Seniň ejiz bir bendäň.”

Ynsan ömürboýy rysgalyny kowalaýar, zähmet çekýär. Belki-de, şonuň ugrunda ýaşlygyndan, rahatlygyndan we ömründen geçýär. Ine, Beýik Möwla ömrüni Allanyň razylygyny gazanyp, halal rysgal bilen geçiren imanly we erjel salyh bendelerine Jennetde azyk babatda oý-pikire gelmedik lezzetlleri, ajaýyp we ýakymly ysda her dürli nygmatlary hödür eder. Jennetde ynsanlaryň bu dünýäde halap, höwes eden nygmatlaryna-da orun berler. Meselem: hasylynyň bollugyndan ýaňa şahalary eglen çereşnýa agaçlary, miweleriniň agramyndan ýaňa sallanyp duran banan agaçlary, deňsiz-taýsyz owadanlyk we tagamdaky hurma we nar ýaly ençeme nygmatlar bagyş ediler.

Ynsanlar bu rysgallary görende, bular edil dünýäde iýenlerimiz ýaly diýerler. Ýöne jennetdäki iýmitler

dünýädäkilere doly meňzeýän däldir. Jennetdäkiler has lezzetli we hoşboý ysly bolar. Miweli agaçlaryň kölegesi jennetileriň depesine düşer, olar oturan ýerinden, hiç hili azara galman ir-iýmişlerden isledigiçe ýygnap iýerler.

Serwerimiz (s.a.w) bir hadysynda şeýle diýýär: ”*Sidretül-münteha agajynyň miwesiniň her biri ýarylyp, onuň içinden ýetmiş iki hili reňkli we görnüşli nahar çykar. Ol naharlaryň reňki we görnüşi biri-birinden tapawutlydyr.*” Başga bir rowaýatda Älemleriň Buýsanjy (s.a.w*): ”Jennet ähliniň iň pes derejedäkisiniň başujunda 10 000 hyzmatkär bolup, her hyzmatkäriň elinde dürli reňkli altyn we kümüşden iki tabak bolar. Şol tabaklaryň içinde-de aýry-aýry ir-iýmişler bardyr. Iň soňky iýenini hem başdaky işdäsi bilen iýer*” diýýär.

Başga bir rowaýatda Pygamberimiz (s.a.w) bilen bir çarwa arabyň arasynda bolup geçen gürrüňdeşlikden söz açylýar: ”Çarwa arap: ”Eý, Allanyň Resuly, Jennetiň içinde ir-iýmiş barmy?” diýip soraýar. Resululla (s.a.w): ”*Hawa, Tuba diýilýän bir agaç bardyr*” diýýär. Ol kişi: ”Eý, Resululla, meniň mellegimdäki agaçlaryň haýsysy şoňa meňzeýär?” diýip soraýar. Resululla (s.a.w): ”*Seniň mellegiňdäki agaçlaryň hiç biri oňa meňzeýän däldir. Ýöne sen Şama gidip gördüňmi? O taýda hoz diýilýän bir agaç bar. Ol agajyň mähnet göwresi bolup, çar tarapa gol ýaýradýar. Ana, şol agaç Tuba agajyna meňzeşdir*” diýip jogap berýär. Çarwa: ”Eý, Resululla, şol agajyň göwresiniň galyňlygy näçeräkkä?” diýip soraýar. Allanyň Resuly (s.a.w): ”*Seniň düýeleriň arasyndan bäş ýaşyna giren düýäň ýola düşse, onuň daşyndan aýlanyp soňuna çykyp bilmez. Ahyrynda garrap, boýny ýazar*” diýýär. Çarwa arap: ”Jennetde üzüm barmy?” diýip soraýar. Resululla (s.a.w): ”*Hawa, bar*” diýýär. Çarwa: ”Şol üzümiň salkymynyň ululygy näçeräk bardyr?” diýýär. Resuly-Ekrem

(s.a.w): ”*Alahekigiň durman bir aýlyk uçup geçjek ýolunyň uzaklygyça bardyr*” diýýär. Ol adam: ”Şol üzümiň ýekeje biriniň ululygy nähiliräkkä?” diýip soraýar. Allanyň Resuly (s.a.w): ”*Ullakan bedre ýalydyr*” diýip jogap berýär. Çarwa arap: ”Eý, Allanyň Resuly, şol üzümiň ýekeje biri meni we meniň maşgalamy doýursa gerek” diýýär. Resululla (s.a.w): ”*Hawa, seni, seniň maşgalaňy we dogan-garyndaşyň hem aglaba bölegini doýrar. Jennetdäki hurmalar agajyň düýbünde, şahalaryna tarap tertipli edilip üýşürilip goýlandyr. Onuň miwesi ullakan küýze ýalydyr. Haçan-da bir miwesi ýolunsa, ornuna başgasy geler. Jennetiň suwy çukur bolmadyk ýerlerden akar. Jennet üzüminiň her salkymy on iki arçyndyr*[11]*”diýýär.*

Hadyslaryň birinde hurma bilen baglanyşykly şeýle diýilýär: ”Biri: ”Eý, Resululla, Jennetiň içinde hurma barmy? Sebäbi men hurmany gowy görýärin” diýip soraýar. Resululla (s.a.w): ”*Hawa, bar. Jennet hurmalarynyň şahalary, pudaklary altyndandyr. Pudaklarynyň ujy hem altyndandyr. Her biriniň ýapragy görülýän eşikleriň iň owadanyna meňzeşdir. Altyndan hurma salkymlary bardyr. Hurma salkymlarynyň çöpjagazy hem altyndandyr. Altyndan hurma dänesiniň düýbünde ýelmeşegen teňňe ýaly zatlar bardyr. Ullakan küýze ýaly ir-iýmişler bolup, olar köpürjikden ýumşak, baldan süýjüdirler.*”

Başga bir hadysda bolsa, hurma şeýle beýan edilýär: ”*Jennetdäki hurma agajynyň şahalary altyndyr. Baldagy zümrütdir. Ýapragy hem ýüpek ýalydyr. Miwesi diň ýaly iri bolup, gaýmakdan ýumşakdyr we çigidi ýokdur.*”

Başga bir hadysda Jennetdäki hurmalaryň iriligine üns çekilýär: ”*Jennetde hurma agaçlarynyň şahalary zümrütdir. Baldaklary altyndyr. Ýapraklary Jennet ähli üçin egin-eşik*

---

11 Arçyn: 0,71 metre barabar gadymy ölçeg birligi

*bolup hyzmat edýändir. Onuň bir bölegi gysga (içki) eşikler, bir bölegi-de içlikli daşky eşikler üçindir. Jennet hurmasynyň miwesi uly küýzeler we bedreler ýalydyr. Süýtden has ak, baldan süýji, köpürjikden ýumşakdyr. Içinde-de çigit ýokdur.*"

Käbir rowaýatlarda Älemleriň Serweriniň (s.a.w) injiri öwüp, onuň Jennetden inderilendigini beýan edendigi, bu dünýäde halanýan bananyň ahyretde-de hödür ediljekdigi, Jennet nygmatlarynyň arasynda garpyzyň hem bardygy aýdylýar.

Aýat we hadyslarda ir-iýmişden başga ady agzalýan nygmatlaryň biri-de etdir. Allatagala özüniň aýatlarynyň birinde: "*Olara, (dünýäde) eden (haýyrly) işleriniň sylagy hökmünde, öz göwün islän miweleri, işdäleriniň çeken guşlarynyň etleri, gizlin dürler (sadaplar) ýaly iri gözli hüýrler bardyr*" ("Tur", 52/20-24) diýip, etiň Jennet nygmatlarynyň biridigini habar berýär.

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) hem bir hadysda et hakynda şeýle diýýär: "*Jennet mähellesiniň çörek-gatygynyň iň oňady, iň datlysy etdir.*"

Kurany-Kerimde we hadysy-şeriflerde aýratyn üns çekilýän et görnüşi bolsa guş etidir. Kuranda "iýesi gelýän guş eti" aýaty bilen habar berlen ("Wakia", 56/21) guş eti bir hadysda şeýle nygtalýar: "*Jennetde seniň guş iýesiň geler. Derrew gyzardylyp öňüňe getiriler.*" Kurany-Kerimde ady agzalýan et görnüşleriniň arasynda, aýratynam, "bedene eti" has lezzetli iýmitdir.

Jennet nygmatlarynyň aýat we hadyslarda nygtalýan başga bir aýratynlygy hem has bereketli bolýanlygydyr. Allatagala ahyret diýarynda rysgalyň bimöçberdigini we gutarmak barada gürrüňem bolup bilmejekdigini "Sad" süresindäki aýatlarda şeýle habar berýär: "*Ine, hasap güni*

*size wada berlen budur. Şübhesiz, bu Biziň rysgalymyzdyr, gutarjak gümany ýokdur.”*

Söýgüli Pygamberimiz (s.a.w) hem Jennetde şahasyndan ýolnan bir ir-iýmişiň ýeriniň boş durmajakdygyny, ornuna täzesiniň goýuljakdygyny habar berýär. Tutuşlygyna ajaýyp bagy-bossanlykdan ybarat bolan Jennetde jennetileriň özleri-de owadanlyga beslenerler. Hem-ä özleri owadanlaşarlar, hem-de has gözel hüýr we gylmanlara eýe bolarlar. Mysal üçin, Serwerimiz (s.a.w) bir hadysynda: *”Hüýrleriň hersiniň üstünde ýetmiş gat eşik bolup, ol eşikleriň biriniň reňki beýlekisinden tapawutlydyr. Şonuň ýaly-da, özüne başgasynda bolmadyk ýetmiş görnüş reňkli ys bardyr. Hüýrleriň her biri üçin dür bilen bezelen ýakutdan ýetmiş tagt, her tagtyň üstünde ýetmiş düşekçe, her düşekçäniň üstünde kürsi bardyr. Hüýrleriň her birine, özüne hyzmat etmek üçin, ýetmiş müň hyzmatkär gyz we ýetmiş müň hyzmatkär erkek berler. Her hyzmatkäriň ýanynda içi dürli görnüşli nahardan doly altyndan tabaklar bardyr, müminler her birinden öňki tabakda almadyk tagamyny, lezzetini alar.”*

Hadyslaryň aglabasynda bolsa, Jennet ähliniň, aýratynam, ýüz owadanlygyna üns çekilýär. Hatda bu owadanlygyň yzygiderli artýandygy habar berilýär: *”Jennet ähliniň bir bazary bardyr. Jennetiler her anna güni şol ýere ýygnanarlar. Birdenkä demirgazyk ýeli öwsüp, olaryň eşiklerini we ýüzüni sypalar. Şonuň täsiri bilen hüsn (owadanlygy) we jemallary (hoşsuratlylygy) artar. Şeýlelikde, olar maşgalalarynyň arasyna owadanlaşyp bararlar. Olaryň aýallary: ”Walla, bärden gidensoň siziň jemal we owadanlygyňyz artypdyr!” diýerler. Erkekler bolsa: ”Alladan ant içýän, sizem biz gidenimizden soň hasam owadanlaşypsyňyz” diýerler.”*

Jennet ähli aýallaryň nurana keşplerinden başga bir hadysda şeýle gürrüň edilýär: ”*Eger Jennet ählinden zenanlaryň biri ýer ähline görünsedi, dünýäni we içindäkileri nuruna gark ederdi, ikisiniň aralygyny bolsa hoşboý ys gaplap alardy.*”

Jennetdäki ynsan gözelliginiň beýan edilýän hadyslarynyň käbiri şeýledir:

”*Jennetdäki hüýrler ýakut we merjen ýalydyrlar. Kimdir biri olaryň ýüzüne garasa, özüni onuň ýaňagynda aýnada görenden has aýdyň görer. Olaryň dürleriniň iň pesi (iň kiçisi, iň ähmiýetsizi) gündogar bilen günbataryň aralygyna ýagty saçar.*”

”*Jennet ähliniň endamy tüýsüz, ýüzi sakgalsyz, gözleri sürmelidir, juwanlygy sowulmaz, eşikleri könelip, sandan galmaz.*”

”*Jennet ähli Jennete otuz ýa-da otuz üç ýaşynda sakgalsyz, tüýsüz we gözleri sürmeli ýagdaýda girerler.*”

”*Oňa giren nygmata miýesser bolar, ezýet çekmez, ebedilik gazanar, ölüme sataşmaz. Eşigi könelmez, juwanlygy sowulmaz.*”

Hadyslarda Jennet ähliniň gözleriniň aslynda sürmeli edilip ýaradylandygy aýdylýar. Sürme – göz reňkini we şekilini öňe çykarýan bezegdir. Dünýä şertlerinde emeli usul bilen öndürilmäge synanyşylýan, ýöne şonda-da kämilllige ýetmedik bu owadanlyk ahyretde müminlere tebigy halatda peşgeş berilýär.

Pygamber Serwerimiz (s.a.w) özüne Jennetdäki ynsan gözelligi bilen baglanyşykly sorag soran egindeşlerine şeýle jogaplary beripdir. Serwerimiziň (s.a.w) aýaly Ümmü Seleme enemiz şeýle gürrüň berýär:

*– Eý, Resululla! Allatagalanyň: ”Iri gözli hüýrlerdir” (”Wakia”, 56/22) sözüni maňa düşündiräýiň!” – diýdim. Ol:*

*– Olar akýagyz, iri gözli we gara guşuň ganatlary ýaly sürmelidir – diýdi.*

*– Eý, Resululla! Allanyň: ”Göýä, ol aýallar ýakut we merjen ýalydyr” (”Rahman”, 55/58) aýatyny hem düşündiräýseňiz! – diýdim.*

*– Olar el degmedik sadapdaky dür ýaly owadandyrlar – diýdi.*

*– Eý, Resululla! Allanyň: ”O Jennetlerde oňat ahlakly gözel zenanlar bardyr” (”Rahman”, 55/70) aýatyny düşündiräýiň! – diýdim.*

*– Olar oňat häsiýetli we gözel keşplidir – diýdi.*

*– Eý, Resululla! Allanyň: ”Olar tot-tozan gonmadyk ýumurtga ýalydyrlar (”Saffat”, 37/49) aýatyny düşündiräýseňiz! – diýdim.*

*– Olar ýumurtganyň gabygy ýaly ak we näzikdirler – diýdi.*

*– Eý, Resululla! Allanyň: ”Adamsyna muşdak we ýaşdaşdyr” (”Wakyýa”, 56/37) aýatyny düşündiräýseňiz! – diýdim.*

*– Olar dünýäde garrap, gözleri iriňläp, saçlary agaryp we horlanyp ölenem bolsa, Alla olary Jennetde boý gyz, adamsynyň göwnünden turýan, aşyk we wepaly, biri-birine ýaşdaş eder – diýdi.*

*– Eý, Resululla! Dünýä aýallary ýokary derejedemi ýa-da iri gözli hüýrler? – diýdim.*

*– Eşigiň daş tarapynyň içlikden gymmatly bolşy, dünýä aýallary-da hüýrlerden ýokary derejededir – diýdi.*

*– Näme üçin, eý, Resululla? – diýenimde, Ol (s.a.w) munuň sebäbini şeýle düşündirdi:*

*– Okan namazlary, tutan orazalary we Allatagala eden ybadatlary sebäpli Allatagala olaryň ýüzüne nur çaýar, olara ýüpek eşikler geýdirer. Olaryň endamy ak, eşikleri ýaşyl, zynatlary sary, tütedýän ysly çöpleri dürden we daraklary altyndandyr. Olar şeýle diýerler: ”Biz bu ýerde ebedi ýaşarys. Biz mähirli hem bagtlydyrys. Asla gynanyp içimizi gysdyrmarys. Başga äleme gitmän, hemişe şu ýerde bolarys. Biz şu ýagdaýymyzdan göwnümiz hoşdur we hemme zatdan razydyrys. Hiç kime gaharlanmarys. Bize ýanýoldaş bolan kişiler gör, nähili bagtly adamlar!”*

Jennetdäki aýallaryň aýatda ”tämiz ýanýoldaşlar” diýlip beýan edilmeginiň sebäbi, olaryň aýbaşy, çaga dogurmak ýa-da istihaza (beýleki gan akmalar) ýaly hapa hasap edilýän ýagdaýlardan hem-de ýigrenmek, nähak ýere kitüw saklamak, göripçilik etmek, närazy bolmak ýaly erbet häsiýetlerden saplanandyklarydyr. Rowaýatlardan mälim bolşuna görä, aýalda-da, erkekde-de sümük, gakylyk, ýakymsyz ysly der, uly ýa-da kiçi meýdan, ýellenme ýaly birahat ediji ýagdaýlar bolmaz. Olaryň iýen-içen zatlary hoşboý ysly der ýa-da gägirmek bilen endamyndan daşary çykar.

Haktagala ynsany ýaradan wagty, ýagşy amallar etsin diýip, oňa bedeni isleg-arzuwlary peşgeş beripdir. Şol bedeni isleg-arzuwlar ýene Onuň görkezen ýoly bilen kanagatlandyrylypdyr, päk, arassa erkek bilen aýalyň kanuny esasda goşuny birikdirmegi göz öňünde tutulypdyr. Kuranyň beýanyna görä, Jennetdäki nygmatlaryň içinde, jynsy arzuwlaryň kanagatlandyrylmagy üçin ýaradylan ýan-ýoldaşlar möhüm orny eýeleýär. *”Hakykatdanam, jennetiler şol gün keýpi-sapada bolarlar*” (”Ýasyn”, 36/55), ”*Ol jennetlerde gabagyny (ýanýoldaşlaryndan başgasyna) galdyrmaýan özlerinden öň ynsandan we jyndan hiç kimiň*

*(eli) degmedik hüýrler bardyr*" ("Rahman", 55/56), "*Olar ýakut we merjen ýalydyr*" ("Rahman", 55/58), "*Elbetde takwalar üçin sylaglar bardyr. (Olara) bag-bakjalar, üzüm baglary, göwüsleri gabaryp başlan (ýaş dilberler, meý-şerbet) doly badalar berler. Olar ol ýerde boş we ýalan söz eşitmezler. (Ine, bular) Rabbyndan ýeterlik sylagdyr*" ("Nebe", 78/31-36), "*Olara, (dünýäde) eden (haýyrly) işleriniň sylagy hökmünde, gizlin dürler (sadaplar) ýaly iri gözli hüýrler bardyr.*" ("Wakyýa", 56/22/23), "*Biz (hüýrleri) täze bir ýaradylyş bilen (ýaradyp, keşplerini has-da owadan edip) ýaratdyk. Biz olary adamsy üçin aşyk bolan halda, olar bilen deň ýaşda, boý gyzlar edip ýaratdyk.*" (Wakyýa, 56/35-37), "*Ebedi juwanlyk miýesser edilen ýaş hyzmatkärler kelläňi agyrtmaýan we başyňy aýlandyrmaýan ap-ak çeşmeden doldurylan käseler, golçalar we badalar bilen (jennetlikleriň) daşynda aýlanarlar*" (Wakyýa, 56/17-19), "*Olaryň (daşynda) kelläňi agyrtmaýan we başyňy aýlamaýan «Magyn» (çeşmesinden) doldurylan (meý-şerbetden doly) badalar, kündükler we käseler bilen ebedilige ýeten ýaş (hyzmatkärler) aýlanarlar.*" ("Wakyýa", 56/17-19).

Hezreti Enes (radyýallahu anh) Serwerimizden (s.a.w) rowaýat eden bir hadysynda şeýle diýýär: "Resululla (aleýhissalatu wesselam):

*– Mümine Jennetde şunça (aýal bilen) jynsy gatnaşyga girmek güýji berler! – diýdi. Oňa (s.a.w):*

*– Eý, Allanyň Resuly! Muňa takaty ýetermi? – diýip soradylar. Resululla (s.a.w) şonda:*

*– Ýüz adamlyk güýç berler! (Onsoň takaty ýeter!) – diýdi.*"

Ebu Said el-Hudri (radyýallahu anh) gürrüň berýär: "*Resululla (aleýhissalatu wesselam) şeýle diýdi: "Jennet ählinden derejesi iň pes bolanynyň segsen müň hyzmatkäri,*

*ýetmiş iki aýaly bolar. Onuň üçin dürden, berilden we ýakutdan bir çadyr gurlar. Bu çadyr Çabiýe bilen Sananyň aralygy ýaly ululykdadyr.*”

Ol ýerde hemme zat bilen üpjün ediler, bütin duýgular kanagatlandyrylar. Perzentli bolmak arzuwy hem göz öňünde tutular. Haktagala bu islegi-de kanagatlandyryp, körpeje çagalary peşgeş berer. Ýöne käbir rowaýatlarda munuň dünýädäki ýaly, göwrelilik we dogurmak bilen däl-de, Haktagalanyň peşgeş bermegi bilen amala aşjakdygy habar berilýär. Ebu Rezin el-Ukaýly (radyýallahu anh) gürrüň berýär: ”Resululla (aleyhissalatu wesselam) şeýle diýdi: ”*Jennet ähliniň çagasy bolmaz, (o taýda çaga dogurmak wakasy ýokdur)*. Emma Tirmiziniň rowaýat eden hadysynda goşmaça käbir maglumatlar bar. Onda, öňem aýdylyp geçilişi ýaly, Allanyň gudratynyň aç-açan belli bolýan ýeri bolan Jennetde, eger, adamlar Alladan dilese, gysga wagtyň içinde göwrelilik, çaga dogurmak wakasy bolup geçjekdigi we bäbek bir ýyldan eýýäm eý görülýän ýaşda ene-atanyň gujagyna beriljekdigi aýdylýar.

Kuran Jennetdäki zenanlaryň owadanlygy we ýaşy barada şeýle diýýär: ”*Ol ýerde ahlagy oňat, owadan zenanlar bardyr.*” (”Rahman”, 55/70). ”*Olary adamsy bilen deň ýaşda, boý gyz edip ýaratdyk.*” (”Wakyýa”, 56/36-37).

Jennet ähliniň biri-biri bilen ýaşdaş bolmagy Allanyň beýik nygmatlarynyň biridir. Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) özüniň bir hadysynda Jennet ähliniň ýaşynyň ebedilik üýtgemejekdigini habar berýär: ”*Bir kişi jenneti bolup aradan çyksa, uly ýa-da kiçi, ýaşy näçe bolsa bolsun, ol otuz ýaşynda Jennete girer. Soň şol ýaş ebedilik üýtgemez. Dowzahylar üçin hem ýagdaý şeýledir.*”

Bu ýerde möhüm bir zady aýratyn belläp geçmek gerek. Jennetde müminlere wada berlen şonça nygmatyň beden üçin ýaradylan, esasanam, maddy islegiňi kanagatlandyrýan ýaly görünse-de, aslynda, şol nygmatlar onuň ruhy üçin niýetlenendir we örän ähmiýetli orna eýedir. Ruhuň bitirýän işiniň bedeniňkiden agdyklyk edip, has giň ähmiýete eýe bolşy ýaly, Jennet nygmatlary hem, esasan, ynsan ruhy üçin ýaradylandyr. Meselem, howpsuzlyk hem-de ynam duýgulary muňa mysaldyr. Keýpihon, gaýgy-aladasyz ýaşamak, elbetde, gaýga batyp, galpyldap ýaşanyňda müň esse gowy. Aslynda, gaýgy-aladasyzlyk galpyldy bilen deňeşdirirden has ýokarda. Şol gaýgy-ünjüsiz ýaşaýyş bol-elinlik bilen bezeläýse-hä, onsoň bagtyň goşadan çüwdigi. Edil şonuň ýaly-da, bu dünýäde didaryna zar bolup, ýekeje gezek görmek üçin bütin barlygyňdan geçmäge taýyn pygamberlerimiz, aýratynam, Iki jahan Guwanjy, Älemleriň Serweri, Resullaryň Soltany, Şahy-Mümejjed Serwerimiz hezreti Muhammet Mustafa (aleýhi ekmelüttehaýa) bilen, Onuň bir-birinden saýlama egindeşleri bilen, hezreti Jebraýyl we hezreti Mykaýyl bilen hemsöhbet bolmak, gör, nähili lezzet çeşmesidir?! Şol lezzeti ene-ata, dogan-garyndaş, dost-ýar bilen paýlaňmak bolsa Jennet nygmatlarynyň maddy jähetini birnäçe esse artdyrjak esasdyr. Mundan başga-da, Allanyň jemalyny görmek hem ruhy lezzetdir. Hatda, soňam bellenip geçiler, Jennet nygmatlaryny ýatdan çykartjak derejede gymmatly lutufdyr, peşgeşdir. Allanyň razylygyny gazanyp bolaýsa-ha, bolany...

Aslynda, bedeniň islegi we Jennetiň nygmaty Jennetiň ýaşaýjylary üçin asyl maksat däldir. Ýetilmeli sepgit – Allanyň razylygydyr. Adamyň şol razylygy gazanmagy bolsa, Allanyň bendesine bagyş eden ruhuny ýene-de Allatagala

gönükdirmegine, Ony synlamagyna, Onuň bilen gürleşmegine baglydyr. Musulmanlaryň arasynda ”Sag bolsun!” aýtmagyň giň ýaýran görnüşi ”Alla senden razy bolsun!” diýen sözlemdir. Allanyň dostlary – Oňa iň ýakyn bolanlardyr, Onuň razylygny we söýgüsini gazananlardyr, Ony ýürekden söýüp, razy we boýun bolmak bilen iň belent bagta ýetenlerdir. Jennet bilen Alla ryzasynyň özara baglanyşygyndan gürrüň edilýän bir aýatda şeýle diýilýär: ”*Alla mümin erkeklere-de, mümin zenanlara-da ebedi galmak üçin hem-de içinde derýalar akýan jennetleri hem-de ”Adn” jennetlerinde ajaýyp, gözel mekanlary wada berdi! Bulardan has gowusy bolsa Allanyň olardan razy bolmagydyr. Ine, bu (iň) uly bagtdyr.*” (”Toba”, 9/72) Bu ýerde ahyret bagtyýarlygynyň ruhy lezzetine eýe bolmagyň beýleki maddy lezzetlerden ýokarda durýandygy aýdylýar. ”*Eý, bagtyýarlyga ýeten ynsan! Sen Ondan razy, O-da senden razy bolan halynda öz Rabbyňa dolan. Sen meniň (yhlasly) bendelerimiň arasyna goşul we Jennetime gir!*” (”Fejr”, 89/27-30). Sahyh hadyslarda aýdylyşyna görä, müminler Jennetde ýerli-ýerine ýerleşensoň, Haktagala olardan öz ýagdaýlaryndan razydygyny ýa däldigini sorar. Olar hem gaty minnetdardyklaryny aýdarlar. Şonda Allatagala: ”*Size mundan hem gymmatly bir zat berýärin: Sizden razydygymy bildirýärin, mundan beýläk size azap bolmaz*” diýer.

Jennet (bilen bir hatarda Jähennem hem-de ahyret durmuşy hem) diňe bir ruhlar äleminde däl, eýsem, ruh bilen bedenden ybarat bolan, bag-bakjasy, derýasy, ymaraty we ş.m. bolan maddalar we hakykatlar dünýäsinden gözbaş alyp gaýdar. Hatda diňe Kuranyň aýatlarynda agzalyp geçilýän maddy alamatlara-da ruhy düşündiriş ýa-da nyşanlar arkaly hem düşünmek mümkin däl. Ymam Gazzaly

Jennet lezzetleriniň duýgy, hyýal hem-de akyl diýen üç topara bölünýändigini we her kimiň öz ukybyna görä şolaryň ählisinden ýa-da belli bir böleginden özüniň ýetdik paýyny aljakdygyny aýdypdyr. Dünýä ýaşaýşynda, aýratynam, hyýal we akyl arkaly alynýan lezzetler hemişe dowam edip durmaýar, üzlem-saplam bolup durýar. Ahyretde bolsa şol lezzetleriň arasy üzülmeýär, olar adamlary üznüksiz ýagdaýda lezzetden gandyryp durýar. Bu bolsa, şol lezzetleriň gymmatyny artdyrýar.

Allanyň ryzasy şu sanalan Jennet nygmatlarynyň hemmesinden has ýokardadyr. Çünki her bir haýryň, bagtyýarlygyň, hormatyň hem-de beýikligiň diregi Allanyň razylygydyr. Onuň gönüden-göni wada berlen nygmatlaryň içinde bolmazlygy bolsa geň ýagdaý. Hudaý bilýär, belki, munuň hikmetiniň her wadanyň mazmunynda iki dünýä-de degişli bolan bir manynyň ýatanlygyndan hem bolmagy mümkin.

Emma bu ýerde Kuran terbiýe ediş metodyny ulanýar we köpçüligiň aňsatlyk bilen düşünjek, nebsiň begenjek maddy nygmatlaryna has köp üns çekýär. Bediuzzaman hezretleri bu meseledäki hikmetler barada soralan birnäçe soraglara şeýle jogap berýär: ”Jennet bütin magnewi lezzetlere sebäp bolşy ýaly, bütin jismany lezzetlere-de sebäpdir.

Sowal: Kemçilikli, nogsanly, üýtgäp, öwsüp duran, bikarar, gaýgy-gamly jismani bedeniň müdimilik we Jennet bilen nähili baglanyşygy bolup biler? Ýogsa-da ruhuň doýup bolmaýan datly lezzetleri bar, bu oňa ýetikdir. Jismany lezzetler üçin bedeniň direlmegi hökmanmy?

Jogap: Çünki, meselem, toprak suwa, howa, yşyga garanyňda dykyz, garaňky hem bolsa, ol Allanyň sungat eserleriniň hemme görnüşiniň gelip çykýan ýeri, gözbaşy

bolany üçin, onuň magnewi mertebesi beýleki unsurlardan has ýokary derejä çykypdyr. Edil şeýle-de, topraga meňzeýän ynsan nebsi hem gaty köp zady özünde jemleýän syrly barlyk bolup, onuň mertebesi-de päklenmek şerti bilen adamyň beýleki inçe duýgularynyň ählisinden has ýokary derejä galypdyr. Şonuň ýaly-da, madda hem gaty köp zady özünde jemleýän, juda giň gerimli, diýseň baý bir ”aýnadyr” – ylahy atlaryň şöhlelenýän aýnasy. Rahmet hazynalarynyň içindäki ähli baýlygy terezä salyp ölçäbiljek gurallar madda berlipdir. Meselem, dildäki tagam duýuş ukyby ryzk bolup biljek iýmitleriň ählisiniň sanyça terezijiklere eýe bolmasady, olaryň her biriniň tagamyny aýry-aýrylykda duýup tanap bilmezdi, dadyp, ölçäp bilmezdi. Galyberse-de, ylahy atlaryň birenteginiň şöhlelenmesini duýup, olardan lezzet alyp, olary tanamak ukyby-da ýene madda berlipdir; görnüşi gaty köp bolan, san-sajak ýetmeýän aýry-aýry lezzetleri duýup biljek ukyplar-da ýene maddadadyr. Diýmek, şu älem-jahanyň Sa:nisi (Döredijisi) bu älemi ýaratmak bilen rahmetiniň soňsuz hazynalaryny görkezmek isleýär we Öz gözel a:tlarynyň söhlelenmesiniň ählisini bildirmek isleýär we Öz yhsanlarynyň dürli-dürli görnüşlerini dadyrmak isleýär; biz muny älemde işleriň barşyndan hem-de ynsan tebigatynyň gaty köp ukyby özünde jemleýändiginden –”On birinji Sözde” subut edilişi ýaly– anyk bilýäris. Onda şu älem deňziniň ägirt uly howzy we bu älem fabriginiň işläp çykaran önümleriniň ägirt uly sergi köşgi we dünýä ekin meýdanynyň müdimi ammary bolan sagadat ýurdy (Jennet) elbetde, belli bir derejede şu äleme meňzejekdir. Hem-de maddy we ruhy esasyny, özenini saklap galmak bilen... We ol Sa:niýi-Hakim (Hikmet bilen döreden Alla) we Adyly-Rahim (Rehimli Adyl Alla), elbetde, bu maddy ukyplaryň ýerine ýetirýän wezipelerine muzd hökmünde we

bitirýän hyzmatlaryna sylag hökmünde we özlerine mahsus ybadatlaryna sogap hökmünde olara laýyk lezzeti berjekdir. Ýogsam, bu Onuň hikmetine, adalatyna, rahmetine ters düşer, bu bolsa Onuň rahmetiniň gözelligi bilen, adalatynyň kämilligi bilen asla bir ýere sygyşmaz.

Sowal: Eger jisim (madda) janly bolsa, beden agzalary hemişe birleşip-aýrylyp durýar, olarda dagap ýok bolup gitmek häsiýeti bar, olar ebedi saklanyp galmaýar. Iýmek we içmek şahsyň ömrüniň dowamy üçin, är-aýallyk gatnaşygy bolsa, ynsan jynsynyň dowamy üçin; ýagny olar şu älemde ýaşamak üçin zerur bolan zatlardyr. Ebedi, ahyret äleminde olaryň zerurlygy ýok. Onda olar näme üçin Jennet lezzetleriniň iň ulularynyň hataryna giripdir?

Jogap: Ilki bilen, bu älemde janly-jandarlaryň jisimleriniň (maddalarynyň) dargamagy we ölmegi bedene girýän we bedenden çykýan zatlaryň deňagramly däldigindendir. Çagalykdan ýetginjeklige çenli girýän zatlar köpdür, ondan soňra bolsa aýrylýan zatlar köpelip, deňagramlylyk ýiter we beden hem öler. Ebedi älemde bolsa, jisimiň zerreleri şol bir durkuny saklap galar, olar birleşmäge-aýrylmaga sezewar bolmazlar ýa-da ol ýerde deňagramlylyk bir durkunda galar, bedene girýän we çykýan zatlar sazlaşykly bolar. Hemişe gaýtalanyp duran zatlar ýaly, janly-jandarlaryň jisimleri hem lezzet almak üçin jismi (bedeni) ýaşaýyş fabriginiň işledilmegi bilen hemişe täzelenip, ebedi häsiýete eýe bolar. Dogrusy, iýmek-içmek we är-aýallyk gatnaşygy bu dünýäde zerurlykdan döreýär we olaryň hersiniň öz ýerine ýetirýän wezipesi bar. Ýöne olaryň ýerine ýetirýän wezipesiniň nagt muzdy hökmünde şeýle üýtgeşik datly lezzetler olaryň içine ýerleşdirilipdir, şonuň üçin olar başga lezzetleriň has öňüne geçipdir. Diýmek, bu jepasy köp dünýäde iýip-içgi we nika

şeýle täsin, üýtgeşik lezzetleriň duýulmagyna sebäp bolýan eken. Lezzetiň we bagtyň mekany bolan Jennetde ol lezzetler (iýip-içgi we nika) şeýle beýik häsiýete eýe bolar, dünýewi wezipeleriniň muzdy-da lezzet görnüşinde olara goşulyşar, dünýewi zerurlyk bolsa hoş bir işdä görnüşinde olara birleşer, şeýlelikde bu lezzetler Jennete laýyk, ebediýete mynasyp, ummasyz köp zadyň jemlenen lezzet magdany halyna geler. ”*We mä häzihil haýatüd-dünýä illä lehwün we leibün we inneddäral ähirate le hiýel haýewän*” diýen aýatyň syryna görä, bu dünýä öýünde jansyz, aňsyz we ruhsuz maddalar ol ýerde aňly-üşükli, janly boljakdyrlar. Ol ýerde agaçlaryň bolşy bu ýerdäki adamlaryň bolşyna meňzejek, ol ýerde daşlaryň bolşy hem bu ýerdäki haýwanlaryň bolşyna meňzäp, olar berlen buýruga düşünjekler we ýerine ýetirjekler. Sen bir agaja ”Pylan miwäni maňa getir!” diýseň, ol ony getirer. Bir daşa ”Gel!” diýseň, ol geler. Diýmek, daş, agaç şolar ýaly beýik derejä çykjak. Elbetde, iýmek-içmek we nika hem, şu wagtky – jismi hakykatlaryny gorap saklajaklar we Jennetiň dünýä görä derejesi nähili bolsa, olar hem dünýewi derejelerinden şonça beýik derejelere çyksalar gerek.

# JENNETILERIŇ KÄBIR ÝAGDAÝLARY

Ýokarda gürrüňi edilen Jennet nygmatlaryna eýe bolan müminleriň käbir ýagdaýlary hakynda agzap geçmek ol ýerdäki manzara has oňat akyl ýetirmäge itergi berer. Rowaýatda aýdylyşyna görä, Jennete ilkinji bolup giren jemagatyň ýüzi on dördi gijäniň aýy kimin nur saçar durar. Olardan soň girenler hem iň ýiti şöhle saçýan ýyldyzlar ýalydyr. Älemleriň Serweriniň (s.a.w) ymmatyndan ýetmiş müň kişi hasaba çekilmän we azap görmän, ilkinji bolup Jennete girer.

Hadyslardan bilşimize görä, Jennete iň soňky bolup girjek kişä bu dünýäniň iki essesi (başga bir rowaýatda aýdylyşyna görä on essesi) ýaly Jennet berler. Rowaýatlaryň köpüsinde aýdylyp geçilişi ýaly, adam bu dünýäden gaýtmanka, kelemesini öwürse, ol Jenneti bolar. Bu ýagdaýy hadysçylar şeýle düşündirýärler: Diňe ”Lä ilähe illalla” diýen adama musulman diýip bolmaz, ol munuň yzyna ”Muhammedür-Resululla” diýen sözi-de goşmalydyr. Hatda ol Yslam dininden başga dinleriň ählisinden uzak durmalydyr. Eger bir musulman uly günä iş etse, ol Jähennemde eden günäsine barabar jeza çekeninden soň, Jennete girer. Hakykatdanam, Muaz bin Jebeliň (radyýallahu anh) Serwerimizden (s.a.w) rowaýat eden şu hadysy muny has aýdyňlaşdyrýar: ”*Alladan başga ylahyň ýokdugyna we Muhammediň (sallallahu aleýhi*

*we sellem) Allanyň bendesi we resulydygyna ýürekden ynanyp, şahadat getiren kişä Alla Jähennemi haram edendir.*"

"Lä ilähe illalla Muhammedün Resululla" diýen we şoňa laýyklykda iman getirip, salyh amal eden her bir adam Allanyň rugsady bilen, hökman, Jennete girer. Jennetiler hassalyk, ýaralanmak, garrylyk, erbet häsiýet ýaly ýagdaýlardan daşda bolarlar.

Öňem belläp geçişimiz ýaly, Jennete girmek ýeňil-ýelpaý iş däldir. Ol ýer ebedi sagadat ýurdudyr. Şonuň üçinem, şol sagadata eýe bolmak üçin, ugrunda ylgamak gerek. Has takygy, şol Ylahy peşgeşe laýyk bolmaga çalyşmaly. Bu dünýäde şeýle bolmaga jan edýän, hemişe Hakyň ryzasyny isleýän salyh we takwa kişileriň Jennetdäki ýagdaýlary bolsa, söz bilen beýan ederden has ýokardadyr. Allatagala "Zuhruf" süresinde şeýle diýýär: *"Olar şeýle bagtyýar kişilerdir: aýatlarymyza ynanyp, Alla boýun boldular. Hany, siz we jübütleriňiz hoşal bolup Jennete giriň! Olara altyndan tabaklar we bulgurlar bilen hödür-kerem ediler. Ol ýerde göwünleriniň küýseýän, gözleriniň lezzet aljak ähli zatlary bardyr. Siz ol ýerde ebedi galarsyňyz. Olara: "Ine, bu eden amallaryňyzyň ýerine miras edilip berlen Jennet! Ol ýerde siziň üçin köp miweler bardyr, olardan iýiň!" diýlip aýdylar."* ("Zuhruf", 43/69-73). Bu aýatda agzalan "göwünleriniň küýseýän" sözi bilen maddy, magnewi, fiziologik, psihologik, şahsy, jemgyýetçilik taýdan göz öňüne gelip biljek her görnüşdäki we ynsany hemme taraplaýyn gyzyklandyrýan nygmatlar aýdyljak bolunýar.

Müslimiň rowaýat edýän bir hadysynda, Serwerimiz (s.a.w) kyýamat güni Jennetiň gapysyny ilki özüniň kakjakdygyny, şondan öň bolsa bu gapynyň hiç kime açylmajakdygyny aýdypdyr. Jennete girilýän wagty,

müminleriň hemmesi bellenen perişdeler tarapyndan garşy alnar we perişdeler: ”*Size salam bolsun! Siz päklik bilen geldiňiz! Ebedilik galmak üçin ol (ýere) giriň!*” (”Zümer”, 39/73) diýerler.

Jennetdäki sansyz nygmatlaryň käbiri hadyslarda şeýle beýan edilýär: Hezreti Büreýde (radyýallahu anh) gürrüň berýär: ”*Biri Resululla (aleýhissalatu wesselam) ýüzlenip: ”Jennetde at barmy?” diýip sorady. Aleýhissalatu wesselam hem: ”Allatagala seni Jennete salan ýagdaýynda, seniň ýakutdan bir atyň üstünde gezim edesiň gelse, ol seni islän ýeriňe uçurar” diýdi. Şonda başga bir adam: ”Jennetde düýe barmy?” diýip sorady. Emma Aleýhissalatu wesselam ol adama öňkä jogap berşi ýaly jogap bermedi. Ol (s.a.w) şeýle diýdi: ”Eger Alla seni Jennetlik eýlese, ol ýerde göwnüň islän zady, gözüň hoşuna gelýän her zat tapylar.*”

Hezreti Aly (radyýallahu anh) gürrüň berýär: ”Resululla (aleýhissalatu wesselam) şeýle diýdi: ”*Jennetde gara gözlüleriň (hüýrleriň) üýşýän ýeri bardyr. Olar ol ýerde öň adamzadyň, janly-jandaryň hiç wagt eşidip görmedik ýakymly owazy bilen aýdym aýdarlar we şeýle diýerler: ”Biz ebedidiris, asla ölmeris! Biz nygmatlara miýesser bolduk, mätäçlik çekmeris! Öz Rabbymyzdan razydyrys, gaýgy-gam bize ýatdyr! Biziň ýan-ýoldaşlarymyz, gör, nähili bagtly adamlar!*”.

Hezreti Enes (radyýallahu anh) gürrüň berýär: ”Resululla (aleýhissalatu wesselam) şeýle diýdi: ”*Jennet ähliniň bir bazary bardyr. Olar her anna güni şol ýere ýygnanşarlar. Birdenkä demirgazyk ýeli öwsüp, olaryň eşiklerini we ýüzüni sypalar. Şonuň täsiri bilen olaryň görklerine görk goşular. Şeýlelikde, olar maşgalalarynyň arasyna owadanlaşyp bararlar. Olaryň aýallary:*

– *”Walla, bärden gidensoň siziň görküňize görk goşulypdyr!” – diýerler. Erkekler bolsa:*

*– ”Alladan ant içýän, sizem biz gidenimizden soňra hasam owadanlaşypsyňyz” – diýerler.”*

Hezreti Aly (radyýallahu anh) gürrüň berýär: ”Resululla (aleýhissalatu wesselam) şeýle diýdi: ”*Jennetde bir bazar bardyr. Emma ol ýerde hiç zat satylmaýar, hiç zadam satyn alynmaýar. Diňe erkek we aýallaryň keşpleri bardyr. Erkek kişi bulardan birine öwrülmek islese, şol islän keşbine öwrüler*.”

Jennetiň sagadat ýurdy bolmagynyň esasy sebäpleriniň ýene biri-de, Jennete girjek ynsanlaryň, ýagny jennetileriň hem dünýäde, hem-de gabyr, haşyr, hasap, mizan terezisi, syrat ýaly kynçylykly döwürleri başdan geçirýärkä, saýlanyp-seçilip belli bir derejä ýetmegidir. Şeýlelik bilen, olaryň kalby öýke-kine, ýigrenç, ýadawlyk, görüplik, göwniýetmezçilik ýaly duýgulardan saplanar. Şeýlelikde, hiç kim biri-birine göripçilik etmez, biri-biriniň derejesine ýa-da nygmatlaryna göz dikmez. Kuran munuň bilen baglanyşykly: ”*Göwünlerindäki ýigrenji goparyp taşlarys*” (”Araf”, 7/43) diýýär. Ynançly we dogruçyl ynsanlar şol äleme baranlarynda, bulara şol ýeriň ýaşaýjylary bolan perişdeler hyzmat ederler, olaryň täze ýaşaýşa öwrenişýän döwründe gorkmazlygyny, gynanmazlygyny gazanmak üçin olara şeýle diýerler: ”*Biz dünýä ýaşaýşynda-da, ahyretde-de siziň dostuňyzdyrys. Bu ýerde siz näme isleseňiz bardyr. Bularyň hemmesi merhemet ediji we bagyşlaýjy Allanyň peşgeşidir*” (”Fussylet”, 41/30-32).

Jennetiler özlerini ynjalykdan gaçyrjak zatlary islemezler, olaryň dünýädekä eden erbet işleri-de ýadyna düşmez. Bu bolsa Allanyň olara bolan merhemetinden habar berýändir. Hatda dünýädekä gowy görýän adamlarynyň içinde

Jähenneme düşenleriň bardygyny bilse-de, hamala, oňa öý eýesi ýaly çemeleşer: Eger Rabbym ony bagyşlamadyk, Jennetine salmadyk bolsa, onda ol adam muňa laýykdyr. Jennetiler ”Şeýle adamlar jezasyny çekmelidir” diýen düşünjede bolarlar ýa-da gussa batyrýan bu zatlary unudarlar. Şunlukda, olaryň çekýän azabyna gyýylmazlar, bu zatlar sebäpli ynjalykdan gaçmazlar.

Sehl Ibnüs-Sad (radyýallahu anh) gürrüň berýär: ”Resululla (aleýhissalatu wesselam) şeýle diýdi: ”*Jennet ähli otaglarda galanlara serederler, siziň asmandaky ýyldyzlara seredişiňiz ýaly*.”

Ebu Said (radyýallahu anh) gürrüň berýär: ”Resululla (aleýhissalatu wesselam) şeýle diýdiler: ”*Jennet ähli otaglarda galanlary (ähli-guraf) görerler. Edil gözýetimde gündogardan günbatara uzalyp gidýän dür ýaly şuglaly ýyldyzlary görşüňiz ýaly. Öz aralaryndaky fazylat taýdan tapawutlylyk (otag ähli ni) şeýle belentde görkezer.*”

Şonda Serwerimiziň egindeşleri: ”Eý, Allanyň Resuly! Bu aýdýanyňyz, ýalňyşmasak, pygamberleriň derejesi bolmaly, başga kişiler ol ýere ýetip bilmese gerek!” diýdi. Ol (aleýhissalatu wesselam): ”*Ýok! Ruhumy gudrat elinde saklaýan Alla kasam bolsun! Otaglarda galýanlar (pygamber däl kişiler) Alla, Onuň pygamberlerine ynanan kişilerdir!” diýdi”.*

Hezreti Ebu Hureýräniň rowaýat eden başga bir hadysynda Resululla (aleýhissalatu wesselam) şeýle diýdi: ”*Jennete ilkinji bolup girjek toparyň ýüzi on dördi gijäniň aýy ýaly nurana bolar. Olaryň yzyndan girjek topar aýdyňlyk taýdan asmandaky iň uly ýyldyza çalym eder. Jennetiler kiçi täredem etmezler, uly täredem, tüýkürmezlerem, sümgirinmezlerem. Daraklary altyndan, derleri müşkdendir.*

*Tütedýän tütünleri öt agajyndan, aýallary gara gözli hüýrlerden bolar. Olar öz atalary Adamyň ýaradylyşy ýaly, altmyş tirsek boýy*[12] *uzynlykda ýeke adam keşbinde bolarlar.*"

Hezreti Jabir Allanyň Resulynyň (s.a.w) şeýle diýendigini rowaýat edýär: "*Jennet ähli Jennetde iýerler, içerler, emma tüýkürmezler, kiçi we uly täret etmezler, sümgürinmezler!*" *Egindeşleri:*

*– Ýeri, iýen zatlary nädip daşary çykar? – diýip soradylar. Resuly Ekrem (aleýhissalatu wesselam):*

*– Gägirmek arkaly ýa-da müşk ysly der bilen! Olara dem almak ylhamy gelşi ýaly, tesbih sanamak we şükür etmek ylhamy hem geler.*"

Jennetiler Jennetde ýaş bolup direldilerler we nygmatlardan iň amatly ýagdaýda peýdalanarlar. Ebu Said el-Hudri (radyýallahu anh) gürrüň berýär: "Resululla (aleýhissalatu wesselam) şeýle diýdi: "*Bir adam jenneti bolup ölse, uly ýa-da kiçi – näçe ýaşynda bolsa-da, otuz ýaşly bolup Jennete girer we bu ýaş hiç haçan üýtgemez. Jähennemlikler üçin hem ýagdaý şeýledir.*"

Olarda şekil we daşky görnüş taýdanam birnäçe üýtgeşmeler bolup geçer. Hezreti Ebu Hureýre (radyýallahu anh) gürrüň berýär: "Resululla (aleýhissalatu wesselam) şeýle diýdi: "*Jennet ähliniň endamynda tüý, ýüzünde sakgal ýokdur, gözleri sürmelidir, ýaşlygy harap bolmaz, eşikleri könelmez*".

Tirmiziniň bir rowaýatynda şeýle diýilýär: "*Jennetileriň başlarynda täçler bardyr. Şol täçdäki ýekeje dür maşryk bilen magryp aralygyna ýagty saçar.*"

---

[12] Tirsek boýy: 0,5 metre barabar uzynlyk ölçegi.

Ebu Said el-Hudri (radyýallahu anh) gürrüň berýär: ”Resululla (aleýhissalatu wesselam) şeýle diýdi: ”*Kyýamat güni ýer ýeke çörek bolar. Jepbar (bolan Allatagala) ony jennetilere azyk edip, elinde pyrlar, edil, siziň sapardakaňyz çöregiňizi pyrlaýşyňyz ýaly!” Şol wagt bir ýewreý gelip:*

*– Eý, Ebel-Kasym! Rahman (bolan Alla) seni mübärek etsin! Kyýamat güni Jennet ähliniň (işdä açyjy) hödür-kereminiň nämedigini habar bereýinmi? – diýdi. Serwerimiz (s.a.w):*

*– Aýt, bakaly! – diýdi. Ol kişi edil, Aleýhissalatu wesselamyň aýdyşy ýaly:*

*– Ýer ýeke çörek bolar! – diýdi. Resululla (aleýhissalatu wesselam) bize garady. Soňra azy dişleri görünýänçä gülümsiräp:*

*– Ýeri, saňa Jennet ähliniň gatyklaryndan habar bereýinmi?– diýdi. Ol kişi:*

*– Aýdyň!– diýdi. Aleýhissalatu wesselam:*

*– Balam we nun! – diýdi. Ol kişi:*

*– Bu näme? – diýip sorady. Aleýhissalatu wesselam:*

*– Öküz we balykdyr. Olaryň ýürekleriniň gyrasyndan ýetmiş müň kişi iýer – diýdi.”*

Ebu Hureýre (radyýallahy anh) gürrüň berýär: ”Resululla (aleýhissalatu wesselam) şeýle diýdi: ”*Maňa Jennete giren ilkinji üç kişi habar berildi. Olaryň biri şehit, biri namysjaň we (aza kanagat edip) namysyny goran, ýene biri hem Allatagalanyň öňünde ybadatyny birkemsiz ýerine ýetiren we hojaýynlaryna haýyrly bolan hyzmatkärdi.*”

Bu dünýädekä erbetliklerden daşda durup, hemişe haýyr iş bilen gümra bolan, takwa halkasynda ýaşan müminler Jennete girjek wagtlary şeýle diýerler: ”*Bize beren ähtinde*

*durup, islendik ýerine ýerleşmäge rugsat berlen Jennete bizi mirasdüşer eden Allatagala şükürler bolsun!*” (”Zümer”, 39/74). Aýatda beýan edilişine görä, müminler ýerleşme jähetinden erkin ýagdaýdadyr. ”Rahman” süresinde gürrüňi edilýän iki ýa-da dört Jennetiň bir manysy hem şu bolmaly. Jennet mesgenlerindäki halyça, düşek we ş.m. ýaly hojalyk esbaplarynyň diýseň ýerbe-ýer, bezelen bolmagy bilen bir hatarda, ir-iýmişdir içilýän suwlaryň, galyberse-de, eşikleriň adatdan daşary lezzet beriji aýratynlyklara, arassaçylyk we nepislige eýe boljakdygy dürli aýatlarda ýygy-ýygydan gaýtalanyp, jikme-jik suratlandyrylýar.

Hadyslarda aýdylyşyna görä, Jennet ähline hödür ediljek tagamlaryň ilkinjisi balygyň ýüreginden taýýarlanylan nahardyr. Jennetde çörek, et, ir-iýmiş, süýji tagamlar (süýjüli kökäniň görnüşleri), aýratynam, suw, süýt, şerap ýaly tagamlar bar bolmak bilen bir hatarda, olaryň bu dünýädäkisine adyndan başga meňzeşliginiň ýokdugy alymlar tarapyndan bellenip geçilýär. Hakykatdanam, öňem takyklanyp geçilişi ýaly, aşa lezzet berýän Jennetiň şerbetinden badalar dolduryp içilse-de, serhoş edip, başyňy aýlamaz. Jennetiň nygmatlarynyň içinde ir-iýmişleriň möhüm orun tutýandygy birnäçe aýatlaryň beýanlaryndan mälim bolýar.

Ahyretde öňi bilen, kitaplar paýlanar, mizan terezisi gurlar, hasap berler, syratdan geçiler we iň soňunda Jennet we Jähenneme giriler. Kapyrlar göni Jähenneme gider, emma müminleriň ýagdaýy birneme üýtgeşik bolar. Allanyň magfyretine we ryzasyna miýesser bolan saýlanan bendeler, pygamberler, belki-de syddyklar (sadyklar), şehitler, alymlar, salyh bendeler göni Jennete girerler, mizan terezisinde günäsi sogabyndan agyr gelen ýa-da haýsydyr

bir rehim-şepagat we umumy ýalkanma miýesser etmedik bir bölek müminler bolsa, ilki Jähenneme girer. Eden etmişlerine görä azap çekerler. Soňra imanlary sebäpli günleriň birinde Jähennemden çykarylyp, Jennete giriziler.

Hezreti Ebu Said el-Hudriniň (r.a) rowaýat eden bir hadysynda Resululla (aleýhissalatu wesselam) şeýle diýdi: ”*Müminler Jähennemden halas edilende, Jennet bilen Jähennemiň arasyndaky köprüde bir müddet saklanar. Şol aralykda dünýädekä biri-birlerine eden adalatsyzlyklaryny özaralarynda razylaşarlar. Şeýlelikde, günälerden saplanyp, päklenensoň, olara Jennete girmäge rugsat berler. Nebsimi gudratly elinde saklaýan Zaty-Züljelaldan kasam edýärin, olaryň her biri dünýädäki öýünden Jennetdäki öýüne has gowy beletdir.*”

Imran Ibnu Husaýn (radyýallahu anh) gürrüň berýär: ”Resululla (aleýhissalatu wesselam) şeýle diýdi: ”*Ynsanlar Muhammediň (aleýhissalatu wesselam) rehim-şepagaty bilen Jähennemden çykyp, Jennete girerler. Bulara ”dowzahylar” diýler.*”

Ibnu Mesudyň rowaýatynda bolsa, Jennete iň soňky bolup giren müminiň ýagdaýy beýan edilýär: Resululla Serwerimiz (s.a.w) şeýle diýdi: ”*Jennete iň soňky bolup giren kişi käte ýörär, käte-de aglar. Arasynda bolsa ot daglar. Ol Jähennemden ymykly geçensoň, yzyna garap, bir meýdan oňa syn edip durar we: ”Senden meni halas eden Alla münezzehdir!*[13] *Allatagala maňa öňki we soňkulardan hiç kime bermedik zadyny berdi!” diýer. Şol wagt oňa bir agaç görkeziler. Ol:*

*– Eý, Rabbym! Meni şu agajyň ýanyna ýakynlaşdyr, men onuň aşagynda saýalaýyn, suwundan içeýin!– diýer. Allatagala:*

---

[13] Münezzeh: päk, päkize.

*– Eý, ynsan! Şu dilegiňi bitirsem, Menden başga zat dilemersiň gerek? – diýer. Ol kişi:*

*– Hawa, başga zat dilemerin! – diýip, başga zat dilemejekdigine söz berer. Allatagala hem onuň haýyşyny kabul eder. Sebäbi ynsan sabyr edip bilmejek zadyny (agajy) gördi ahyryn. Haktagala ony agaja golaýlaşdyrýar. Ynsan onuň saýasynda saýalar, suwundan içer. Soňra oňa öňküden has owadan agaç görkeziler. Ol çydap bilmän:*

*– Eý, Rabbym! Meni şoňa ýakynlaşdyr, şonuň kölegesinde kölegeläýin, suwundan içeýin, Senden gaýdyp zat dilejek däl! – diýer. Allatagala:*

*– Eý, ynsan! Maňa ýaňam başga zat dilejek däl diýip söz beripdiň ahyryn? Eger Seni muňa ýakynlaşdyrsam, ýene başga zatlaram dilärsiň! – diýer. Ynsan başga zat dilemejekdigine söz berer. Allatagala hem onuň ýazygyny geçer. Sebäbi ol sabyr edip bilmejek zadyny gördi ahyryn. Ynsany oňa ýakynlaşdyrar. Ynsan onuň kölegesinde kölegeläp, suwundan içer.*

*Soňra oňa Jennetiň gapysynyň ýanyndaky bir agaç görkeziler. Bu agaç beýeki ikisinden has owadandyr. Ynsan ýene:*

*– Eý, Rabbym! Meni şuňa ýakynlaşdyr, men onuň kölegesinde kölegeläp, suwundan ganaýyn, Senden başga zat dilemerin! – diýer. Allatagala:*

*– Eý, ynsan! Sen hälki agaçdan başga zat dilemejekdigiňe söz bermänmidiň? – diýer. Ynsan:*

*– Hawa, söz beripdir. Ýöne gaýdyp başga zat islemerin! – diýer. Allatagala onuň ýazygyny geçer. Sebäbi ol sabyr edip bilmejek zadyny gördi ahyryn. Ynsany oňa ýakynlaşdyrar. Ynsan oňa ýakynlaşanda, Jennet ähliniň sesini eşder. Ol (çydap bilmän):*

*– Eý, Rabbym! Meni Jennete giriz! – diýip ýalbarar. Allatagala:*

*– Eý, ynsan! Meni senden näme halas edip biler?! Dünýäni bersem, üstesine onuňam iki essesini bersem razy bolarmyň? – diýip sorar. Ynsan:*

*– Eý, Rabbym! Aýdýanyň näme? Sen älemleriň Rabby ahyryn!" – diýer.*

*Ibn Mesud şonda gülüp:*

*– Näme üçin gülenimi soramadyňyz-la? – diýdi.*

*– Näme üçin güldüň? – diýip soradylar. Ol:*

*– Resululla (aleýhissalatu wesselam) hem şeýdip gülüpdi. "Näme üçin güldüňiz?" diýip soralanda: "Rebbülaleminiň ynsanyň "Aýdýanyň näme, Sen älemleriň Rabby ahyryn!" diýenine gülmegine gülýärin" – diýdi. Allatagala:*

*– Men seniň bilen oýun edemok. Sebäbi men Azimüşşandyryn, islän zadymy etmäge güýjüm ýetýändir! – diýdi."*

Jennet ähliniň Allanyň huzurynda wagty duýýan bagtyýarlygy, belki-de, olara bagyş edilen iň beýik nygmatlaryň biridir. Olaryň bu bagtyýarlygy şeýle beýan edilýär: *"Jennet ähli Allanyň huzuryna iki gezek barar... Olaryň her biri şol mejlisde amallaryna görä, dür, ýakut, zümrüt, altyn we kümüşden kürsülerde oturarlar. Olaryň gözleriniň şuglasy hiç haçan beýle ýiti bolan däldir.... Olar bu ýagdaýy gaýtadan başdan geçireris diýen tama bilen, ertiriň gelerine garaşmak üçin, öňki ýerlerine gaýdarlar."*

Müminleriň Jennetde hemme taraplaýyn hoşal boljakdygy bolsa, Kuranyň şu aýatlarynda aýdylýar:

*"Eý, mutmaýyn (kanagatlanan) nebis, Rabbyňa hoşal ediji we hoşal edilen bolup dolan. Indi bendelerimiň arasyna goşul, Jennetime gir."* ("Fejr", 89/27-30).

*”Olara özleriniň Rabbynyň berjek sowgatlary, içinde ebedi galmak şerti bilen, aşagyndan derýalar akýan ”Adn” jennetleridir. Alla olardan razy bolandyr, olar hem Ondan razy bolandyrlar. Ine, bu öz Rabbyndan ”süňňi galpyldap gorkýan kişi” üçindir.”* (”Beýýine”, 98/8).

Şübhesiz, Jennet nygmatlarynyň her biri has bereketli hem gymmatlydyr. Aýratynam, Jähennemiň bardygy Jennet ähliniň şol nygmatlardan alýan lezzetini ep-esli artdyrar. Sebäbi ahyretde ynsanlaryň Jennet we Jähennemden başga gitjek ýeri ýok ýokdur. Ine, şu sebäpli hem, Allanyň öz Jennetine kabul etmedik kişisiniň barjak ýeri Jähennemdir. Alla dünýäde wagty ynsanlara bir wagtyň özünde gowy bilen erbedi, owadan bilen betnyşany, oňyn bilen tersini görkezýär. Bu bolsa iman getirenleriň deňeşdirip görmegine we ajaýyplykdan alýan lezzetiniň artmagyna sebäp bolýar. Jennet ähliniň Jähennem azabyndan Allanyň rahmeti bilen halas bolandyklaryna begenişleri, in, şu hadysda şeýle beýan edilýär: *”Jennet ählinden hemme kişi Jähennemdäki ornuny görüp: ”Eger Alla maňa hidaýat (dogry ýol) bermedik bolsa neneň bordy?” diýer. Bu bolsa olaryň eden şüküri hasaplanar.”* Serwerimiz (s.a.w) başga bir hadysynda: *”Jennete girip, Jähennemden halas bolmak nygmatyň iň beýigidir”* diýmek bilen, bu beýik nygmatyň gadyryny bilmegi ündeýär.

Jennet ähliniň bu şatlygy Kuranda şeýle habar berilýär: *”... Şeýle diýerler: Bizi muňa ýetiren Allatagala şükürler bolsun! Eger Alla bize hidaýat bermedik bolsa, biz dogry ýoldan ýöremezdik. Kasam edýärin, Rabbymyzyň ilçileri hak bilen geldiler”. Olara: ”Ine, bu – eden işiňize laýyklykda miras berlen Jennetiňizdir” diýip seslenerler.”* (”Araf”, 7/43).

Galyberse-de, müminler islän wagty Jähennem ähliniň gözgyny ýagdaýyny, olaryň dünýäde eden işlerine nähili

garaw alýandygyny görmäge mümkinçilik tapar. Allatagala Kuranda Jennet ähli bilen Jähennem ähliniň özara gürrüňdeşligini şeýle mälim edýär: ”*Olar, hökman, Jennetlerde günäkärleriň hal-ýagdaýlaryny sorarlar: ”Sizi Jähenneme iteklän zat näme?” Olar şeýle jogap bererler: ”Biz namaz okamazdyk. Garyplary doýurmazdyk, olaryň nämä mätäçdigi bilen gyzyklanmazdyk. Boş gürrüň edip oturanlaryň arasyna bizem goşulardyk. Bu hasap gününiň bardygyna ynanmazdyk. Ajal biziň ýakamyzdan tutýança, hemişe şeýledik.” (”Müddessir*”, 74/40-47).

Jennetileriň hemmesi birmeňzeş derejede bolmaz. Kuranyň ”*Olar Allanyň huzurynda dereje derejedir...*” (”Ali-Imran”, 3/163) diýen aýatyndan-da mälim bolşy ýaly, Jennete girmeli kişiler takwalarynyň derejesine görä hormat görerler. Bu ýagdaý barada hadyslaryň birinde şeýle diýilýär: ”*... Jenneti hem amallara görä paýlarlar (Köp amaly bolan köp paý alar)*.”

Elbetde, bir kişi Jennetiň haýsy derejesinde bolanda-da, şondan hökman göwni hoş bolar. Sebäbi Allatagala Jennetdäki bendeleriniň ählisine hoşallyk wada berendir. Rabbymyz ýüregi päk bendeleriniň Özünden razy bolup, Jennete girjekdigini habar berýär. Ýöne dünýäde şol bir nygmatdan her kimiň özüçe lezzet alşy ýaly, ahyretdäki nygmatlardan alynýan lezzet hem dürliçe bolar. Allatagala has ýakyn bolan, Ony hakyky bolmalysy ýaly tanan adamlar bu gözellikden has köp lezzet alar. Allatagala belent derejelere mynasyp boljak bendeleriniň aýratynlyklaryny bir aýatynda, ine, şeýle mälim edýär: ”*Iman edenler, hijret edenler we Alla ýolunda mal we janlary bilen güýç sarp edenleriň Allanyň huzurynda beýik derejeleri bardyr. Ine, halas bolanlar we bagta ýetenler – şolardyr.*” (”Toba”, 9/20).

Mugire Ibnu Şubäniň (radyýallahu anh) habar berýän hadysynda Älemleriň Buýsanjy Serwerimiz (s.a.w) şeýle diýýär: ”*Hezreti Musa (aleýhissalam) Rabbyndan sorady:*

*– Derejesi babatda Jennet ähliniň iň pesi nähilikä? – Allatagala jogap berdi:*

*– Jennet ähli Jennete salnandan soň geljek adamdyr. Oňa: ”Jennete gir!” diýler. Ol: ”Eý, Rabbym, men nädip gireýin?! Her kim öz ýerine ýerleşdi, ornuny eýeledi!” diýer. Oňa şeýle diýler: ”Sen özüňe dünýäni sorap oturan patyşalardan biriniň mülküçe mülk berilmegine razymyň?” Ol hem: ”Hawa, razydyryn!” diýer. Allatagala: ”Saňa şol mülk berlendir. Şonuň iki essesi, onuňam iki essesi, onuňam iki essesi, onuňam iki essesi berlendir...” Ol adam bäşinjide: ”Eý, Rabbym, boldy, razy boldum” diýer. Allatagala: ”Bu saňa berildi, ýene on essesi berildi. Ýene-de göwnüňň näme küýsese, gözüň nämeden lezzet alýan bolsa, saňa şolaň hemmesi berlendir!” diýer. Ol adam: ”Boldy, men Senden razy, Rabbym!” diýer. Hezreti Musa sorag bermegini dowam etdirdi:*

*– Derejesi iň belent bolan nähilidir?*

*– Ine, höküm edenim şulardy. Olaryň keramat nahallaryny öz elim bilen oturtdym we üstüne möhür basdym. Olara taýynlan zatlarymy ne göz görendir, ne-de gulak eşdendir, ne-de kimdir biriniň kellesine gelendir.”*

Hezreti Ebu Hureýre (radyýallahu anh) gürrüň berýär: ”Resululla (aleýhissalatu wesselam) şeýle diýdi: ”*Allatagala: ”Men – Azimuş-Şan, salyh bendelerim üçin gözüň görmedik, gulagyň eşitmedik, ynsanyň kellesine gelmedik nygmatlary taýýarlap goýdum” diýip yglan etdi.”*

Ebu Hureýre hadysy aýdyp bolansoň, diňleýänlere ýüzlenip şeýle diýdi:

– Isleseňiz, şu aýaty-kerimäni okaň: ”*Hiç kim olaryň eden ýagşy işlerini sylaglamak üçin (Jennetde) gözleri nurlandyrjak niçeme nygmatlaryň gizlenendigini bilýän däldir.*” (”Sežde”, 32/17).

Başga bir hadysda-da ”Olar juma günleri hoşboý ys çaýýan şemalyň öwüsýän bazaryna aýlanarlar, şeýlelikde, olaryň görküne görk goşular” diýlipdir.

Sehl Ibnu Sad bu hadysy edil şolar ýaly edip aýdansoň: ”Muhammed Ibnu Kab şeýle diýdi: ”*Olar Alla üçin eden amallaryny gizlin sakladylar. Alla hem olaryň sogabyny gizlin saklady. Öz bendeleri ýanyna gelende, olary nygmata gark eder.*”

Harise Ibnu Wehb (radyýallahu anh) gürrüň berýär: ”*Resululla (aleýhissalatu wesselam):*

*– Size Jennet ähllinden habar bereýinmi? – diýdi. Onuň egindeşleri:*

*– Hawa, eý, Allanyň Resuly – diýişdiler. Aleýhissalatu wesselam:*

*– Ol biçäre hasap edilen ejiz adamdyr. Ol adam bir meselede Alladan kasam etse, Allatagala onuň arzuwlaryny hasyl eder, sözüni ýalana çykarmaz – diýdi we gaýtadan sorady:*

*– Size Jähennem ähllinden habar bereýinmi? Olar gödek, husyt we ulumsy adamlardyr.*

*Ebu Dawutda Hariseden (radyýallahu anh) gelen bir rowaýatda Resululla (aleýhissalatu wesselam) şeýle diýipdir: ”Jennete ne husyt baý, ne-de rehimsiz gödek girer.*”

Sad Ibnu Ebi Wakkas (radyýallahu anh) gürrüň berýär: ”Resululla (aleýhissalatu wesselam) şeýle diýdi: ”*Jennetdäki zatlaryň dyrnak ýaly bölejigi asman bilen zeminiň arasyny*

*bezärdi. Eger Jennet ählinden biri dünýä ähline görünse, onuň elindäki bilezikleriň şuglasy Günüň ýyldyzlaryň yşygyny örtüşi ýaly, Günüň ýagtysyny örterdi.*"

Şol sebäpli, jennetiler hem-ä nygmatlaryň iň ýagşysyna eýe bolar, hem-de munuň ebedidigini bilýändikleri üçin, söz bilen beýan ederden has ajaýyp lezzetlerden dadarlar.

# JENNETIŇ EBEDILIGI HAKYNDA

Jennet durmuşy ebedidir. Kuran ençeme ýerde bu ýagdaýy çintgäp-çintgäp beýan edýär. ”*Ol ýerde birinji ölümden başga ölüm datmazlar.*” (”Duhan”, 44/56); ”*Bagtly kişiler bolsa jennetdedirler. Ol ýerde tä asmanlar we ýer durgugyça, ebedi galarlar. Diňe Seniň Rabbyň isläni bolar (günäkär musulmanlar Jennete gitmekde gijigerler, ilki dowzahda jezalaryny çekerler.) (Perwerdigäriň tarapyndan Jennetde beriljek nygmatlar) tükeniksiz peşgeşdir.*” (”Hud”, 11/108); ”*Özleriniň Rablary olara öz adyndan rahmet we hoşallyk, içinde tükeniksiz nygmatlar bolan jennetleri buşlaýar. Olar şol Jennetlerde hemişelik galarlar. Iň beýik sylagyň Allanyň ýanyndadygy (şeksiz) hakykatdyr.*” (”Toba”, 9/21-22); ”*Ol ýerde hemişelik galarlar, olaryň ol ýerden gaýdasy gelmez*” (”Kehf”, 18/108); ”*Olaryň daş-töwereginde ebedilige ýeten (Jennetiň) ýaş hyzmatkärleri aýlanarlar. Olary göreniňde, (olary) ýalkymlaryndan ýaňa, daş-töwerege sepilen dürdür öýdersiň.*” (”Ynsan”, 76/19).

Allatagala başga bir aýatda bolsa, Jennetiler üçin ”*Daşyndan ebedi ýaşajak ýaşlar aýlanarlar.*” (”Wakyýa”, 56/1,7) diýmek bilen, ýaşlygyň we ölümsizligiň Jennetdäki nygmatlaryň hataryna girýändigine ünsi çekýär.

Jennet ebedi durmuşdyr, şonuň üçin hem ony bu dünýä bilen deňeşdirip bolmaz. Ynsan bu dünýäde arkaýyn durmuşda ýaşamak üçin zähmet çekýär. Meselem, käbir

adamlar öý edinmek üçin ömürboýy ýaz-u-gyş diýmän zähmet çekýärler. Ýöne bu hem olary kanagatlandyrman bilýär. Sebäbi her näçe baýlyk gazanylsa-da, ummasyz mümkinçilige eýe bolunsa-da, günleriň birinde olardan el üzmek howpy şol baýlyklaryň gymmatyny gaçyrýar. Bu, elbetde, dünýä gözi bilen seredeniňde şeýle. Munuň tersine, Jennet – bakydyr. Soňy gelmeýän sagadat ýurdudyr. Muňa şeýleräk meňzetme berse bolar: düýşünde naz-u-nygmatdan doly saçagyň başynda oturan adam şol lezzetli tagamlardan ýaňy el uzadan wagty, özüniň düýşdedigini bilse, şolbada ähli ajaýyp nygmatlar öz ähmiýetini ýitirer. ”Bu nygmatlar häzir zym-zyýat bolar” diýen pikir onuň mazasyny alar. Edil şonuň ýaly-da, dünýä nygmatlary hem bir gün ýok bolup, elden gitjekdigi üçin hakyky bagt bolup bilmezler. Serwerimiz (s.a.w) özüniň bir hadysynda: ”*Jennetdäki bir garyş ýaly ýeriň özi Günüň üstünde dogup-batýan zadyndan (dünýäden) has gymmatlydyr*” diýmek bilen, şu hakykaty ýatladýar. Tirmizi ýokardaky hadysy ýazan wagty, Hezreti Enesiň şu goşundysyny hem ýatlaýar: ”*Jennetdäki siziň biriňiziň ýaýy ýa-da gamçysy ýaly ýer dünýä we onuň içindäkilerden has haýyrlydyr. Jennet ähliniň içindäki aýallaryň ýekejesi ýerdäki adamlara görünse, dünýä we onuň içindäkileri ýagtyldar, asman bilen zemin aralygyny hoşboý ysa gark eder, onuň ýaglygy dünýä we onuň içindäkilerden has haýyrlydyr.*”

Jennetiler jennete, dowzahylar hem dowzaha girensoň, olara ”indi size ölüm ýok, siz bu ýerde soňsuza çenli ýaşarsyňyz” diýler.

Jennetdäki ebedi durmuş hadyslarda şeýle habar berilýär:

*”Jähennem ähline: ”Dünýädäki daşlaryň mukdaryça dowzahda bolarsyňyz” diýlen bolsady, olar muňa hoşal bolardylar. Jennet ähline-de: ”Daşlaryň mukdaryça uçmahda*

*bolarsyňyz" diýlen bolsady, olar muňa gynanardylar. Emma olar şol ýerde hemişelik galarlar."*

*"... Ol ýere giren adama naz-nygmatlar yzly-yzyna geler durar. Ol ebedilik şol ýerde bolar. Ol ölmez, onuň eşikleri könelmez we ol juwanlygyny ýitirmez."*

Kuran aýatlarynda hem, Pygamber Serwerimiziň (s.a.w) hadyslarynda hem juwanlygyň Jennet nygmaty hökmünde soňsuza çenli dowam etjekdigi nygtalýar: *"Jennete gözi sürmeli, sakalsyz, Ýusup (a.s.) ýaly gelşikli, Eýýup (a.s.) ýaly mähriban we otuz ýaşly ýigitler bolup girersiňiz."*

*"Adamlar, çagasyndan tut, tä garrysyna çenli, otuz üç ýaşyndaky ogullar bolup, Adam atanyňky (a.s.) ýaly ýaradylyşda, Ýusup (radyýallahu anh) ýaly hoşsurat we Eýýup (a.s.) ýaly ahlakly, sürmeli we bezemen ýagdaýda direlerler (we Jennete girerler)."*

# ALLANYŇ JEMALYNY GÖRMEK

Jennetdäki esasy nygmatlarynyň biri hem Allanyň jemalyny görmekdir. Ähli-sünnete görä, bu ýagdaý çürt-kesikdir. Has dogrusy, bu barada ençeme aýatdyr hadyslarda aýdylyp geçilpdir. Ýöne möhüm bir ýagdaý bar, ýagny Allanyň jemalyna syn etmek Jennetde däl-de, Jennetden görmek mümkindir. Ýagny, Allanyň belli bir mekany bar diýip bolmaz. Onuň mekanynyň çägine Jennetem girýär. Ýöne (meňzetme ýalňyş bolmasyn welin) synlama merkezi hasaplanýan müminler Onuň Nur Jemalyny Jennetden seredip bilerler. Allanyň jemalyny diňe şol ýerden synlap bolar. Galyberse-de, munuň nähili halda boljakdygy hem bize mälim däl. Bu waka diňe gözümiz gatnaşarmy, ýa ähli öýjüklerimiz gatnaşarmy, ýa-da kalp gözümiz gatnaşarmy, biz ony anyk bilemizok. Ýöne şuny aýdyp bileris: hadyslarda aýdylyşyna görä, bu waka asmandaky Aýy synlamaga meňzedilýär. Munuň özi, meňzetme ýoly bilen düşündirilse-de, bize Ony gözümiz bilen görmek mümkinçiligiň hem beriljekdigi hakda käbir maglumatlar bar. Hawa bu syn ediş Jennet ähli üçin iň beýik nygmatlaryň biri bolar. Muňa ”rü’ýetullah” diýilýär. Bu barada Kurany Kerimde şeýle diýilýär: ”*Ol gün Rablaryna seredýän nur saçýan ýüzler bardyr*” (”Kyýame”, 75/22-23). Älemleriň Serweri (s.a.w) özüniň bir hadysynda şeýle diýýär: ”*Siz, hakykatdanam, edil şu Aýy görşüňiz ýaly, Rabbyňyzy gözüňiz bilen (aç-açan)*

*görersiňiz. Ony gören wagtyňyz size adalatsyzlyk edilmez, dyknyşyk bolmaz.”* Süheýbiň rowaýat etmegine görä, Serwerimiz (s.a.w): ”*Ýagşy amal edenlere has oňat gaýtargy bilen zyýadasy (Allany görmek) bardyr*” (”Ýunus”, 10/26) aýatyny okap bolansoň şeýle diýdi: ”*Jennetiler Jennete girende Alla olara:*

*– Ýene näme islegiňiz bar? – diýip sorar. Jennetiler bolsa şeýle jogap bererler:*

*– Bizi ýüzi gara etmediň, Jennete saldyň, Jähennemden halas etdiň (Şularam ýeterlik, başga näme isläli?!)*

*Resululla sözüni dowam etdirdi: ”Haktagala perdäni aýrar, indi jennetilere berlen iň gowy peşgeş – öz Rablaryna seretmegidir.”*

Ynsan Jennetde islendik wagt dünýädäki duýgularyna, düşünjesine we pikirine laýyklykda üýtgeşik lezzet alar. Meselem, Jennetde Allanyň (jelle jelaluhu) jemalyna syn etmek bu dünýäde Allany tanamakda ýeten derejämize görä amala aşar. Allatagala ýakynlaşanlar, belki, günde birnäçe gezek Allanyň mübärek jemalyny görerler we her gezeginde has üýtgeşik keşbe girerler. Hatda, hadysyň beýanyna görä, bende Ylahy jemala seredip, aýalynyň ýanyna gaýdyp gelende, öz aýaly ony tanamaz. Ýagny, daşky şahsyýet bilen içki şahsyýet bir-birine gatyşansoň, ynsanda yzygiderli üýtgeşme bolup geçer.

Müminleriň Allatagalany Jennetden syn etmegi belli bir ugurda, ýerde ýa-da haýsydyr bir şekilde däldir. Munuň nähili ýagdaýda boljakdygy bize nämälimdir.

Süheýb (radyýallahu anh) gürrüň berýär: ”Resululla (sallallahu aleýhi we sellem): ”*Ýagşy amal işlän kişilere eden işleri üçin has gowy zat (Jennet), birem, eden işlerinden artykmaç zat (Allanyň jemaly) berler*” (”Ýunus”, 10/26)

diýen aýaty okap: ”*Jennet ähli Jennete, Jähennem ähli oda girenlerinde bir çakylykçy: ”Eý, Jennet ähli! Şübhesiz, Alla huzurynda siziň üçin bir äht bardyr. (Alla) size beren şol ähdini ýerine ýetirmekçi!*” *diýip gygyrar. Jennet ähli bolsa: ”Ol nähili äht? Allatagala biziň mizan terezimiziň sag tarapyny (ýagşylyklar bilen) agraltmadymy?! Bizi masgaraçylykdan halas etmedimi?! Jennetine salmadymy?! Bizi (Jähennemden) halas etmedimi?!*” *diýerler. Resululla (sallallahu aleýhi we sellem): ”Şonda Alla özüniň owadan jemaly bilen bendeleriniň arasyndaky perdäni açar welin, Jennet ähli Oňa aňk bolup galar. Allanyň adyndan kasam edýärin, Alla Jennet ähline Öz sypatyna seretmekden has gowy (gözüňi gandyrjy) nygmat beren däldir!*” diýdi.

Jerir Ibni Abdullah (radyýallahu anh) gürrüň berýär: ”Resululla (aleýhissalatu wesselam) Aýyň dolan gijeleriniň birinde Aýa garady we ”*Edil şu Aýy görşüňiz ýaly, Rabbyňyzy-da perdesiz görersiňiz we Ony görjek bolup basga galyp ýörmersiňiz (hemme adam Ony arkaýyn görer). Indi, Gün dogmanka we batmanka namazlaryňyzy wagtynda okaň.*” Jerir gürrüňe şeýle dowam etdi: ”Resululla soňra şu aýaty okady: ”*Rabbyňa Gün dogmanka we batmanka öwgi bilen tesbih aýt*” (”Taha”, 20/13).

Rowaýatlaryň birinde bolsa, söýgüli Pygamberimiziň (s.a.w) şu mesele bilen baglanyşykly aýdan hadyslary bar: ”*Jennet ähli Jennete girende, bu ýere amallarynyň derejesine görä ýerleşerler. Soňra olara dünýädäki günlerden Juma güni ýalyrak wagt Rablaryny görmäge rugsat berler. Olara Allanyň Arşy görkeziler. Olara Jennet bakjalarynyň biri görner. Olar üçin nurdan, dürden, ýakutdan, zeberjetden, altyndan we kümüşden münberler gurlar. Iň pes derejeli kişiler hem – olaryň pes derejelisi ýokdur – müşk harmanynyň üstünde*

*oturarlar. Kürsülerde oturan Jennet ähli ondan gowy mejlisiň*

*bardygyny görmezler... Şol mejlisde hemme kişi Allanyň*

*ýanynda bolup, Onuň (s.a.w) bilen söhbetdeş bolar.”*

# JENNETIŇ AÝRATYNLYKLARY

Kuranda we sünnetde aýdylyşyna görä, pygamberleriň çakylygyny diňläp, iman getiren we salyh amal eden kişiler Jennete girerler. Ol kişiler jennetidirler. Ynsan heniz aýatda dirikä, Allanyň we bendeleriniň öňündäki borçlaryny ýerine ýetirmek bilen ruhy taýdan şatlyga, maddy taýdan bolçulyga ýeter. Emma sözüň doly manysyndaky bagtyýarlyk we dost-doganlyk Jennetdedir. ”*Takwa kişiler, elbetde, Jennetlerdedir, çeşmelerdedir. Ol ýere çekinmän, belet bolup giriň. Biz ol jennetileriň ýüreklerindäki ýigrenji aýryp taşlarys. Olaryň hemmesi dogan bolup, tagtlaryň üstünde biri-birine garap oturarlar. Olar ol ýerde hiç hili kynçylyk görmezler we ol ýerden çykarylmazlar.*” (”Hijr”, 15/45-48)

Kurany Kerim namazyny doly okanlaryň, malynyň bir bölegini garyp-gasarlara berenleriň, hasap gününe ynanlaryň, Allanyň gazabyndan gorkanlaryň, namysyny gorap saklanlaryň, beren sözünde duranlaryň, amanata hyýanat etmedikleriň, dogry şaýatlyk edenleriň Jennete girjekdigini aýdýar. Galyberse-de, Beýik Biribar Özüniň ryzasyny arzuw edip sabyr edenlere, şükür edenlere, ýürekden toba edenlere, Alla ýolunda janyny gurban eden şehitlere we ýüregini Haka baglap, jan beren musulmanlara içinde ebedi ýaşaljak Jennetleriň bagyş ediljekdigini buşlaýar.

Kuranyň aýatlarynyň ençemesinde jennetileriň etmeli ybadatlaryndan başga-da, kämil ahlak sypatlaryna, edep-

terbiýä we päk ýürekli bolmaga degişli mowzuklar hem işlenip geçilýär. Alla (jelle jelaluhu) ynsanlara kämil ahlak sypatlaryny esas edinip ýaşamaklygy hem-de beýleki ynsanlara-da şeýle ýaşamaklygy ündemegi buýurýar. Ine, şeýle edilen halatynda, ýagny Allanyň buýruklarynyň amal edilende hem-de jemgyýet päk ahlaklylygy esas edinip ýaşanda, bu dünýä Jennete öwrüler. Sagadat asyry munuň iň aýdyň mysalydyr. Ol asyra hatda perişdeleriň hem gözi gidipdir.

Musulmanlar – Allanyň päk ahlakly bendeleridir. Olar eden her bir hereketinde, düşünjesinde we aýdan sözünde Allanyň ryzasyny nazarda tutup, Ony (jelle jelaluhu) söýerler we Alla (jelle jelaluhu) gorkusy bilen hereket ederler. Olar şeýtanyň gizlin ýa-da aç-açan hilelerine aldanmazlar. Olaryň akyllary sagdyn, wyždanlary bolsa päkdir. Ahyrete-de şol tämiz wyždan bilen giderler. Allatagala ”*Hawa, ol Rabbyna günälerden päklenen ýürek bilen gelipdi*” (”Saffat”, 37/84) diýen aýaty bilen musulmanlaryň ruhundaky päkligi aýan edýän bolsa, ”*Içinde özleriniň ebedi boljak, aşagyndan derýalaryň akýan Adn Jennetleri-de şolaryňkydyr. Ine, bu – günälerden päklenenleriň paýydyr*” (Taha, 20/76) diýen aýaty bilen Öz Jennetini päk ýürekli bendelerine wada berýär.

Arassa kalply musulmanlar gaharjaňlyk, kitüw, göriplik ýaly erbet ahlaklardan saplanyp, ýüregini diňe Alla (jelle jelaluhu) baglap ýaşarlar. Olar Allanyň ”*Bular – iman edenler we kalbyny Allany zikir etmek bilen gandyran kişilerdir...*” diýen aýatynda aýdan kişileridir. Olar ”*Iman getirip, salyh amal edenler we Rablaryna kalbyny baglanlar, ine bular hem Jennetiň halkydyr. Bu kişiler şol ýerde ebedi bolarlar*” (”Hud”, 11/23) diýen aýatda aýdylyşy ýaly, Jennet bilen buşlanýar.

Allatagala başga bir aýatynda-da: ”*Eý, mutmaýyn (aramlyga ýeten) nebis! Sen Rabbyňdan razy bolan halyňda, Onuň hem senden razy bolan halynda Rabbyňa dolan! Sen Meniň (yhlasly) bendelerimiň hataryna goşulyp, Jennetime gir*” (”Fejr”, 89/27-30) diýýär we dünýäde günälerden päklenip, nebsine erk eden bendelerini Jennetine çagyrýar.

Allanyň razy bolan bu häsiýetlerini özünde jemleýän imanly kişileriň pikir we hereketleri olaryň imanlarynyň nädereje ýokarydgyny görkezýär. Alla bolan söýgi hem-de Oňa bolan we gorky bilen hereket edýändikleri üçin olaryň her haly gözeldir. Olardaky bu ajaýyplyk bolsa Allatagala ak ýürekden gulluk etmekden hasyl bolýan nurdur. Bu kişiler Allanyň ”*... Olary ruku edýän, sežde edýän halatda görersiň; olar Alladan fazl (lutf we yhsan) we hoşallyk dilärler. Olaryň nyşany ýüzlerindäki seždäniň yzydyr. Ine, olaryň Töwratdaky aýratynlyklary şudur. Olaryň Injildäki (beýan edilen) aýratynlyklary bolsa: gögerip, gitdigiçe güýçlenip, ýognaýan we öz göwresine daýanýan bir ekin (ösümlik) mysalydyr. (Bu ekin) daýhanlaryň göwnüne ýarar, onuň baldagy güýçlener, ýogunlaşar, soňra baldagy öz göwresini göterip dik ösmäge başlar welin, muny görüp daýhanlaryň keýpi çag bolar...*” (”Feth”, 48/29) diýen aýatynda aýdylyşy ýaly, olar ýüzlerindäki sežde yzlaryndan tanalar.

Kuran aýatlarynyň käbirinde jennetileriň ýagdaýy şeýle beýan edilýär: ”*Iman getirip, salyh amal edenleri olaryň Rabby, iman getirendikleri sebäpli, olary agaçlarynyň aşagyndan deryalar akýan, bolelin Jennetlere salar. Olaryň şol ýerdäki dilegleri: ”Eý, Allam! Sen ähli kemçiliklerden päksiň!”, biri-birlerine aman-esenlik dilegleri: ”Salam-salamatlyk”*,

*ahyrky dilegleri bolsa: ”Älemleriň Rabby üçin hamdy-senalar bolsun!” (diýen sözlerdir)”* (”Ýunus”, 10/9-10).

*”Kim Onuň huzuryna mümin bolup, salyh amal edip barsa, ine, oňa iň belent derejeler garaşýar. Olar şol ýerde aşagyndan derýalar akýan Adn Jennetlerinde ebedi galarlar. Ine, bu-da (günäden) saplananlaryň sylagydyr.”* (”Taha”, 20/75-76).

Imran bin Husaýnyň rowaýat etmegine görä, Hezreti Pygamberimiz (s.a.w) Jennet ähliniň aglabasynyň garyplardygyny aýdypdyr. Hadysa düşündiriş berýänler bu hakda şeýle diýýärler: Ynsana erbetlikleriň köpüsini pul etdirýär. Köp adam pul we mal sebäpli azýar. Belki, şol sebäpli söýgüli Pygamberimiz (s.a.w) şeýle diýendir. Belki-de, malsyz garyplar baýlardan köp bolansoň, Jennet ähliniň agramly bölegini garyplaryň tutmagy hem mümkin.

Hadyslarda-da Jennete girmäge hukuk gazanjak kişileriň aýratynlyklary şeýle gürrüň berilýär:

*”... Olaryň Jennete girmegine iň köp sebäp bolýan zatlaryň nämelerdigini bilýäňizmi?:* Alla bolan gorky we oňat ahlakdyr...”

*”... Alladan utanmak – gabyrda çüýremegi, kalbyňdaky we akylyňdaky zatlary unutmazlykdyr. Kimde-kim ahyret sylagyny isleýän bolsa, onda dünýä zynatyndan el çeksin. Ine, şonda bendäniň ”Alladan doly utandygy” bolar. Şonda Allanyň dosty bolmak bagty miýesser eder.”*

Oňat ahlagyň alamatlary bolany üçin, Serwerimiz (s.a.w) hadyslarynda adalatly, merhemetli, sabyrly, päk, ar-namysly we dogruçyl bolmagy ýygy-ýygydan agzap geçipdir.

# JENNETE BARÝAN ÝOLUŇ AHYRY

Hemki zadyň öz bahasynyň bolşy ýaly, Jennetiň hem özüne laýyk bahasy, has takygy, birnäçe şerti bar. Haktagala Serwerimize (s.a.w) ýüzlenip, iman getiren, salyh amal eden, takwa halkasyna giren, haramlary haram saýyp, olardan gaça duran, halallary halal saýyp, şolar bilen kanagatlanan, hatda, ”haram bolaýmasyn!” diýen gorky bilen şübheli zatlardan hem el çeken, Hezreti Omar (r.a) ýaly, ”belki haramdyr” diýen gorky bilen halalyň ondan dokuzyny terk eden kişileri Jennet bilen buşlamagy perman edýär. Bular – özüne gelen habarlary diňlän, özünden talap edilen zatlary aňrybaş derejede ýerine ýetirmäge çalşan salyh ynsanlardyr.

## Güýçli iman

Olar ilki bilen hökman ynanmaly zatlara hiç ikirjiňlenmän iman getirdiler.

Haktagalanyň bardygyna we Onuň ýeke-täkdigine;

– deňi-taýynyň ýokdugyna;

– hiç hili ýere we wagta bagly däldigine;

– Uluhyýet (Taňrylyk sypaty) we Rububiýet (dolandyryjylyk sypaty) babatda deňsiz-taýsyzdygyna;

– kämil sypatlaryň eýesidigine;

– nogsan sypatlardan uzakdygyna;

– Onuň bardygyna, öz barlygynyň özündendigine, beýleki barlyklaryň barlygynyň bolsa, Onuň barlygyna baglydygyna;

– Onuň ezelidigine, hiç zadyň ýok wagtam Onuň bolandygyna;

– Onuň soňunyň ýokdugyna, hemme zadyň belli bir ömri bolsa-da, Onuň ebedidigine, ebediliginiň özündendigine;

– Onuň ýeke-täkdigine, hemme zadynyň hem ýeke-täkdigine;

– ýaradylan zatlaryň hiç birine meňzemeýändigine;

– ýaşaýandygyna we ömür berýändigine;

– ylmynyň bolan we boljak ähli zady gurşaýandygyna;

– ähli zady – uly topbak ýyldyzlaryň hereket edende çykarýan seslerinden tä göz bilen görüp bolmajak derejedäki kiçijik mikroplaryň çykarýan seslerine çenli – iň ajaýyp görnüşde eşidip dolandyrýandygyna;

– ähli zady – hatda, gijäniň tümlüginde gap-gara daşyň üstündäki garynjany hem – görüp, onuň hajatyny bitirýändigine;

– ähli zadyň Ol (jelle jelaluhu) islänsoň bolýandygyna, Ol islemese hiç zadyň amala aşmajakdygyna, hatda bolmadyk wakanyň hem Onuň bolmagyny islemänsoň bolmaýandygyna;

– ähli zada güýç-eradasynyň ýetýändigine, hiç bir zadyň Ony (jelle jelaluhu) asgyn düşürmejekdigine;

– özüne mahsus bolan häsiýetde gepleýändigine, emma geplände biziňki ýaly, howadyr ses bogunlaryna hajat duýmaýandygyna, kelamyna iň oňat mysalyň Kurandygyna;

– ähli zady Onuň ýaradandygyna, ähli zadyň Onuň ýaratmagy bilen emele gelendigine;

– rahmetiniň ähli zady gurşap alýandygyna we merhemetiniň gazabyndan öňdedigine;

– hiç kime zulum etmeýändigine, her işinde bir hikmet bardygyna ynanmak gerek.

– Onuň bizden başga-da ýaradan, Özüniň buýrugyndan asla çykmaýan, gurluşy nurdan bolan, wezipesi Allanyň buýruklaryny takyk ýerine ýetirmek bolan perişdelerine-de iman getirmek zerurdyr. Mundan başga-da, Onuň ýene şol işleri etmäge borçly mahluklary bolan jynlaryň we päli azan Iblisiň bardygyna ynanmak gerek.

– Onuň ynsanlara ýüzlenme hökmünde inderen we iki dünýäniň sagadatyna sebäp boljak kitaplarynyň, Töwrat, Zebur, Injil ýaly hakykatlaryň asyl nusgasyna we ylahy kitaba – Kurana iman getirmek gerek.

– Bu ýüzlenmäni ynsanlara ýetirmek üçin, Haktagala tarapyndan saýlanan, günäsiz, amanata asla hyýanat etmedik, öz ýaşan döwründäki ynsanlaryň danasy, juda çylşyrymly meseleleri hem edil çaý içesi salymda çözmegi başarýan parasatly, asla ýalan sözlemedik, dogruçyl, özüne bildirilen habarlary ynsanlara düşündiren hezreti Adamdan (a.s.) Älemleriň Serwerine (s.a.w) çenli ýaşap geçen pygamberleriň ählisine we olaryň getirenlerine ynanmak hem gaty möhümdir.

– Täleýiň Onuň ylmy esasynda, ylmynyň şöhlelenmesi hökmünde ýazylandygyna, haýyr-şer – ählisini Onuň ýaradandygyna, ýöne Onuň haýra razy bolup, şere asla razy däldigine; şonuň üçinem haýyr isläp, ýagşy işleriň gözleginde gezseň, Onuň hem seni şol haýyrly işlere ýeňillik bilen ýetirjekdigine; munuň tersine, şer isläp, şer iş etmegi ýüregiňe düwseň, şer işlere aňsatlyk bilen ýetirjekdigine; bu ikisinden birini saýlamak üçin ynsana belli bir derejede erk berendigine; şeýtmek bilen adamy bu dünýäde synagdan geçirýändigine-de iman getirmek hökmandyr.

– Soňunda bolsa, bu synag dünýäsiniň ahyr bolup, täp-täze we soňsuz bir durmuşyň başlajakdygyna; ölüm bilen ähli zadyň tamamlanmaýandygyna; ondan soň gabryň, kyýamat gününiň, hasabyň, mizan terezisiniň, Syratyň we Jennetiň ýa-da Jähennemiň boljakdygyna iman getirmek zerurdyr.

Hökman ynanmaly zatlary gysgaça aýdyp geçdik. Sebäbi Jennete girmegiň ilkinji we iň zerur şerti güýçli imana eýe bolmakdyr.

Serwerimiz (s.a.w) kalbynda çigit ýaly iman bolan kişiniň Jähennemden çykarylyp, Jennete salynjakdygyny, kimiň soňky sözi ”Lä ilähe illalla” bolsa, ýagny imany hemra bolsa, şonuň Jennete girjekdigini aýdýar.

Bir gezek Serwerimiziň (s.a.w) ýanyna bir çarwa arap gelip, ondan haýsy amallaryň Jenneti gazandyrjakdygyny sorapdyr. Serwerimiz (s.a.w) oňa Allatagala hiç zady şärik goşman gulluk etmelidigini, günde bäş wagtyna parz namazyny okamalydygyny aýdypdyr. Onda ol çarwa: ”Hemmesi şulardan ybaratmy?” diýip sorapdyr. Serwerimiz (s.a.w) oňa: ”Şol ybadatlary has köp (nepil hökmünde) ýerine ýetirseň, has gowy bolar” diýipdir. Soňra Ol (s.a.w) Ramazanda tutulýan oraza barada-da gürrüň beripdir, munuň bilen bir hatarda, nepil orazasyny tutsa, has köp sogap gazanjakdygyny aýdypdyr. Gürrüňiň dowamynda zekat hakynda-da agzalyp geçilipdir. Çarwa arap gürrüňdeşligiň ahyrynda: ”Walla, şu talap edilýän zatlary ne kem, ne-de artyk – hutma-hut aýdylşy ýaly ýerine ýetirerin!” diýip, ol ýerden arany açypdyr. Serwerimiz (s.a.w) onuň yzyndan garap: ”Kim jenneti birini görmek islese, şol adama seretsin” diýipdir. Bu hadyslaryň ikisinde-de iman we salyh amal nygtalýar.

Amalsyz iman gurulmadyk jaý ýalydyr. Hiç kimiň ol ýerde ýaşasy gelmez. Imansyz amal bolsa binýady berk tutulmadyk jaýa meňzeşdir, derrrew ýykylmak bilen bolar. Gysgaça aýdanymyzda, Jennetiň ebedi bir sagadat ýurdudyr, ony gazanmak üçin güýçli imana eýe bolmaly, salyh amal etmeli hem-de kynçylyklara döz gelmelidir.

## Salyh amal

”Salyh amal” diýlen düşünje Kuranda şeýle bir kän agzalyp geçipdir welin, öz ýanyňdan ”Şu imanyň ekiz taýy bolaýmasa” diýeniňi duýman galýarsyň. Hakykatdanam, imanyň yz ýanyndan hemme ýerde diýen ýaly, salyh amal agzalyp geçilýär. ”Salyh amal” diýlen düşünje Allany hoşal etjek, Ony razy etjek her dürli amaly öz içine alýar. Şol sebäpli hem, ol ybadatlary, hereketleri we oňat ahlagy tutuşlugyna öz içine alýan giň mazmuna eýedir.

”Salyh amal” diýlende öňi bilen, Kuranda we Älemleriň Serweriniň (s.a.w) hadyslarynda iň köp üstünde durulýan, hezreti Alynyň (r.a) pikiriçe, kapyr bilen musulmany biri-birinden tapawutlandyrýan iň uly aýratynlyklaryň biri bolan namaz ýadyňa düşýär. Namaz Magraçda bu ymmata sowgat berilýär. Iň gözel gulluk edilýän, ejizligiň bilnip, belent mertebä çykylýan, Haka iň golaý bolunýan wagt – namaz okalýan wagtdyr. Haktagala bendelerine bäş wagtyna namaz okamagy buýruk beripdir, bulary ýerine ýetirene, Süleýman Çelebiniň sözi bilen aýdanymyzda, elli wagtyň sogabyny berjekdigini wada beripdir. Onda, kimde-kim Jennete girmek islese, hemme zatdan öňürti bäş wagt namazy doly berjaý etmek zerurdyr.

Mukaddes Remezan aýynda, şerigatyň rugsat eden sebäbi bolmasa, agyz bekläp, Haka ýene bir ädim golaýlaşmak gerek.

Allanyň beren malyndan, her ýyl her bir maldan berilmeli zekaty mätäçlere bermek gerek.

Ýene-de, mümkinçilik bolsa, ömrüňde, bolmanda ýeke gezek Resulullanyň şäherini zyýarat etmek, haj ybadatyny berjaý etmek gerek.

Bu parzlaryň daşyndan, nefil ybadatlar bilen olaryň sogabyny artdyrmak, oňatlyga ündäp, erbetlikden saklamak, Alla ýolunda jan bilen, mal bilen göreşmek, haramlardan ýylandan gaçýan ýaly gaçmak we kämil şahsyýet bolmak üçin dinimiziň emirlerine we permanlaryna amal etmek – bu ýoluň iň möhüm esaslaryndandyr.

## Beýik ahlak

Jennete girmegi maksat edinen Hak aşyklary tutuş ömrüni Resuly-Ekremiň (s.a.w) şol beýik ahlagy bilen ahlaklanyp geçirerler. Ene-atasyna hormat goýarlar, hatda olary sähelçe söz ýa-da hereket bilenem ynjytmazlar. Ululary hormatlamagy, kiçileri söýmegi özleriniň borjy saýarlar. Haramyň haramdygyny bilip, ondan saklanarlar, halal çäk bilen kanagatlanyp, şondan daşary çykmajak bolarlar. Mätäçlere kömek bermek, ýalandan uzak durmak, hiç kimi kiçi görmezlik, kişiniň hakyny iýmezlik, dogrulygy şygar edinmek, yhsany endik halyna getirmek, mydama haýyrly işleriň başynda bolmak, eden işleriňi diliňe almazlyk, eden amallary bilen kanagatlanmazlyk we eden işini öwmezlik – Jennete girjekleriň aýratynlygydyr.

## Bela-beterler bilen synag edilmek

Jennete girmäge sebäp boljak zatlardan biri-de, bela-beterler bilen synag edilmekdir. Allatagala söýýän bendelerini şol söýgüsine laýyk bolmagy üçin her hili synag bilen synaýar. Edil, toprakdan gazylyp alnan altyny toprakdan saplamak üçin, gazanda eredip, elekde süzmegiň zerur bolşy ýaly, ynsan hem bu dünýäde eden hatalaryndan diňe käbir synaglara duçar bolmak, käbir bela-beterlere uçramak bilen päklenip biler. Kuranda gaty köp ýerde başyna gelen her hili synaglara sabyr edenlere olaryň şol sabry üçin, Jennet wada berilýär. Bakara süresinde ”*Elbetde, Biz sizi gorky-howp, açlyk, emlägiňize, janyňyza we hasyllaryňyza nogsanlyk ýetirmek (garyplyk) arkaly synag ederis. Sabyr edenleri söýünjile!*” (”Bakara”, 2/155) diýýär. Elbetde, bu Onuň razylygy üçin ýerine ýetiriler we bu razylyk hem ediljek sabryň netijesinde gazanylar. Jennete girmek isleýän kişi başyna gelen her zatda bir haýryň bardygyny bilip, Rabbyna şükür, hamd we doga-dileg etmelidir. Garyplyk bilen synalanda tygşytly bolmak we kanagat etmek bilen, bolluk bilen synalanda bolsa hamd etmek we sadaka bermek bilen bu synaglardan sag-salamat geçilmelidir. Elindäki nygmatlary isrip etmän, ryzkyň hemişe Ondan (jelle jelaluhu) gelýändigine ynanýandygy üçin, mümin malyny Onuň (jelle jelaluhu) ýolunda sarp eder. Rablaryna ýürekden ynanan saýlantgy bendeler üçin hem Jennet wada berilýär. Bolup geçen her zatda Onuň (jelle jelaluhu) möhürini görmek, her zatda bir hikmet gözlemek, başa gelen her zada ”gazabyňam hoş, lutfuňam hoş” diýip bilmek, elbetde, Hak ärleriniň sypatydyr.

Hawa, ”Hak dosty” diýip tanalýan müňlerçe ägirtler ýaşap geçipdir. Olaryň durmuşyna nazar aýlanymyzda, diňe azap,

ejir, köplenç, garyplyk, hatda bollukda hem garyp ýaşamak, başgalar üçin ýaşamak; men-menlikden, ulumsylykdan, tekepbirlikden, özüňe aşa göwnüýetijilikden saplanmak we diňe Hakyň ryzasy üçin ýaşalan durmuşy görýäris.

Buhary we Müslimiň rowaýat eden bir hadysynda, Resuly Ekrem (s.a.w) şeýle diýýär: ”*Jennet durşuna nebsiň halamaýan zatlary bilen gurşalandyr, Jähennem bolsa (nebsiň isleg-arzuwyny meçew berýän) jynsy isleg bilen...”.*

Hawa, haýyrly iş edýän kişileriň öňüne päsgelçilikler köp çykar, şeýtanlar Kurana hyzmat edýänleri azdyrjak üçin elinde baryny ederler. Ýazu-gyş, yssy-sowuk diýmän täret alyp, Allanyň huzurynda gol baglap, namaza durmak, tomus palsynyň gysga gijelerinde gijara ýassy namazyny, daň bilen hem ertir namazyny okamak; ýagyş-gar, ýel-tozan diýmän, namazlyga ýapyşmak, iş-aladany we ýadawlygy taşlap, Oňa (jelle jelaluhu) ýönelmek, elbetde, nebis bilen göreşmegi talap edýär. Tomus paslynyň yssy hem-de uzaga çeken günlerinde, tüp yssyda agyz beklemek, agzyňy suwardýan ir-iýmişleri iýmekden, suw içmekden we ýanýoldaşyňa ýanaşmakdan saklanmak, elbetde, nebsi jylawlamak bilen bolar. Maňlaý deriňi döküp ýygnanja zadyňdan başgalaryna bermek üçin hem güýçli erk gerek. Nebis mal söýgüsi bilen doldurylandyr. Eliňde baryndan başgalara paýlamak nebse hoş ýakmaýan zatlaryň biri. Emma şu-da Kuranyň aç-açan öwüdi: ”*Nebis hiç haçan ýagşylygy emretmez.*” Tersine, hemişe erbetlige çagyrar. Ýene-de, maňlaý deriňi döküp gazanan puluňy parz bolan haj ybadatyna gitmek üçin sarp etmek hem nebsiňe hoş ýakmaýar. Sebäbi, daş-töwerekde häli-şindi: ”Näme üçin araplara puluňy gapdyrmaly?!”, ”Entäk işiň bir ugruksyn, ogluňy öýer, soň gidersiň!”, ”Ol ýerlerde bu ýylam bir topar adam jan berdi” diýen ýaly myş-

myşlar ynsanyň Haka gulluk etmegine böwet bolýar, oňa şeýle ybadatlary ýerine ýetirmek aňsat düşüp durmaýar. Her kim ýumşak düşekde uklap ýatyrka, Hak ýolunda kimdir birine Allany tanatmak üçin Watanyňy, dogan-garyndaşyny taşlap, hijrete gitmek; baran ýeriňde müň dürli jepa hem-de garyplyga döz gelmek, gije-gündiz, iş güni, dynç güni diýmän, irşad we teblig wezipesinde bolmak, elbetde, nebsiň boýnuna zynjyr urýan amallardyr.

Beýleki bir tarapdan, hezreti Osmandyr hezreti Abdurrahman bin Awf (radyýallahu anhum) ýaly, ençeme azap görüp, ýygnap-ýygşyranjasyny irşad gerçeklerini goldamak üçin sadaka berenleriň; aýal-erkek diýmän, gapy-gapy aýlanyp, adamlaryň kalbyna iman nuruny çaýmak üçin gaýrat edýänleriň; bu işi edýän wagty, gaýta-gaýta kowulmaga sabyr edenleriň; käbir adamlar tapan zadyny halal-haram diýip saýgaryp durman, iýip-içip ýören wagty, halal iýip-içeýin diýip, uzak wagtlap ençeme nygmatdan mahrum galýanlaryň öz nebisleri bilen bolan göreşleri-de o diýen aňsat bolmasa gerek. Käbir adamlar wezipäni, mal-mülki, puly we şan-şöhraty bar zatdan ileri tutýan wagty, Haka göwün berenleriň, şol adamlardan hernäçe başarnykly bolsa-da, şo zeýilli zatlara pitiwa etmän, diňe Allanyň razylygy ugrunda zähmet çekmekleri, bu ugurda her hili kemsidilmelere, äsgermezliklere, töhmete sezewar bolsa-da sabyr etmekleri, diňe Allanyň (jelle jelaluhu) razylygy ugrunda göreşýändikleri üçin, içlerinde kitüw saklap, ar almakdan gaça durmaklary, şeýle ýagdaýlarda özleriniňki näçe dogry bolsa-da, içindäki Allatagala aýdyp, gözýaş döküp, dertlerinden zeýrenmeýişleri, zeýrenmän, dertlerini ýaşyrmaklary diýseň kyn ýagdaýdyr. ”Rabbym - Alladyr!” diýeni üçin urlup-sögülmek, ynanjyna göre ýaşany üçin

tussag ýa-da sürgüne edilmek, namaz okanyň üçin işden kowulmak, çörekden kesilmek – ine, bularyň hemmesi Jennete eltýän ýoldur we nebsiň halamaýan zatlarydyr. Aslynda, daşyndan kyn ýaly görünýän bu zatlar meseläniň düýp-mazmunyna göz ýetirenler üçin o diýen kyn hem däl. Ol adamlar şol kynçylaryň içindäki gözellikleri, Jennetdäki ýaly süýji durmuşy görüpdirler we beýleki adamlaryň daşardan, willadan, gämiden, elpe-şelpelikden agtaran Jennetini olar şol kynçylyklaryň içinden tapypdyrlar. Şeýdip, olaryň kalby hemişe Jennetde ýaşapdyr, olar zyndanda bolsalaram, şol ýerini Jennet bakjasyna öwürmegi başarypdyrlar.

## Jennetiň ýaradylmagynyň hikmetleri

Jennet – Haktagalanyň "*Rahman*", "*Rahym*", "*Kerim*", "*Jemil*" ýaly ençeme atlarynyň dabaralanýan ýeridir. Jennet – bu dünýä synagyndan üstünlikli geçenlere sylaglarynyň birkemsiz beriljek ýurdudyr. Bu dünýä ýaşaýşy "*Ynsanlardan kimleriň amal taýdan has ýagşy işler etjekdigini anyklamak üçin*" ("Mülk", 67/2) ýaradylandyr. Beýle bolsa, bu ýeriň özüne mahsus düzgünleri bolmaly. Allanyň hökmüne göre, bu synag dünýäsinde üstünlik gazanmak üçin käbir ybadatlara, kynçylyklara, hassalyklara, nebsiň haý-höwesine garşy sabyr etmelidir. Hatda käbirleri bu dünýäde kynçylyk baryny görüp, ömrüni garyplykda we ýekelikde, diňe ezilip, kemsidilip, ýagdaýyna düşünilmän, dertli, alaçsyz, ýeke ýaşap o dünýä gidýärler. Aslynda, olar imanlarynyň saýasynda ne ýalňyzdyrlar, ne-de hossarsyz. Emma dünýä lezzetinden hiç zat datman, bu ýerden göçüp gidýänleri hak. Eger-de olar çeken ähli jebirleriniň jogaby hökmünde peşgeş almajak bolsalar, onda bu durmuşyň kynçylyklaryna döz gelmegiň

näme manysy bar?! Hatda Kant hem ahlakly bolmagy ahyrete ynanmak bilen baglanyşdyryp: ”Eger ahyret ýok bolsa, onda ynsan näme üçin gowy gylykly, ahlakly bolmaly?!” diýýär. Hawa, ”*Heý, topraga sepilensoň, gögermedik tohum barmy?! Heý, ene garnyna düşensoň, ol ýerde ýok bolup giden ”tohum” barmy?! Alla ynsany öz ruhy bilen täçlendirip, ony symrug guşy kimin bezäpdir. Jeset çüýräp dagasa-da, ruh Onuň barlygynyň saýasynda ebedilik ýaşar.*”

Bir hadysynda söýgüli Pygamberimiz (s.a.w) şeýle diýýär:

”*Jennet we Jähennem özara düşünişmän, Allanyň dergähinde dawa edýärler. Jähennem: ”Men ulumsylar we zalymlar üçin ýaradyldym” diýip öwünýär. Jennet hem: ”(Eý, Rabbym!) Maňa näme üçin diňe ejiz we pes adamlar girýär?!” diýip soraýar. Allatagala ilki Jennete ýüzlenip: ”Sen Meniň rahmetimsiň. Islän bendelerime rahmetimi seniň bilen ýetirerin!” diýýär. Soňra-da Jähenneme ýüzlenip: ”Sen hem Meniň gazabymsyň. Islän bendelerimi seniň bilen azap bererin!” diýýär. Soňra ikisine-de ýüzlenip: ”Ikiňiziňem öz wezipäňiz bar! Ikiňizem dolarsyňyz!” diýýär. Emma Jähennem doýmak-dolmak bilmedi. Allatagala hem aýagyny onuň üstüne goýdy. Şonda Jähennem: ”Boldy! Boldy!” diýip iňledi. Şeýdip doldurylan Jähennemiň agzy ýumuldy. Allatagala ýaradanlarynyň hiç birine asla zulum etmez.*

*Jennet barada aýtmaly bolsa, Alla ony täze janly-jandar ýaradyp, şolar bilen doldurar.*”

# JÄHENNEMIŇ BEÝANY

Jähennem – azap ýurdy bolan oduň adydyr. Dilçileriň käbirine görä, ”Jihinnam” ýa-da ”jühünnam” hem diýilýän Jähennem ”düýbi çuň guýy” diýmegi aňladýar. Kapyrlar üçin ebedi, müminleriň käbirleri üçin bolsa wagtlaýyn azap ýurdy bolan bu ýere beýle adyň dakylmagynyň sebäbi onuň çuň çukur görnüşinde bolmagydyr. Dilçileriň käbiri bolsa, munuň sebäbini şeýle diýip düşündirýärler: Jähemmen sözi arap dilindäki ”jehman” sözünden alnyp, bu hem ”jehm” sözünden ýasalandyr. Jehm ”gaty we betgelşik bolmak”, jehman bolsa ”düýbi görünmeýän çuň guýy” diýmekdir. ”Kehennam” sözünden arap diline giren alynma sözdügi hem aýdylypdyr. Kurany Kerimde Jähennem sözi 77 gezek agzalyp geçilýär, ýene-de, şol bir manyda ulanylan başga sözler hem bar. Kurany Kerimde Jähennem üçin iň köp ”nar” (ot) diýen at ulanylýar. Jähennemiň beýleki atlary bolsa şulardyr: ”haryk” (ýangyn), ”hutame” (mynjyradyp ýugurýan), ”sair” (alawlar), ”hawiýe” (uçut, çukur), ”leza” (ýalyn, bedeniň iç organlaryny sogurýan), ”sakar” (ynsanyň tenini ýakýan ot), ”jahim” (gowrujy ot), ”hamim” (gaýnag suw), ”semum” (ýalynly şemal), ”sijjin” (zyndan, çuň çukur), ”weýl” (many taýdan ”dat günüňe” diýmegi aňlatsa-da, Jähennemdäki bir guýynyň ady), ”gaýy” (”azyp ugryňy üýtgetmek” manysynda, Jähennemdäki bir jülgäniň ýa-da guýynyň ady).

”Nar” sözi bolsa ”ot” diýmekdir. Ol ”Göz bilen görülýän alawly ot” diýmegi aňladýar. Kuranda bu söz 145 gezek ulanylýar. Oduň ynsan bedenini daglap, gaty uly ezýet hem agyry berýändigi üçin, ahyretde kapyrlara, mynafyklara – ikiýüzlilere we pitneçilere ot bilen jeza berler. Jähennem – ahyretde günäkärlere jeza hökmünde tutaşdyrylan oduň adydyr. Jähennemiň iň äşgär aýratynlygynyň ot bolany üçin, käte Jähennemiň deregine ”ot” manysyny berýän ”nar” sözi ulanylýar.

Yslam alymlarynyň aglabasyna görä, kapyrlar, mynafyklar we müşrikler Jähennemde ebedi bolarlar. Toba etmän, günäkär bolup ölen we günäleri bagyşlanmadyk müminler hem Jähennemde ebedi bolarlar. Olar günälerine barabar azap çekerler. Soňra ol ýerden halas bolup, Jennete girerler we şol ýerde ebedi galarlar.

Allatagala Jähennemi beýleki zatlardan öň ýaradypdyr. Ol edil häzir hem bardyr, mundan soňam ýok bolup gitmez. Bu ýagdaý şu aýatda diýseň aýdyň beýan edilýär: ”*Indi ol otdan saklanyň, onuň tutaşdyrlygy (kapyr) ynsanlar bilen daşlardyr. Ol (ot) kapyrlar üçin taýynlanyp goýlandyr.*” (”Bakara”, 2/24). ”*Kapyrlar üçin taýynlanan otdan gorkuň!*” (”Ali-Imran”, 3/131).

Enes bin Maligiň (r.a) rowaýat eden bir hadysynda-da Pygamber Serwerimiz (sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýipdirler: ”*Ýap-ýaňy maňa şu diwaryň ýüzünde Jennet bilen Jähennem görkezildi.*”

Ot ynsan bedenini ýakyp, oňa erbet jebir çekdirýär. Şol sebäpli, ahyretde kapyr we mynafyklaryň jezasy ot bolar. ”*Şeýlelikde, Jähennem – Allanyň tutaşdyrylan odunyň adydyr.*”

# JÄHENNEMIŇ GATLAKLARY

Jennetiň diňe bir gatdan ybarat bolman, onuň içinde dünýädekä ýagşy işleri edenleriň derejesine görä, birnäçe derejesiniň bolşy ýaly, Jähennemiň hem birnäçe gatlagy bardyr. Ynsan bu dünýädäki eden etmişleriniň we aýdan paýyş sözleriniň derejesine görä tapawutlylykda jebir çekerler. Kurany Kerimde bize Jähennemiň ýedi gapysynyň bardygy habar berilýär. ”*Onuň (dowzahyň) ýedi gapysy bardyr. Her gapy üçin olardan (günälerine göre) bölünen topar bardyr*” *diýdi.*” (”Hijr”, 15/44). Bu aýatda agzalan ýedi gatlagyň ýa-da gapynyň hikmeti hakynda iki ýönekeý pikir kellä gelýär:

a) Jähenneme düşjekleriň sanynyň köpdügi üçin, olar topar-topar bölünerler.

b) Jeza berlişiň etmişiň derejesine görä boljakdygy üçin, Jähennemiň ýedi gapysy ýa-da gatlagy bardyr. Bu gapy ýa-da gatlaklar haýsylar? Bular hakynda ýene-de Kurana ýüz tutanymyzda, şu atlar bilen garşylaşýarys:

1- ”Jähennem”: ”Çuň guýy” diýmekdir. Azaby iň ýeňil bolan Jähennem gatlaklarynyň iň ýokarkysynda bolar. Sünni alymlaryna görä, bu ýeri günäkär müminleriň azap çekjek ýeridir, olar jezasyny çekip bolansoň, bu ýer boşap galar. Bu ýagdaýda Jähennem, umumy alanyňda, ahyretdäki azap çekiljek ýeriň ählisiniň, aýratynlykda bolsa, iň ýokarky gatlagynyň adydyr. Bu at Kurany Kerimiň 77 aýatynda ulanylypdyr.

2- ”Leza”: ”Ýalyn” diýmekligi aňladýan bu söz Kuranda bir gezek ulanylypdyr we ”*bedeniň iç organlaryny soguryan*” (”Mearij”, 70/15-16) diýlip häsiýetlendirilipdir.

3- ”Sair”: ”Tutaşdyrmak, alawlandyrmak” manysynda gelip, 16 aýat we hadysda ulanylypdyr. Kuranda köplenç,

Jähennemiň ornuna, käbir aýatlarda ”tutaşdyrylan ýakyp-ýandyryjy ot” manysynda ulanylypdyr. ”*Ol şeýtanlara ahyretde gaty güýçli ot taýynlap goýduk*” (”Mülk”, 67/5). Galyberse-de, ýene on bäş aýatda şu at ulanylypdyr. (22/4, 31/21, 34/12 we ş.m.)

4- ”Sakar”: ”Güýçli howur bilen ýakyp-ýandyrmak” manysy bolup, ”sakr” kökünden ýasalan atdyr. Dört aýatda ”Jähennem” sözüniň ýerine ulanylypdyr, bularyň ”Müddessir” 74/28-29-njy aýatynda ulanylany ”*ýakan zadyny tutuşlygyna harap etse-de, sönmän, ýanmaga dowan edýän we ynsanyň tenini ýakýan*” diýip häsiýetlendirilipdir. ”*Eý, Resulym, Sakaryň (jähennemiň) nämedigini bilýäňmi? Ol içine oklanany ýalmap ýuwdar. Şonda-da taşlamaz ony, öňki ýagdaýyna öwrüp, ýene şol kärini gaýtalar. Tenleri yzygiderli ýakyp-ýandyrar. Onuň üstünde on dokuz sany jogapkär bardyr.*” (”Müddessir”, 14/27-30).

5- ”Hawiýe”: ”Ýokardan aşak ýykylmak” manysynda bolup, ”hüýiw” diýen kökden ýasalandyr. Ol ”uçut, çuň çukur” diýmekligi aňladýar. Bu at Kuranyň ýeke ýerinde agzalyp geçilýär we aýatyň dowamynda ”güýçli howurly ot” diýip düşündirilýär. ”*Ol – gyzgyn otdur...*” (”Karia”, 101/9-11).

6- ”Hutame”: ”Döwmek, owradyp külüni çykarmak” manysynda gelip, ”hatm” diýen kökden ýasalandyr. ”*Allanyň ýürege çenli dyrmaşýan tutaşdyrylan ody*” (”Hümeze”, 104/4-7).

7- ”Jahim” (ýanyp duran gyzgyn ot): ”Gatbar-gatbar bolup ýanýan, alaw we howry güýçli ot” manysyndaky ”sar” kökünden ýasalan sypat bolup, Kuranyň 26 aýatynda ulanylypdyr. Kuranda, köplenç, Jähennemiň bir ady bolup, käte-de ”tutaşdyrylan, howurly ot” manysynda ulanylypdyr. ”*Kapyr bolup, biziň (pygamberlere iberen) aýatlarymyzy*

*ýalan hasaplanlar, ine, olar Jahimiň ýaranlarydyrlar.”* (”Maide”, 5/10).

*”Onuň (dowzahyň) ýedi gapysy bardyr. Her gapy üçin olardan (günälerine göre) bölünen topar bardyr” diýdi.”* (”Hijr”, 15/44) aýatyndaky ýedi gapy we şol ýere girjekleriň kimlerdigi dogrusynda, käbir kişiler aýatlaryň nirede ulanylandygyndan çen tutup, şeýle toparlar düzüpdirler:

1. Hawiýe: Günäkär müminler üçin,
2. Sakar: Ýahudylar üçin,
3. Sair: Hristiýanlar üçin,
4. Jahim: Ýyldyzlara uýýanlar üçin,
5. Leza: Otparazlar üçin,
6. Hutame: Butparazlar üçin,
7. Dürli atlar bilen: Mynafyklar üçin. Ýene-de has dogrusyny Alla bilýär.

Kuranda Jähennem üçin ulanylan başga söze we söz düzümlerine-de gabat gelmek bolýar. ”Azabul-haryk” (ýakyp-ýandyrýan, otly azap) bäş aýatda Jähennemiň ýerine ulanylýar. On iki sany aýatda agzalyp geçilýän ”hamim” (gaýnag suw) Jähennemdäki azap görnüşleriniň biri bolup, onuň dowzahylara içiriljekdigi we olaryň üstünden guýuljakdygy beýan edilýär. ”Semum” – ”degen zadyna zäher ýaly täsir edip, onuň öýjüklerine siňýän epgek ýel” manysyndadyr we ol iki aýatda ulanylypdyr. ”Çuň çukur” diýmekligi aňladýan ”sijjin” sözüniň bolsa, Jähennemiň ýa-da şol ýerdäki jülgeleriň biriniň adydygy aýdylýar. ”Azyp sandan çykmak” manysyndaky ”gaýý” sözi bilen ”nälet bolsun, dat günüňe!” manysyndaky ”weýl” sözüniň Jähennemdäki bir guýynyň, dagyň ýa-da jülgäniň adydygy aýdylýar.

Yslam alymlary Jähennemiň ýedi gapydan (ýedi gatlakdan) ybarat bolşunyň üstünde durup geçýärler. Hamy Ýazyr Elmalylynyň Ebussud Efendiden rowaýat etmegine görä, gapylaryň az ýa-da köp bolman, ylaýyk ýedi bolşy şol ýere girmäge sebäp bolýan zatlaryň, ýagny bäş duýgy organy bilen jynsy islege we gazaba bolan meýilleriň jeminiň biri-birine deň bolmagy bilen baglanyşyklydyr. Elmalylynyň pikiriçe bolsa, bu ýagdaý şeýleräkdir. Bilşiňiz ýaly, ynsanyň jogapkär organlary sekiz sanydyr: göwün, dil, gulak, göz, el, aýak, agyz we jynsy organ. Bularyň ýedisi aç-açan mälimdir, biri gizlindir, ol hem göwündir. Ruhy manydaky ”göwün gapysy” açyk bolan kişi, göni ýoldan ýöräp, Jennete girer, munuň tersine, ýedi organ jogapkäri ýedi dürli azaba iteklär. Hakykatdanam, Jennet ähli barada gürrüň edilýän aýatlarda olaryň göwünlerinde ýigrenç duýgusynyň we erbetligiň ýokdugy beýan edilýär.

Hadyslarda Jähennem hakynda şeýleräk maglumatlar bar. Ebu Hureýre (radyýallahu anh) gürrüň berýär: ”Resululla (aleýhissalatu wesselam) şeýle diýdi: ”*Jähennem ody müň ýyllap ýakyldy. Oduň reňki dym-gyzyl boldy. Soňra ýene müň ýyl ýakyldy. Ol ak reňke öwrüldi. Soňra ýene müň ýyl ýakyldy. Ol şu wagt gara we garaňkydyr.*” Ýagny onda ýalkym ýokdur.

Ebu Saidil-Hudriniň (radyýallahu anh) rowaýat eden başga bir hadysynda Resululla Serwerimiz (s.a.w): ”Jähennemi gurşaýan galanyň aýry-aýry dört sany diwary bardyr. Her diwaryň galyňlygy kyrk ýyllyk ýola deňdir” diýipdir.

Hasan Basry (rahimehullah) gürrüň berýär: ”Utbe Ibnu Gazwan (radyýallahu anh) Basradaka münberde (hutba wagty) şeýle diýdi: ”Resululla (aleýhissalatu wesselam) bize şeýle diýipdi: ”*Jähennemiň kenaryndan uly bir daş taşlandy.*

*Bu daş ýetmiş ýyllap aşaklygyna gaýtdy, ýöne henizem düýbe ýetmedi.*” Utbe Ibnu Gazwan (radyýallahu anh) sözüni dowam etdi: ”Hezreti Omar (radyýallahu anh): ”Ody köp ýatlaň. Sebäbi ol gaty gyzgyndyr, diýseň çuňdur, onuň çeňňelleri demirdendir” diýdi”.

Başga bir rowaýatda Pygamber Serwerimiz (s.a.w) Jähennemdäki Weýl jülgesinden gürrüň edýär: ”*Weýl – Jähennemdäki jülgedir. Kapyr onuň düýbüne kyrk ýyllap çümer, şonda-da onuň düýbüne ýetip bilmez.*”

Jähennem hakdaky rowaýatlaryň käbirinde şeýle maglumatlar bar: ”*Jähennem Rabbyna arz edip: ”Eý, Rabbym! Bir bölegim beýleki bölegimi iýip dur” diýdi. Şonda Allatagala oňa iki gezek dem almaga rugsat berdi: Bir gezek gyşda, bir gezegem tomusda. Tomusdaky dem alşy – görýän iň güýçli epgegiňizdir. Gyşdaky dem alşy bolsa – görýän iň güýçli aňzagyňyzdyr.*”

Ebu Hureýre (radyýallahu anh) gürrüň berýär: ”Resululla (aleýhissalatu wesselam) şeýle diýdi: ”*Kyýamat güni bir bölek ot boýun görnüşinde ýatar. Munuň görýän iki gözi, eşidýän iki gulagy we gepleýän bir dili bardyr. Ol şeýle diýer: ”Maňa üç topar ynsana jeza bermek tabşyryldy. Olar: Alladan başga ylahdan-da kömek soran adam, özi bilse-de zulmuna dowam etdirýän zalym we teswirjiler.*”

Ibnu Mesudyň (r.a) bir rowaýatynda Älemleriň Serweri (aleýhissalatu wesselam) şeýle diýýär: ”*Jähennem Kyýamat gününde ýetmiş müň jylawyndan tutulyp getiriler. Onuň her jylawyny ýetmiş müň perişde saklar.*”

Müjahid gürrüň berýär: ”Ibnu Abbas (radyýallahu anh) menden:

– Jähennemiň giňligi näçeräk barka, sen bileňokmy? – diýip sorady. Men:

– Ýok – diýenimde, ol:

– Dogry, Alladan ant içýän, sen bilip bilmersiň! – diýdi we sözüne şeýle dowam etdi:

– Maňa Hezreti Aýşe (radyýallahu anha) şeýle diýdi: *”Resululladan (aleýhissalatu wesselam): ”Kyýamat güni Ýer tutuşlygyna Onuň gysymynda bolar. Asmanlar hem Onuň sag elinde düýrlener” (”Zümer”, 39/67) aýaty barada sorapdym we ”Şol wagt ynsanlar nirede bolarlar?” diýipdim. Resuly Ekrem (aleýhissalatu wesselam): ”Jähennem köprüsinde” diýip jogap beripdi.”*

Ebu Hureýreden gelen bir hadysda Pygamber Serwerimiz (aleýhissalatu wesselam) şeýle diýýär: *”Allatagala Jenneti ýaradan wagty Jebraýyla (aleýhissalam):*

*Bar, oňa bir seret! – diýdi. Ol hem baryp Jennete seretdi-de:*

*– (Eý, Rabbym!) Seniň şanyňdan ant içýärin, o barada eşidibem, oňa girmän galan bolmaz, her kim oňa girer – diýdi. Allatagala Jennetiň daş-töweregini mekruhlar bilen gurşady. Soňra:*

*– Bar, hany, ýene bir seredip gör! – diýdi. Jebraýyl baryp, oňa ýene bir gezek seretdi-de:*

*– Oňa hiç kim girmez öýdüp gorkýaryn! – diýdi. Allatgala Jähennemi ýaratdy-da Jebraýyla:*

*– Bar, birem şuňa seret – diýdi. Ol hem baryp, Jähennemi gördi we:*

*– Şanyňdan ant içýän, ol hakda eşidenleriň hiç biri oňa girmez! – diýdi. Allatagala hem onuň daş-töweregini nebsiň haý-höwesler bilen gurşady. Soňam:*

*– Bar, oňa ýene bir gezek seredip gör! – diýdi. Ol hem baryp, oňa seretdi. Dolanyp gelende:*

*– Şanyňdan ant içýän, bir kişi hem galman, hemmäniň şoňa girerinden gorkýaryn! – diýdi.”*

Hezreti Enesiň (r.a) rowaýat eden başga bir hadysynda Älemleriň Serweri (aleýhissalatu wesselam) şeýle diýýär: *”Jähennem, içine pitneçiler oklandygyça ”Ýene barmy?” diýmekden çekinmez. Bu ýagdaý Allatagala Jähennemiň üstüne aýagyny goýup, onuň iki ýakasyny düýrläp birleşdirýänçä dowam eder. Ine, şonda Jähennem ”Boldy, boldy. Izzet we keremiňden ant içýärin, besdir!” diýer. Jennetde boş ýerler galar. Alla oňa mahsus täze bir jemagat ýaradyp, olary Jennetiň boş ýerlerine ýerleşdirer.”*

## Jähennemiň aýratynlyklary

Jähennemdäki ýaşaýyş Kurany Kerimde şeýle suratlandyrylýar: günäkärler Jähenneme baranlarynda, Jähennem olara aýylganç uçgunlar saçar. Uzakdan onuň gaýnap lokurdaýandygy bildirip, uwwuldysy eşidiler durar. Inkär edenler üçin zyndan wezipesini ýerine ýetirýän Jähennem, otdan lybas hem-de düşekleri bilen jähennemdäkileri çar tarapdan gurşap alýan, ýüzlerini daglaýan we ýakýan, hamlaryny sypyryp taşlaýan, ýüreklerine wehim salýan, gyzgyn otdan doldurylan bir çukurdyr. Tutaşdyrlygy ynsanlar bilen daşlar bolan Jähennem doýmak-dolmak bilmez. Ýürege düşgünç yssy we gaýnag suwda, salkyn hem-de ýakymsyz gara tüssäniň kölegesinde boljak dowzahylaryň derileri her gezek ýananda, ejir çeker ýaly, täze hamlar bilen çalşyrylar. Olaryň iýmiti zakgun, içgileri gaýnag suw we iriň bolar. Ol ýerde salkyn ýere ýüzleri düşmeýşi ýaly, içere-de idili içgi tapmazlar.

Allany görmekden mahrum galjak inkär edenleri Alla bagyşlamaz, rahmetine miýeser etmez, olary Jähennem azaby gurşap alar.

Günäkär müminler Jähennemde kapyrlar ýaly ebedi galmazlar, Pygamberimiziň (s.a.w) hadyslarynda-da aýdylyşy ýaly, jezalaryny çekenden soň, Jennete salnarlar.

Käbir hadyslarda Jähennem bilen baglanyşykly şeýle maglumatlar berilýär: ”*Jähennemiň iriňinden ýeke bedre iriň bu dünýäniň üstünden guýulsady, dünýädäkileriň hemmesi porsardy.*”

”*Jähennem haý-höwes perdeleri bilen örtülendir. Ol ýere haý-höwesiň guluna öwrülip, günä işlemek bilen giriler. Jennet hem nebsiň halamaýan ybadatlary bilen goralandyr (Bu ýere hem ybadatyň kynçylyklary bilen giriler).*”

”*Ynsan oglunyň ýakýan ody Jähennem odunyň ýetmiş böleginden ýekeje bölegidir.*”

”*Siziň oduňyz Jähennem odunyň ýetmiş böleginden ýekeje bölekdir*”*. Serwerimiziň (s.a.w) egindeşleri:*

*– Ýa, Resululla, dünýä ody dowzahylary ýakmak üçin ýeterlik bolsa gerek*” *diýdiler. Resululla (s.a.w):*

*– Jähennem ody (mukdar hem san taýdan) dünýä otlaryndan altmyş dokuz dereje artyk edildi. Bularyň her biriniň howry dünýädäki otlaryň howruna deňdir.*”

Jähennemde çekilmeli azabyň mukdaryny, derejesini we görnüşlerini diňe Allanyň (jelle jelaluhu) we Onuň Resulynyň (sallallahu aleýhi we sellem) bize beren habaryna göre bilip bileris. Kurany Kerimde aýdylyşyna görä, Jähennem kapyrlary doly gurşap alar: ”*Jähennem inkär edenleri şübhesiz, doly gurşap alar*” (”Toba”, 9/49). Gaýnaýan wagty ses çykarar: ”*Rablaryny inkär eden kişilere Jähennem azaby*

*bardyr. Ol nähili erbet ýer?! Şol ýere oklananlarynda onuň gaýnan wagty çykarýan uwwuldysyny eşiderler. Jähennem tas ýarylaýjak bolar. Her topar Jähenneme salnanda, garawullar olara: "Size, heý, duýduryjy gelmänmidi?" diýip sorarlar. Olar: "Hawa, dogrusyny aýtsak, bize duýduryjy gelipdi. Ýöne biz oňa ynanmandyk we "Allanyň inderen zady ýokdur, siz azyp ýörensiňiz" diýipdik" diýerler*" ("Mülk", 67/6-9). Jähennem ody hiç wagt sönmez. "*Biz azgyn kişileri kyýamat güni goýun ýüzli, kör, lal we ker edip direlderis. Olaryň barjak ýeri Jähennemdir. Haçan-da, onuň ody sönmäge başlanda, biz ýalnyny has güýçlendireris*" ("Isra", 17/97). Jähennem doýmany-dolmany bilmez. "*Şol gün Jähenneme: "Dolduňmy?" diýeris. Ol bolsa: "Ýene barmy?" diýer*" ("Kaf", 50/30). "*Ot olaryň ýüzlerini dalar, dişleri pökgerip öňe çykar*" ("Mü'minun", 23/104). "*Boýunlary halkaly we zynjyrly gaýnag suwa oklanarlar, soňra otda ýakylarlar*" ("Mümin", 40/70-72). "*Inkär edenlere otdan tikilen eşikler garaşýar. Olaryň depesinden gaýnag suw guýlup, içindäkiler hem derileri erediler. Demirden edilen serdesse hem şolar üçindir. Ol ýerden her gezek çykmak islänlerinde, yzyna kowlarlar. Olara "Köýdürýän azapdan dadyň" diýler" (Hajj, 22/19-22).* Ölmek islärler, emma ölmezler, yzygiderli azap çekerler.

Jähennem ýokardaky aýatlarda suratlandyrylyşyna görä, göýä janly barlyk ýaly, gaýnap joşýan, öz-özüni iýýän, agzyndan köpük saçýan mahlukdyr.

Jähennemlikleriň iýmiti bolan zakgun agajy hakynda Kuranda käbir maglumatlar bar. Ol Jähennemiň düýbünde gögerip ýetişen agaçdyr. Onuň pyntyklary şeýtanlaryň kellesi ýalydyr. Jähennemdäkiler garynlaryny şondan doýrarlar. Soňam gaýnag suw goşulan bir içgiden içerler. Soňra güýçli ýanyp duran oda girerler. Zakgun agajy

günäkärleriň naharydyr. Olar gazanda, magdan ergininiň ýa-da suwuň gaýnaýşy ýaly gaýnarlar.

Ibnu Abdullahyň (r.a) aýdan bir hadysynda Resululla (aleýhissalatu wesselam) şeýle diýýär: ”*Eger dünýä zakgundan ýekeje damja damdyrylan bolsa, onda ol dünýäniň iýmitlerini zähere öwrerdi. Eger şeýle bolsa, iýmit we içgisi zakgun bolan jähennemlikleriň ahwaly niçikdir (pikir ediň)!*”

Jähennem ot bilen azap berilýän ýerdir. Ne ony söndürere, ne-de janyňa berere suw tapylar. Ol ýerde ýürege düşgünç ot, gaýnag suw we iriň berler.

## Jähennemlikleriň ahwallary

Kuran ahyretden we hut Jähennemden käbir halary syratlandyryp, Jähennem ähliniň ol ýerdäki ahwallaryndan gürrüň berýär. ”*Allanyň duşmanlarynyň hemmesi oda oklanmak üçin bir ýere üýşüriler. Haçan-da şol ýere gelenlerinde, olaryň gulaklary, gözleri we hamlary eden işleri hakynda olaryň garşysyna şaýatlyk eder. Olar derilerine: ”Näme üçin biziň garşymyza şaýatlyk edýärsiňiz?” diýerler. Olar şeýle jogap bererler: ”Hemme zady gepledýän Alla bizi hem gepletdi*” (”Fussilet”, 41/19-21).

”*Oňa çar tarapdan ölüm geler, emma ol ölmez. Şeýlelikde, halas hem bolmaz. Mundan has beter azap çeker*” (”Ybraýym”, 14/16-17).

”*Biz ol zalymlar üçin daşyna diwar örülen Jähennem taýýarladyk. Agzy gurap suw sorasalar, erän magdan ýaly ýüzleri daglaýan suw berler. Gör, nähili erbet suw we ýer!*” (”Kehf”, 18/29).

”*Rablaryny inkär eden kişilere Jähennem azaby bardyr. Ol nähili erbet ýer?! Şol ýere oklananlarynda, onuň gaýnan*

*wagty çykarýan uwwuldysyny eşiderler. Jähennem tas ýarylaýjak bolar”* (”Mülk”, 67/6-8).

*”Şol gün Jähenneme: ”Dolduňmy?” diýeris. Ol bolsa: ”Ýene barmy?” diýer”* (”Kaf”, 50/30).

*”Biriniň yzyndan geplemegi, kemsitmegi özüne endik edeninleriň dat gününe! Ol mal ýygnamak we ýygnan mallaryny sanamak bilen başagaýdyr... Ýok, onuň Hutama oklanjakdygyna söz berýärin. Hutamanyň nämedigini bilýäňmi? Ol – Allanyň emri bilen tutaşdyrylan, ýandygy saýy göwünleri ýakýan otdur. Olar bu oduň içindäki dik sütünlere daňlandyrlar we şeýle halda olaryň üstüne ot gapgarylandyr”* (”Hümeze”, 104/1-9).

Kuran Jennet ähli bilen Jähennem ähliniň özara gürrüň etjekdigini aýdyp, şol gürrüňlerden mysallar getirýär: *”Ol gün mynafyk erkekler we mynafyk aýallar gyssanyp, Jennete girip barýan müminlere şeýle diýerler:*

*– Haýyş, siziň nuruňyzdan alar ýaly bize seredäýiň-dä! – Olara:*

*– Nury arkaňyza öwrüliň-de, şol ýerden gözläň! – diýler (olaryň üstünden gülýän bu ses olara şeýle diýýär: Yzda galan dünýä tarap öwrüliň, nury şol ýerden gözläň. Nuruň çeşmesi – dünýäde edilen işlerdir) we müminler bilen mynafyklaryň arasynda üsti ýapyk gala gurlar. Onuň içinde rahmet bardyr, daşynda bolsa azap. Mynafyklar olara: ”Biz hem siziň bilen biledig-ä!” diýerler. Müminler bolsa: ”Hawa, ýöne siz öz-özüňize ýamanlyk etdiňiz. Alla ynanýanlaryň başyna bela-beter gelmegini dilediňiz. Şübhelendiňiz we müňkürlik edip aldandyňyz. Allanyň emri bolan ölüm ýakaňyzdan tutýança, özüňizi şeýle alyp bardyňyz. Ýalançy şeýtan sizi Alla hakynda aldady”* (”Hadid”, 57/13-14).

Başga bir ýerde şeýle diýilýär: ”*Jennet ähli Jähennem ähline seslener:*

*– ”Rabbymyzyň bize beren wadasynyň hakykatdygyna şaýat bolduk. Siz hem Rabbyňyzyň size beren wadasynyň hakykatdygyna şaýat bolduňyzmy?*

*Olar hem:*

*– Hawa – diýerler we içlerinden bir jarçy:*

*– Allanyň näleti zalymlara bolsun! – diýip gygyrar*” (”Araf”, 7/44-45).

Ebu Said (radyýallahu anh) gürrüň berýär: ”Resululla (aleýhissalatu wesselam) şeýle diýdi: ”*Jähennemde kapyryň göwresi ulalar. Onuň azy dişiniň biri Uhud dagyndan uly bolar. Onuň göwresiniň dişinden ululygy bolsa, siziň biriňiziň göwräňiziň dişiňizden ululygy ýalydyr.*”

Numan Ibnu Beşir (radyýallahu anh) gürrüň berýär: ”Resululla (aleýhissalatu wesselam) şeýle diýdi: ”*Jähennemlikleriň arasynda iň ýeňil azap çekjek kişi aýagynda otdan nal we nalyň bagy bolan kişidir. Onuň beýnisi aýagyndakylar sebäpli, edil gazanyň gaýnaýşy ýaly gaýnar. Ol çekip-çydap bolmajak dereje yza çeker. Ynsanlaryň içinde iň ýeňil azap çekýän özi bolsa-da, ”Menden başga şeýle güýçli azap çekýän ýokdur” diýip pikir eder.*”

Semüre Ibnu Gündebiň aýdan bir rowaýatynda Pygamber Serwerimiz (aleýhissalatu wesselam) şeýle diýýär: ”*Jähennemlikler dereje-derejedir. Ot olaryň bir bölegini topugyna çenli, bir bölegini dyzyna çenli, bir bölegini biline çenli, bir bölegini bolsa damagyna çenli ýakar.*”

Ebud-Derda (radyýallahu anh) hezretleri şulary gürrüň berýär: ”Resululla (aleýhissalatu wesselam) şeýle diýdi: ”*Jähennem ähli açlyga sezewar ediler. Bu – çekýän azabynyň*

*derejesi bilen deňleşer. Olar garynlarynyň doýurulmagy üçin kömek sorarlar. Olara ýokumsyz we garnyňy doýurmaýan "dari" diýlen tikenli ot berler. Ýene-de iýer ýaly zat sorarlar. Bu gezek bolsa, olara bogaza tegek bolýan iýmit berler. (Bu-da olaryň bokurdagyna tegek bolar, ne içine gider, ne daşyna çykar). Şonda dünýädekä bokurdagynda galan zady suw içip giderýändikleri ýadyna düşer we içer ýaly suw dilärler. Olara demirden ildirgiçleri bolan gaplarda gaýnag suw berler. Bu gaplar ýüzlerine golaýlaşanda, ýüzlerini daglap alar. Suw olaryň aşgazanyna baryp, içini derbi-dagyn eder. Bu sapar bolsa:*

*– Jähennemiň garawullaryny çagyryň, olar biziň çekýän azabymyzy azyragam bolsa ýeňleder– diýerler. Olary çagyrarlar. Olar gelip:*

*– Size pygamberleriňiz şeýle boljakdygyny habar bermedimi? – diýip sorarlar. Olar:*

*– Hawa, habar beripdi. (Emma biz ony diňlemedik) – diýerler. Şonda garawullar:*

*– Siz näçe isleseňiz isläberiň. Kapyrlaryň islegleri (bu ýerde) amala aşmaz! – diýerler" ("Gafir", 42/50). Jähennemlikler garawullardan umydyny üzüp:*

*– Mäligi çagyryň! (Jähenneme ilçi edilip bellenilen perişde) – diýerler. Mälik gelende olar:*

*– Eý, Mälik, aýt, Rabbyň bizi öldürsin! – diýerler. Mälik hem olara:*

*– Ýok! Siz bu ýerde ebedi diri galarsyňyz – diýip jogap berer."* ("Zuhruf", 43/77).

Hadys rawylaryndan Ameş (rahmetullahi aleýh) şeýle diýýär: *"Jähennemlikleriň Mälige ýalbarmaklary bilen Mäligiň olara beren jogabynyň arasynda müň ýyllyk wagt geçer.*

*Jähennemlikler bu gezek özaralarynda: ”Rabbyňyza dileg ediň, siziň üçin Ondan has haýyrlysy ýokdur!” diýerler we hemmesi üýşüp: ”Eý, Rabbymyz, betbagtlygymyz bizden üstün çykdy, biz hakykatdanam, azypdyk. Eý, Rabbymyz, bizi bu ýerden çykar. Eger (ýene) inkär etsek, onda, şübhesiz, zalymlaryň hataryna goşuldygymyz bolar”* (”Müminun”, 23/106-107). *Allatagala olara: ”Ýykylyň Jähennemiň içine! Maňa hiç zat diýmäň!” diýer”* (”Müminun”, 23/ 108).

Resululla (sallallahu aleýhi wesellem) sözüni şeýle dowam etdirdi: *”Beýle jogapdan soňra, Jähennem ähli her dürli haýyrdan umydyny keserler, gygyryp, puşman edip, ýaka ýyrtyp başlarlar.”*

Hezreti Ebu Hureýre (radyýallahu anh) habar berýär, Resululla (aleýhissalatu wesselam) şeýle diýdi: *”Jähennemlikleriň depesinden gaýnag suw guýlar. Bu suw olaryň göwresine siňip, garnyna baryp ýeter, iç-goşlaryny çürüşdirer we aýaklaryny deşip geçer. Bu hadysa ”Munuň bilen garynlarynyň içindäkileriň hemmesi we hamlary erediler”* (”Haj”, 22/20) *aýatynda agzalýan eretmek (es-Sahru) hadysasydyr. Soňra erän jesetleri öňki kaddyna getiriler.”*

Ýene-de Hezreti Ebu Hureýräniň aýdan bir rowaýatynda Älemleriň Serweri (aleýhissalatu wesselam) şeýle diýdi: *”Kapyryň Jähennemdäki azy dişiniň biri Uhud dagy ýalydyr. Hamynyň galyňlygy bolsa, üç gijelik ýoluň uzaklygyna barabardyr.”*

Ibnu Omar (radyýallahu anh) başga bir hadysy gürrüň berýär: ”Resululla (aleýhissalatu wesselam) şeýle diýdi:

*”Kapyr bir-iki farsah*[14] *uzynlygyndaky dilini kyýamat güni ýerde süýrär, ynsanlar hem onuň üstünden basarlar.”*

Hezreti Ebu Hureýre (radyýallahu anh) gürrüň berýär: ”Resululla (aleýhissalatu wesselam) şeýle diýdi: *”Kyýamat güni ilkinji bolup çagyryljak hezretiAdamdyr. Allatagala oňa:*

*– Eý, Adam! – diýip ýüzlener. Hezreti Adam:*

*– Diňleýän, eý Rabbym, buýrugyňa taýyn! – diýer. Allatagala:*

*– Nesliňden Jähenneme düşjekleri saýla – diýip buýruk berer. Hezreti Adam:*

*– Eý, Rabbym, näçerägini saýlaýyn? – diýip sorar. Allatagala:*

*– Ýüzden togsan dokuzyny! – diýip perman berer.”*

Ashab şol wagt öňe okdurylyp:

– Eý, Allanyň Resuly! Bizden näçeräk kişi galdy? – diýdiler. Aleýhissalatu wesselam:

*– Meniň ymmatym beýleki ymmatlaryň ýanynda gara öküziň kellesindäki ak tüý ýalydyr – azdyr!” diýdi.*

Ýene-de Ebu Hureýre (radyýallahu anh) gürrüň berýär: ”Resululla (sallalahu aleýhi wesellem) şeýle diýdi: *”Hezreti Ybraýym (aleýhissalam) kyýamat güni kakasy Azerini üst-başy gap-gara we çaň-tozan basan ahwalda görer. Ol kakasyna:*

*– Men saňa dünýädekäk: ”Maňa garşy çykma!” diýmänmidim? – diýer. Kakasy oňa:*

*– Men bu gün saňa garşy çykmaryn! – diýer. Şonda Ybraýym aleýhissalam:*

---

[14] Farsah: 7-8 kilometre deň bolan ölçeg birligi

*– Eý, Rabbym! Sen täzeden direldiş gününde meni masgara etmejege söz beripdiň, ahyry! Rahmetden uzak kakamyň ahwalyndan başga näme masgara ediji zat bolup biler? – diýip ýalbarar. Allatagala bolsa:*

*– Men kapyrlara Jenneti haram etdim! – diýip jogap berer. Soňra şeýle ses eşidiler:*

*– Eý, Ybraýym, aýagyň aşagynda näme bardygyny bilýäňmi?*

*HezretiYbraýym (a.s.) ýere seredende, gana bulanyp ýatan syrtlan görer. Derrew aýaklaryndan tutulyp, oda oklanar. (Ine, şol Ybraýymyň kakasydyr, ol şeýle betnyşan görnüşe öwrülendir)"*

Rowaýatlar seljerilende, ýüregiňi hopukdyrýan Jähennem odunyň hemme kişä deň-derejede täsir etmeýändigi ýa-da hemme kişiniň deň-derejede azap çekmejekdigi mälim bolýar. Meselem, Allatagala iman getiren, ýöne günäsiniň köpdügi sebäpli Jähenneme düşen kişiler bilen Allatagala iman getirmän ölen kişileriň çekjek azaby deň däldir. Pygamber Serwerimiz (s.a.w) hadyslarynyň birinde bu ýagdaý barada şeýle habar berýär: Ebu Said (radyýallahu anh) gürrüň berýär: "Resululla (aleýhissalatu wesselam) şeýle diýdi: *"Tüýs Jähenneme mynasyp Jähennemlikler bardyr, olar Jähennemde ne ölerler, ne-de ýaşarlar. Emma günäleri ýa-da eden ýalňyşlary sebäpli oda duçar bolan kişileri bolsa, ot doly öldürer. Ýanyp kömür bolansoň, olaryň şepagat edilmegine rugsat berler. Şeýlelikde, topar-topar edilip getirilip, Jennet derýalaryna paýlarlar. Soňra:*

*– Eý, Jennet ähli! Bularyň üstünden suw guýuň – diýler. Bular derýanyň kenaryna biten ot ýaly, täzeden gögererler."*

Jähennemde çykgynsyz ýagdaýda galan iki kişiniň Allanyň rahmetine miýesser bolandygyndan gürrüň edilýän ýerleriň

birinde hezreti Ebu Hureýre (r.a) Älemleriň Serweriniň (s.a.w) şeýle diýendigini aýdýar: *"Jähenneme giren kişileriň iki sanysy belent ses bilen gygyryp başlarlar. Allatagala:*

*– Çykaryň bulary! – diýer. Olardan "Näme üçin gygyrýarsyňyz?" diýip soralar. Olar:*

*– Bize merhemet edersiňiz diýen umyt bilen şeýtdik! – diýerler. Rabtagala:*

*– Meniň size etjek rahmetim baryp özüňizi oda oklamagyňyzdyr! – diýer. Olaryň biri baryp özüni oda oklar. Alla hem onuň üçin ody sowuk hem-de jana şypaly eder. Beýleki biri ör turar, ýöne özüniň oda oklamagy başarmaz. Allatagala:*

*– Sen näme üçin dostuň edişi ýaly, özüňi oda oklamadyň? – diýip sorar. Şonda ol:*

*– Eý, Rabbym, meni ol ýerden çykardyň, indi gaýtadan ol ýere ugratmarsyň diýibem umyt edýärin! – diýer. Allatagala oňa jogap hökmünde:*

*– Ýeri, bolýar, eden umydyňy puja çykarmaýyn! – diýer. Şeýlelikde, olaryň ikisi hem Allanyň rahmeti bilen Jennete girer."*

## Jähenneme girjekleriň aýratynlyklary

Jennet Allanyň rahmetiniň, lutfunyň, yhsanynyň dabaralanýan ýeri bolsa, Jähennem Onuň azabynyň, gazabynyň, esasanam, adalatynyň dabaralanýan ýeridir. Kuranyň ençeme aýatynda: ynsanyň kesgitlenen kadalara tabyn bolmak şerti bilen dünýä inderilýändigi, ynsanyň o dünýäde diňe halal ýol bilen gazanan zatlarynyň hözirini görjekdigi, Haktagalanyň hiç kime asla zulum etmejekdigi, diňe ynsanyň öz elindäki nygmatlardan ýerlikli peýdalanman,

nygmaty bereni tanaman, küfür gepläp, Alla garşy çykyp, öz-özüne zulum edýändigi habar berilýär.

Kişiniň imany bilen özüni alyp barşy bir-biri bilen berk baglanyşyklydyr. Ýürekden iman getiren adam tutuş ömrüni şol imanyna görä geçirer. Kuranyň köp ýerinde ynsanyň halas bolmagy amal we imanynyň bitewüligi bilen baglanyşdyrylýar. Ynsanyň imany we eden salyh amallary onuň halas bolmagyna, şunlukda, Jennete girmegine sebäp bolar, munuň tersine, ýagny ynsan iman getirmeli zatlara ynanmasa, şirkiň içinde gezse, Allatagala garşy gitse, zulum etse, rehimsiz bolsa, onuň ahyretde haly harapdyr, şunlukda ol Jähenneme düşer. Harijiler we Mutezile alymlary ýürekden toba edilende-de bagyşlanmaýan uly günäleri edenleriň inkär edenleriň hataryna girjekdigini we Jähennemde ebedilik ýaşajakdygyny aýdypdyrlar. Yslam alymlarynyň aglaba bölegini emele getirýän sünni alymlary bolsa, erk etmekde kösenilen we şoňa meňzeş ýagdaýlarda edilen günä işleriň ýürekdäki imany öçürmejekdigine ynanypdyrlar we Allany aç-açan inkär etmekden başga günä işleri edenleriň belli bir müddet Jähennemde jeza çekse-de, haçanam bolsa çykyp, Jennete girjekdigini öňe sürüpdirler.

Kurany Kerimiň ”Merýem” süresinde Jähennem we onuň ähli hakda gürrüň edilip bolansoň, ”*Siziň araňyzda ol ýere gitmejek adam ýokdur*” (”Merýem”, 19/71) diýilýär. Bu ýerdäki ”gidiş” (würud) dogrusynda dürli pikirler öňe sürülýär. Bu aýatda aýdylyşyna görä, hemme kişiniň, şol sanda müminlerem Jähenneme baryp görer. Şonda göni Jennete girjeklere Jähennem hiç hili kär edip bilmez. Hatda, jennetileriň nury Jähennemiň odyny söndürip başlar welin, Jähennem dil açyp: ”Eý, mümin, çaltrak geçeweri, ýogsa nuruň narymy (odymy) söndürýär” diýer. Jennet ähliniň

Jähenneme baryp görmegi olaryň öz elindäki nygmatlar bilen Jähennem azabyny deňeşdirip görmegine, şeýlelikde, Jennetiň gadyryny bilmeklerine kömek eder. Jennet ähli bilen Jähennem ähliniň arasynda bolup geçjekdigi aýdylýan gürrüňdeşlige esaslansak, jähennemlikleriň hem Jennetdäki nygmatlardan habardar boljakdygyny bilýäris.

*”Beýik Alla azaby iň ýeňil bolan kişä ”Eger dünýädäki zatlaryň hemmesi seňki bolsa, özüňi halas etmek üçin şolary berermidiň?” diýip sorar. Ol: ”Hawa” diýip jogap berer. Şonda Allatagala: ”Men senden, heniz Adamyň sulbundakaň, mundanam aňsat zat isläpdim. Ol bolsa Maňa şirk goşmazlygyňdy. Emma sen şirkden ýüz döndermediň” diýer.”*

*”Kyýamat gününde bir adamy getirip, Jähenneme oklarlar. Şobada onuň içegeleri garnyndan çykar. Soňra ol adam eşegiň degirmeniň daşyndan aýlanyşy ýaly, içegeleriniň daşyndan aýlanyp başlar. Şonda Jähennemdäkiler onuň ýanyna üýşüp: ”Eý, pylany! Ýagdaýyň niçik? Sen bizi dogry ýola ündäp, gadagan edilen zatlardan saklaýan nesihatçy dälmidiň?” diýerler. Ol bolsa: ”Men sizi ýagşylyga çagyrardym, ýöne özüm etmezdim. Size erbetliklerden uzak durmagy ündärdim, ýöne özüm ýaman işlere gümradym!” diýip jogap berer.”*

Jähennem azabyna duçar ediljek kişileri, degişli aýatlara esaslanyp, Allanyň hakyna (hukukullaha) we bendäniň hakyna (hukukul-ibada kast edenler) diýen iki topara bölüp bolar. Allanyň hakyna kast etmek – iman ýoluny terk edip, Allany inkär etmekdir. Beýle kişiler ”küfür”, ”şirk”, ”ikiýüzlülik”, ”Allanyň aýatlaryna we pygamberlerine ynanmazlyk” ýaly düşünjeler bilen ençeme aýatda ýatlanylýar we tankyt edilýär. ”Müjrimler” diýip häsiýetlendirilýän bu hüjümçiler üçin ”Allanyň duşmany” aňlatmasy ulanylypdyr. Ýalňyşmak bendä mahsus aýratynlyk

bolýan bolsa, bagyşlamak hem Allanyň iň köp agzalýan aýratynlygydyr. Ýöne bende günä iş etmegine dowam etse we günä läbiginde halas bolup bilmese, onda ol hakykatdanam, ebedilik Jähennemde galmaly bolar. Şu aýatlar jähennemlik adamyň keşbini aýdyň suratlandyrýar: "*Çendenaşa kesirlik edýän, haýyr-sahawata bar güýji bilen garşy çykýan, Alla şäriklik edýän, müňkür, gadyrbilmez*" ("Kaf", 50/24-26).

Kişiniň hakyny iýýän adamlara degişli ençeme aýat we hadys bar. Şol aýatlarda bendäniň hakyny iýýän adamlara zalym, ganhor, ulumsy, müminleri ezýän, ýetimiň malyny iýýän ýaly häsiýetler berlipdir. On iki synasy abat we akyly ýerinde bolsa-da, hakykaty görüp, kabul etmeýän bu kişiler üçin "*dört aýakly haýwanlar ýaly, hatda, olardan hem pes*" ("Araf", 7/179) ýaly meňzemetler getirilýär. Şol aýatlaryň birinde şeýle diýilýär: "*Köp ant içýän, (adamkärçligi) pes, aýyp gözleýän gybatçy, gep gatnadýan, ýagşylyga päsgel bolýan, hetden aşýan (zalym), günäkär, gödek (sypaýyçylyksyz), bulardan başga-da, asly bozuk (kişiler)*" ("Galam", 68/10-13). Hadys kitaplaryndaky rowaýatlarda-da şoňa meňzeş meňzetmelere duş gelmek bolýar. Hadyslaryň birinde kişini Jähenneme girmegine iň köp sebäp bolýan zadyň agyz bilen jyns organdygy aýdylýar. Jähennem ähliniň agramly bölegini aýallaryň eýeleýändigi aýdylýan rowaýatda, umuman alanyňda, aýallaryň san taýdan erkeklerden köpdügi nygtalýar. Müminem bolsa eden etmişleri sebäpli Jähenneme giren kişileriň seždede wagty ýere galtaşan organlaryna, imanyň mesgeni bolan ýüreklerine, Alladan gorkup aglan we Allanyň ýolunda ukusyz galan gözlerine Jähennem odynyň täsir etmejekdigi dürli hadyslarda bellenip geçilýär.

Jähennem ähli özaralarynda dowamly dawa-jenjel ederler. Dünýäde wagty erbet baştutanlaryň sözüni diňlänler

olary özlerini azdyrmakda aýyplarlar, baştutanlary bolsa, ýöňkelýän günälerden özlerini aklamaga çalşarlar.

Hadyslarda aýdylyşyna görä, Jähenneme düşenler deň-derejede azap çekmezler. Pygamberleriň ganyna galanlar, azgynçylyga ýolbaşçylyk edenler we zalym baştutanlar – iň erbet azaby çekjek adamlardyr. Musulman bolmasa-da, Hezreti Pygamberi (s.a.w) goran, şeýtmek bilen Yslama goldaw beren Ebu Talyba bolsa, birneme ýeňilräk jeza berler. Jähennemdäkileriň käbiri topugyna, käbiri dyzyna, käbiri-de biline we döşüne çenli otda ýanar, kapyrlaryň endamy ulaldylyp, her hili görnüşe salnar.

Iman getiren bilen iman getirmedigiň, Alla boýun bolan bilen Oňa garşy çykanyň deň tutulmazlygy – ylahy adalat we hikmetiň şöhlelenmegidir. Kuranyň dürli aýatlarynda bütin adamzada Allanyň lutuf we keremine ynanmak, Allany inkär etmezlik we Oňa garşy gitmezlik ündelýär. Gowy we erbet adamlaryň bu dünýäde-de, ahyretde-de ýagdaýlarynyň dürli-dürli boljakdygy habar berilýär. Allanyň günäleri bagyşlaýjydygy, ýöne azabynyň hem gaty çetindigini ýatdan çykarmaly däldir. Allany inkär eden we Oňa garşy çykan bendelere Allanyň azap bermegi adalatyň we rahmetiň dabaralanmagyna aýdyň mysaldyr. Hakykatdanam, günäkärleriň ylahy azaba duçar ediljekdiginden gürrüň edilende, Allanyň rahmetiniň giňdigine-de deginilmegi ýöne ýere däldir. Kuranda we beýleki mukaddes kitaplarda bellenip geçilen bu düýp kanuny ýok saýmak akmaklykdyr. Emma günäkäre beriljek jezanyň we Jähennem azabynyň soňsuza çenli dowam edip etmejekdigi jedelli meseledir. Jähennemde beriljek azabyň mukdary, yzasy we görnüşleri barada bar bilýänlerimiz diňe Allanyň Resulynyň (s.a.w) aýdanlary bilen çäklidir.

Ahyret ýurdunyň her döwründe bolşy ýaly, ruh Jähennem azabyny beden bilen bilelikde çeker. Emma Jähennemde ady agzalýan yza, agyry, azap, ot we ş.m. bu dünýädäkilerden düýbünden tapawutlydyr. Bularyň nähilidigini ynsanlaryň bilmegi asla mümkin däldir, ony diňe Alla bilýär.

Allatagala Rahmandyr, Rahymdyr, merhemetlidir. Ol, aslynda, öz bendesini otda ýakmagy asla islemeýär. Emma bendäniň özi ahyretini pikir etmän, akmaklyk edip, Allaha garşy gitse, şol haly bilenem amanadyny tabşyrsa, onda adalatyň şöhlelenmegine garaşaýmak galýar. Hatda, adamlar hem jemgyýetiň asudalygyny bozýan, talaňçy, ganhor, ogry, haýyn, zalym adamlar üçin adalatyň rowaçlanmagyny isleýärler ahyryn. Onsoň şu meselede adalaty ýola goýýan Hökümdaryň işine garyşyp, gumanistiki pelsepeler otaryp oturmak, akylly adamlaryň kabul edip biljek zady däldir. Çünki içýana merhemet etdigiň, jüýjä zulum etdigiňdir.

Älemleriň Serweri (s.a.w) hadyslarynyň birinde şeýle diýýär: ”*Men ot ýakyp oturan adam ýalydyryn. Ot töweregini ýagtyldar welin, kebelekler we beýleki mör-möjekler onuň içine gaçyp başlar. Ot ýakyp oturan adam olary gorajak bolar. Olar bolsa, ondan gaçyp, soňuny saýman özlerini oda oklarlar. Ine, biziň bolşumyz hem şuňa meňzeşdir. Men sizi saklap, otdan halas etjek bolýaryn. ”Otdan daş duruň! Oda ýakynlaşmaň!” diýýärin. Siz bolsa, meniň elimden sypjak bolup dyzaýarsyňyz we soňuny saýman özüňizi oda atýarsyňyz.*”

Hawa, ynsandan özüne erk etmegi we erbetlikden uzaklaşyp, birgiden egri-dogry ýollaryň arasyndan syraty-mustakymy (dogry, hak ýoly) tapyp, şol ýoldan ýöremeklik talap edilýär. Haris Ibnu Ukaýş (radyýallahu anh) gürrüň berýär: ”Resululla (aleýhissalatu wessalam) şeýle diýdi:

*”Meniň ymmatymdan şepagaty kabul bolan şeýle bir kişiler bar, olaryň biriniň şepagaty bilen Mudar taýpasynyň adamlaryndan hem köp kişiniň Jennete girer. Meniň (çakylygymy eşiden) ymmatymdan şeýle kişiler hem bar, olaryň bedeni ýakmak üçin ulaldylar we Jähennemiň bir burçuny doldurarlar.”*

Älemleriň Serweri (s.a.w) bu dünýä synagyndan geçip bilmän, o dünýäsi bibat bolanlaryň ýagdaýyny aýdyp berýär. Muny bize hezreti Enes (radyýallahu anh) gürrüň berýär: ”Resululla (aleýhissalatu wessalam) şeýle diýdi: *”Aglamak Jähennem ähline rowa görler. Şonda olar göz ýaşlary tükenýänçä aglarlar. Soňra gözlerinden ýaşyň deregine gan akyp başlar. Olaryň ýüzünde derýalar emele geler. Şol derýalarda gämiler ýüzer.”*

## Jähennemiň ebediligi

Kuranda ”ebedä” sözi bilen beýan edilýän aýatlarda Jennetiň ebediligi her kime mälimdir. Emma şonuň yz ýanyndan gelýän aýatlarda Jähennem üçin, ”ebedä” sözüniň däl-de, ”halidine fihä” sözüniň ulanylmagy ”Jähennem durmuşy ebedi bolmasa gerek” diýen garaýşyň döremegine sebäp bolýar we bu babatda birnäçe pikir öňe sürülýär. Hanefi mezhebiniň ymamy – Ymamy Agzam (rahmetullahi aleýh) Jähennemiň hem edil Jennet ýaly ebedi boljakdygyny aýdyp, bu jedelli meseläni çürk-kesik edýär we başgaça pikir edeni hem ýazgarýar.

Kuranyň şu aýatynda bolsa, kapyrlaryň Jähennemde ýaşajakdygy aýdylypdyr we ”ebedä” sözi arkaly hem Jähennem durmuşynyň ebediligi nygtalypdyr. *”Alla kapyrlara lagnat edendir we olara alawly ot taýynlap goýandyr. Olar onuň içinde ebedi ýaşarlar we özlerine ne bir halasgär, ne-de*

*kömekçi taparlar*” (”Ahzab”, 33/64-65). Mundan başga-da birnäçe ýerde dowzahda ölümiň ýokdugy, şol sebäpli ebedi azaba duçar bolunjakdygy habar berilýär: ”*Ol ýerde ne ölerler, ne-de ýaşarlar*” (”Taha”, 20/74), ”*Ol ýerde şol oda ýanaşan ne öler, ne-de ýaşar!*” (”Ala”, 87/11-12).

Olar çekip-çydardan çetin bolan azapdan dynmak üçin ölüme razy bolarlar, emma peýdasy bolmaz. Indi olar ölmezler. Dowamly azap çekerler, emma ölmezler.

Ebu Hureýre (radyýallahu anh) gürrüň berýär: ”Resululla (aleýhissalatu wessalam) şeýle diýdi: ”*Kyýamat güni ölüm getirilip, Syrat köprüsiniň üstünde goýlar we ”Eý Jennet ähli!” diýlip gygyrylar. Jennetiler bu sesi eşidip, şol wagtky ýerlerinden çykarylar gorkusy bilen tolgunyşyp serederler. Soňra bolsa ”Eý, Jähennem ähli!” diýlip gygyrylar. Olar hem şol wagtky ýerlerinden çykarylmakdan umydygär bolup, tamakinçilik bilen serederler. Olara ölüm görkezilip, ”Şuny tanaýaňyzmy?” diýler. Olaryň hemmesi bir agyzdan: ”Hawa! Ol ölümdir” diýerler.*”

*Resululla (aleýhissalatu wessalam) şeýle diýdi: ”Şondan soňra Allatagala buýruk berer we Syrat köprüsiniň üstünde ölüm öldüriler. Soňra iki tarapa-da birden: ”Şol öňki ýeriňizde ebedi boluberiň, bärde indi ölüm ýokdur” diýler.*”

## Jähennemde beriljek azabyň görnüşleri

Allatgala Kurany Kerimde Jennet bilen Jähennem durmuşyny anyk, jikme-jik görnüşde beýan edýär, käwagt bu ýagdaý ruh hem täsirlenjek derejesinde suratlandyrylýar we seslendirilýär.

Kurany Kerimde Jähennem azaby ýakyp-ýandyryjy ot hökmünde suratlandyrylýar. Jähennemde azap beriljekdigini

ýatladýan aýatlar seljerilende, şu netije gelip çykýar: ot maddy görnüşdäki ataş bolup, onuň tutaşdyrlygy ynsanlar bilen ýanmak häsiýetine eýe bolan daşlardyr (ýa-da putlardyr). Ol ot çabraýan, sönmäge başlanda, gaýtadan güýjeýän, tutuş bedene ornaýan, güýçli howry bilen bedeni ýakyp kül edýän we içki organlara çenli baryp ýetýän otdur. Aýatlaryň birinde Jähennem odunyň düýe ýa-da köşk ýaly ululykda uçgun saçýandygy aýdylýar. Hadyslaryň birinde bolsa, bu dünýädäki oduň gyzgynlygynyň Jähennem odunyň ýetmişden birine deňdigi aýdylýar.

Jähennemiň ýakyp-ýandyryjy odynyň bolşy ýaly, aňzakly sowugynyň hem bardygy aýatlaryň birinde öwrümli ýollar arkaly, hadyslaryň birinde bolsa aç-açan görnüşde beýan edilýär. Jähenneme düşjekleriň ýüz-keşbinden tanaljakdygy, saç we aýaklaryndan tutulyp, oda ýüzin oklanjakdygy, Jähennemiň uwwuldysyny eşitjekdigi, gazaply we elhenç görnüşini syn etjekdigi dürli aýatlarda aýdylyp geçilýär. Ýene-de Kuranyň beýanlaryna görä, dowzahylar gaýnag suw, otly gandal, zynjyr hem-de otly eşik bilen jezalandyrylar. Kurandaky iň aýdyň we täsirli suratlandyrmalaryň biri bolsa, şeýledir: ”*Altyn-kümüş ýygnap, olary Allanyň ýolunda sarp etmedikler üçin şol altyn-kümüşler Jähennem odunda gyzardylyp, eýeleriniň alnyna, böwrüne we arkasyna basylar*” (”Toba”, 9/34-35). Jähennem ähli ajygar we suwsar, olara nahar hökmünde aşgazanda magdan ergininiň gaýnaýşy ýaly gaýnajak zakgun agajy, ”dari” diýlen zäherli ösümlik, içgi hökmünde bolsa, içegeleri çogdurýan gaýnag suw, gan goşulan iriň berler.

Jähennem ähli ne garnyny doýrup biler, ne-de teşneligini gandaryp biler. Olar Jennet ählinden hernäçe suw sorasa-da, bu möhümleri bitmez. Iýmit hökmünde, hatda, haýwanlaryň

hem iýip bilmejek ösümligi bolan – ”dari” hem-de zakgun hödür ediler. Kapyrlar hem-de Alla garşy çykanlar tussaghanada ýaşarlar. Ol tussaghanada her biri belli bir topar üçin niýetlenen ýedi sany gapy bardyr. Onuň garawullary bolan perişdeler bolsa diýseň hyrsyzdyrlar. Bu ýerasty tussaghananyň otaglarynyň käbiri has aşakda ýerleşýändir. Olaryň içine ot salnar-da, gapysy gulplanar. Ol ot bolsa gyzgyndyr, ýakyp-ýandyryjydyr, uzakdan gümmürdisi we uwwuldysy eşidilip duran ýalmawuz ataşdyr. Ol wulkanyň läbik pürküşi ýaly, daş-töweregine uçgun saçar. Günäkärler bolsa, käte ýeňsesinden idenekledilip, käte-de boýnuna zynjyr salnyp, kellesinden we aýaklaryndan tutulyp, uzyn zynjyrlara daňylyp, ýüzin süýrenerler we ýüzin oda hem-de darajyk ýere oklanarlar. Ýakyp-ýandyryjy ot bilen tutaşdyrylarlar. Olar Jähennemiň tutaşdyrlygyna we odunyna öwrülendirler. Ejirden, yzadan ýaňa özüni ýitiren günäkärler her gezek gaçjak bolanlarynda, demir gamçylar bilen urlup, oduň içine itilerler. Otly düşekde ýatyrylyp, üstlerine otly ýapynja örtüler. Olary ot tutuşlygyna gurşap alar. Olaryň ýüzlerini daglar, hamlaryny, barmaklaryny sypyrar, hemme ýeri ýakyp-ýandyrar. Diňe bular bilen çäklenmän, ruh bilen ýürege hem aralaşar. Olar jezasynyň birneme ýeňledilmegini ýa-da bes edilmegini sorap perýat ederler, emma olaryň bu haýyşlary jogapsyz galar, hamlary täzelenip, gaýtadan iňňildemäge we dady-perýat etmäge başlarlar. Soňra gaýnag suwa taşlanarlar. Depelerinden gaýnag suw guýlar. Hamlaryndaky öýjüklere ýandyryjy şemal – ”semum” aralaşar. Özlerem ýokary derejede gaýnan suwuň – ”hamimiň” içindedirler. Depelerinde bolsa, bar umydyňy puja çykarjak ýaly, üstüňe

abanyp duran gap-gara tüsseden ybarat bolan kölegeden başga zat bolmaz...

Bu aýatlar hakda pikirlenenimizde, käbir meňzetmeler biz düşüner ýaly, häzirki ýaşaýşymyzdan alnandygyny görýäris. Ýöne ol meňzetmeler biziň bilşimizden düýpgöter üýtgeşikdir. Meselem: ”*Jähennem – o azgynlaryň duşuşyk ýeridir. Onuň ýedi gapysy bardyr. Her gapydan olaryň içinden ýörite saýlanan bir topar girer*” (”Hijr”, 15/43-44). O azgynlar bu dünýäde-de mydama şol bir ýerde duşuşýarlar. Olaryň mesgeni şeýtanyň özüne çekiji edip görkezýän keýp çekilýän ýerler. Olar dünýäde-de bir ýerde duşuşarlar. Jähennemiň şol ýedi gapysynyň her biri başga bir otaga elter. Olar etmişlerine görä bölünip, şol otaglara salnar. Her kim düşen otagynda azap görer. ”*Barybir, olar kyýamat sagadyny hem ýalan saýdylar. Şol sagadyň geljegini ýalan saýanlara güýçli ýalynly ot taýýarlanyp goýuldy. Olar bu ody uzakdan görende, onuň lokurdysyny we uwwuldysyny eşiderler. Elleri boýnuna baglanyp, darajyk ýere oklananda, şol ýerde ölüp, ýok bolmak islärler. ”Bir gezek ölüp, ýok bolmagy däl, ençeme gezek ölüp, ýok bolmagy isläň!” diýler. Aýt: ”Şu ýer gowumy, ýa-da ebedi Jennet?*” (”Furkan”, 25/11-15). Jähennemiň lokurdysy we uwwuldysy gazaba münen janawaryň iki tarapa hyňzaýşyny ýady salar. Şeýle janawaryň öňüne taşlanan adamyň ýagdaýyny göz öňüne getirip görüň! Edil şonuň ýaly-da, Jähenneme düşenler hem ebedi perýat ederler, olaryň nalasy Jähennemiň uwwuldysyna garyşyp gider.

”*Jähennem ne boşadyp goýberer, ne-de azap bermegini bes eder, ol ynsanyň hamyny gowrar*” (”Müddessir”, 74/28-29). Adiý bin Hatem (radyýallahu anh) Resulullanyň (s.a.w) şeýle diýendigini rowaýat edýär: ”*Resululla, göýä, oda seredýän ýaly, Jähennemden tisgindi. Soňra: ”Özüňizi otdan goraň!”*

*diýdi. Soňra ýüzüni üç gezek gapdala öwürdi. Hatda, biz Jähenneme seredýändir öýtdük. Soňra: "Ýarty hurma bilenem bolsa, özüňizi otdan goraň. Ony hem tapmaýan bar bolsa, hoş söz bilen özüni otdan gorasyn" diýdi."*

Kuranda: *"Alla, şübhesiz, kapyrlara lagnat edendir we olara ebedi ýaşajak ýerleri bolan elhenç ýalynly Jähennemi taýynlap goýandyr. Olaryň ne dosty bardyr, ne-de kömekçisi. Otda ýüzleri çöwrülen güni: "Käşgä, Alla we Onuň Pygamberine boýun bolsadyk!" diýerler. "Rabbymyz! Biz ýolbaşçylarymyzyň we ýaşulularymyzyň diýenlerine eýerdik. Emma olar bizi ýoldan çykardy. Rabbymyz! Olara iki esse köp azap ber, olary gorkunç azaba duçar et!" diýerler"* ("Ahzab", 33/64-68). Elhenç ýalynly ot. "Kömek ediň!" diýip medet soralaýanda-da, dadyňa ýetişjek ýok. Ine, şeýle halda, etiň çişe düzülip, eýläk-beýläk öwrülip bişirilişi ýaly, kimdir biri otda bişirilýär. "Otda ýüzleri eýläk-beýläk öwrülen güni..." Soňam peýdasyz ahy-nalalar... "Rabbymyz, biz Saňa we Seniň Resulyňa boýun bolmaga derek, ýolbaşçylarymyza we ulularymyza boýun bolduk, şolary razy etmek bilen bolduk..." Içleri özleriniň şeýle güne düşmegine sebäp bolan ýolbaşçylara we ululara bolan gahardan doludyr. Hamala olar azap çekse, ýürekleri giňäýjek ýaly, Rablaryndan olara iki esse azap bermegini soraýarlar.

*"Azgynlara çetin gelejek garaşýar. Olar üçin Jähennemde bir düşek bardyr, gör, ol nähili erbet düşekdir?!"* ("Sad", 38/55-56). *"Kitaby çepden berlenler! Olaryň ýagdaýy diýseň gözgyny. Essiňi aýyp barýan yssyda, gaýnag suwuň içinde we hiç hili peýdasy bolmaýan gara tüssäniň kölegesinde bolarlar. Sebäbi olar mundan öň – dünýäde nygmatyň içinde ýaşan wagtlary hem, uly günä işlerinden hiç wagt daşlaşmadylar"* ("Wakyýa", 56/41-45). Howanyň gyzgynlygy adamyň hamyny ötüp, süňňüne ýeter. Suw bolsa, diýseň gyzgyndyr,

ne aňryňy sowadar, ne-de teşneligiňi gandyrar. Ol ýerde gara tüsseden ybarat bolan bir kölege bardyr. Muny görüp, olaryň depesi gök dirär. Salkynlaryn diýen umyt bilen şol ýere baka ylgar. Emma onuň howurly, demligiňi daraldyp barýan kölegedini görüp, lapykeç bolarlar. Psihiki we ruhy taýdan çekilýän azap. Azap üstüne azap. O kölegäniň ne salkynlygy bar, ne-de peýdasy. Kakabaşlaryň çekjek bu azaby diýseň agyrdyr. ”*Olaryň aşagynda Jähennemden bir düşekçe we üstüne-de ýapynjalar bardyr. Biz zalymlara şeýle jeza bereris*” (”Araf”, 7/41). Jähennem ýatakhana ýaly taýýarlanylandyr. ”Myhmanlarynyň” aşagynda otly düşekçe, üstlerinde otly ýorgan we kellesiniň aşagynda otly ýassyk bardyr. Ýatakhana, düşekçe, ýorgan diýlende, adamyň kellesine dynç almak, uklamak we düýş görmek ýaly gowy zatlar gelýär. Emma bu ýerdäkiler düýbünden başgadyr. Bu ýagdaý, elbetde, elhenç sahnalardan biridir.

”*Ýandyryjy oda ýaplanarlar, gyzgyn çeşmeden suw içerler. Iýmitleri bolsa, garyn doýurmaýan erbet ysly tiken bolar*” (”Gaşiýe”, 88/4-7). Jähennemiň ”myhmanlarynyň” aşagyna özlerine niýetlenilen düşekçeler serlendir. Elbetde, howa gaty yssy bolansoň, derrew olara içer ýaly bir zatlar getiriler. Seretseler, getirilen suw lakyr-lakyr gaýnap dur. Soňra ”myhmanlaryň” öňüne nahar çekiler. O nahar ynsanyň bokurdagynda galar, öňe gider, ne-de yzyna çykar. Ynsan hamala, özüni boglup barýan ýaly duýar. Tikenli bolany üçin, bokurdagyny sypjyryp, şol ýere ilteşip durar. Iýenleri garnyny doýurmaz. Gör, nähili ”myhmansöýerlik?!”

”*Allanyň Resulyna garşy gidip, jihatdan*[15] *boýun gaçyranlar sapardan galmak bilen begendiler, Allanyň ýolunda maly, jany*

[15] Jihad: Alla ýolunda edilen söweş

*bilen söweşmekden ýüz öwürdiler; "Bu yssyda sapara çykmaň!" diýdiler. Olara aýt: "Jähennem ody has gyzgyndyr!" Käşgä muňa düşünsediler. Mundan beýläk gazanýan girdejileriniň jezasy hökmünde az gülüp, köp aglasynlar!*" ("Toba", 9/81-82).

*"Kitaby çepinden berlen barada aýtsak, ol "Käşgä, kitabym berilmän, hasabymyň nämediginem bilmesedim!" diýer. Käşgä, ölenim bilen hemme zat tamamlansady. Malymyň maňa nepi degmedi. Süren agalygym hem meni taşlap, ýok bolup gitdi. (Jähennemiň garawullaryna şu ylahy buýruk berler:) Ony tutuň-da (ellerini boýnuna) daňyň. Soňra ýalynly oda oklaň! Soňra bolsa, ony uzynlygy ýedi arşa baryp ýetýän zynjyra baglaň! Sebäbi ol Beýik Alla iman getirmedi. Ne özi garyp-gasary doýurdy, ne-de başga adamlary bu işe çagyrdy. Şonuň üçinem, bu gün bu ýerde onuň hiç hili syrdaş dosty ýokdur. Oňa günäkärleriň iýýän ganly iriňinden başga iýmit hem berilmez*" ("Hakka", 69/25-37). Amal depderini çepinden alanlar ony okarlar. Okadygy saýy ýüzleri üýtgär. Ýüreklerini gorky hem puşmanlyk duýgusy gaplap alar. Bir tarapdan garaňky geçmişini gözden geçirerler, beýleki tarapdan bolsa edenlerini ýadyna salarlar; sogap tekjesinde hiç zadyň ýokdugyny, günä tekjesinde bolsa, garşy gitmekden, pyssy-pyjurlykdan we azgynlykdan doly amallary görer. Müjrimler bollugyň we mätäçligiň synagdygyna, hakyky durmuşyň ahyret durmuşydygyna şonda düşünip galarlar. Dünýä durmuşyndan ýerlikli peýdalanyp bilmändiklerini, amanata hyýanat edendiklerini ýatlap ökünerler. Emma suw seňrikden agansoň, ökünçden-puşmandan peýda ýok. Olar dünýä durmuşynda – amal diýarynda elden gideren amatly pursatlaryna gynanmak bilen çäklenerler.

*”Ol gün hakyky hökümdarlyk Rahmanyňkydyr. Inkär edenler üçin bolsa çetin gündür. Ol zalym kişi edenlerine ökünip: ”Wah, menem pygamberleriň ýoluna eýermeli ekenim” diýer.” Wah, meniň düşen günümi diýsene! Pylanyny dost edinmedik bolsam bolmaýarmy?! Ant içýärin, meni Kuranyň ýolundan azaşdyran şol. Şeýtan bolsa ynsanyň ýalňyz, ýaransyz bolmagyna sebäp bolar.” Nebi hem: ”Eý, Rabbym, meniň kowmum Kurany terk etdi (muňa üns bermediler, imanly adamlaryň hem oňa baglanmaklaryna böwet boldular)” diýendir”* (”Furkan”, 25/26-30). Özlerine gelen Resula we Kurana perwaýsyz garanlar bu edenine puşman bolup, saralyp solarlar. Kurany terk eden; oňa tutuş adamzadyň ýol-ýörelgesi, Rahmanyň asudalyga alyp barýan hidaýat kitaby hökmünde däl-de, adaty kitaplaryň biri kimin garan adamlaryň çekýän hasratlary şeýle ýokardaky ýaly suratlandyrylýar. Öz soňunyň gorkunçdygyny gören, dogrulykdan we duýgurlykdan üzňe ýaşan adamlar puşman bolup, ellerini nädip agyzlaryna ýetirenini duýman galarlar. Olar akylyna aýlanarlar. Gazap aty olaryň daşyny gurşap alar. Ýöne ol günden soňra etjek alajyň ýok.

Kuranda bu dünýäde ýoluny urduranlaryň, azgynlaryň we haram keýpe kowalaşanlaryň o dünýäde zyýana galyp ahmyr edişleri hem beýan edilýär. *”Olaryň oduň başynda durkalar: ”Wah, käşgä biz Rabbymyzyň aýatlaryny ýalan saýmazlyk üçin, iman getirenlere goşulmak üçin gaýtadan yzymyza – dünýä goýberilsedik” diýişlerini görsediň!”* (”Enam”, 6/27). Güýjüne daýanyp, haram baýlyk ýygnan, ynsanlara zulum eden tekepbirleriň, Karunlaryň, jadygöýleriň we olara goldaw berenleriň, günäkär azgynlaryň Allanyň dinini ýeňmek üçin musulmanlara garşy uruş alyp baran biçäreleriň pajygaly soňy şeýle suratlandyrylýar. Eline geçen hökmürowanlyk ömürlik

dowam eder öýtdüler. Bu gün umytdan düşüp, gaýgy-gama batyp, kemsinip, eden zulumlarynyň, jenaýatlarynyň, adalatsyzlyklarynyň, şer işleriniň jezasyny çekerler. Alla ýolunda söweşen ärleriň däl-de, olaryň garşysyna hüjüm edýän zalymlaryň tarapynda duranlar şol zalymlara boýun bolandyklaryna puşman ederler. Hormat goýup, baş egen deňduşlarynyň hem özleri ýaly, güýçsüz, mertebesiz, kemsidilen ýagdaýyny görüp, has beter ahy-nala çekerler. Mal-mülke, hökümdarlyga we dünýewi haý-höwese aldanyp, gullara gul bolanlar jibrinip, ejir çekip ýanmaga mejbur bolarlar.

*"Şol wagt (Alla şirk goşmakda) tabyn bolanlar özleriniň yzlaryna tabyn bolanlardan has daşda durandyklaryny (görerler). Olar (iki tarap hem) azaby görendirler we olaryň aralarynda (bar bolan ähli) gatnaşyk kesilendir. (Pygamberleri inkär edenlere) tabyn bolanlar: "Käşgä, ýene bir gezek (dünýä) gelmek (mümkin bolsady), olaryň bizden daş duruşlary ýaly, biz hem olardan daş durardyk" diýerler. Şeýdip, Alla olaryň eden işlerini özlerine gam-gussa edip görkezer we olar soň (hiç haçan) otdan (dowzahdan) çykyp bilmezler."* (Bakara, 2/166-167). Ol gün ýok bolup gitmek hem uly arzuwlaryň biridir. Sebebi çekip-çydardan has çökder dertden halas bolmagyň ýeke-täk ýoly ýok bolup gitmekdir. Emma olaryň isleglerine berlen jogap şeýledir: *"Bir gezek ölüp, ýok bolmagy däl, ençeme gezek ölüp, ýok bolmagy isläň!"* ("Furkan", 25/14); *"Käşgä, Alla we Onuň Pygamberine boýun bolsadyk!"* ("Ahzab", 33/66); *"Ol gün kişi eli bilen eden işlerine syn eder we kapyr: "Käşgä, toprak bolsadym!" diýer"* ("Nebe", 78/40).

*"Olar uzakdan Jähennemi görenlerinde, olar onuň gazaply hyňranyşyny we lasyrdap gaýnap, dem alşyny eşiderler"* ("Furkan", 25/16); *"Käşgä, onuň bilen – ölenimden soň hemme zat tamamlansady. Malymyň maňa nepi degmedi. Süren agalygym*

*hem meni taşlap, ýok bolup gitdi. (Jähennem garawullaryna şu ylahy buýruk berler:) Ony tutuň-da (ellerini boýnuna) daňyň. Soňra ýalynly oda oklaň!*" ("Hakka", 69/27-31).

Allany inkär eden we Oňga garşy çykan gullar Jähenneme oklananda, azap olary ýokardan-aşakdan gurşap alar: "*… Azap olaryň depelerini we dabanlaryny gurşap alar*" (Ankebat, 29/55).

"*Siz, eý azgynlar, ýalan saýanlar! Ine, şu zakgun agajyndan iýersiňiz, garnyňyzy şonuň bilen doldurarsyňyz. Onuň üstünden (eredilen magdanyň löti ýaly) gaýnag suw içersiňiz. (Göýä) suwsan düýeleriň suwa hüjüm edişi ýaly (topulyp) içersiňiz.*" ("Wakyýa", 56/51-56).

"*Bu içgi, gör, nähili erbet içgidir we bu ot hem, gör, nähili erbet düşelgedir*" ("Kehf", 18/29).

Yslam alymlary iň beýik sagadatdan – Allanyň jemalyny synlamakdan mahrum galmagy iň agyr azap diýip hasaplaýarlar. "Gynançly", "uly", "güýçli", "kemsidiji", "dowamly", "uzak möhletleýin" ýaly aýratynlyklary bolan Jähennem azabynyň kapyrlar üçin "ahkab" diýip atlandyrylýan uzak wagtlap dowam etjekdigi, munuň älemiň ömri ýaly dowamly boljakdygy, emma ylahy güýje baglylykda wagtyň uzalyp ýa-da gysgalyp biljekdigi Kuranda berlen maglumatlaryň arasynda bar.

Dünýäde edilen günä işlere jogap hökmünde ahyretde jezanyň beriljek ýeri diýmegi aňladýan Jähenneme diňe laýyk bolan kişiler girer. Rahmeti gazabyndan öňe geçen Allatagala islän kişisine mynasyp bolanyndan has artyk peşgeş berse-de, hiç kime laýyk bolmadyk azaby bermez.

Öň ýaşap geçen pygamberleriň ymmatlary hem öz döwründe pygamberlerine ýürekden baglanan bolsalar, ebedi jezadan halas bolandyrlar. Allatagala özüne wada

beren ysraýylogullaryna şeýle diýýär: ”*Men siziň bilen biledirin. Eger namaz okasaňyz, zekat berseňiz, pygamberlerime ynanyp, olary goldasaňyz we mätäçlik çekýänlere göterimsiz karz berseňiz günäleriňizi öterin, sizi aşagyndan derýalar akýan Jennetlerime salaryn. Mundan soň kim inkär etse, onuň dogry ýoldan çykdygy bolar*” (”Maide”, 5/12). Şeýle bolsa-da, mundan soňky aýatlarda aýdylyşyna görä, ysraýylogullary-da, şoňa meňzeş wada beren hristiýanlar-da ähtlerini bozýarlar, Allatagaladan nur hem-de aç-açan kitap getiren iň soňky Pygambere (s.a.w) ynanmaýarlar, şeýdibem Allanyň ryzasyndan daşlaşýarlar.

Alla öz islän bendesine azap bermäge güýji ýetýänem bolsa, Özüni inkär edenlere we Özüne garşy gidenlere azap berjekdigini duýdurýar. Iman getirmedik hem-de ylahy buýruklary ýerine ýetirmedik ynsanlar we jynlar Allany inkärde derejelerine we eden günälerine görä azap çekerler. Özlerine pygamber iberilmedik (we ylahy buýruk gelip ýetmedik) adamlara azap berilmez. Onuň ýerine, Allanyň huzuryna çykjakdygyna ynanman, aýatlary inkär eden kapyrlar, Kurana pitiwa etmedik ýahudylar, hristianlar, mynafyklar, müşrükler we pygamberleriň käbirine ynanyp, beýlekilerini inkär edenler elhenç azaba duçar bolarlar. Kurandaky buýruklaryň daşyna çykyp, pygamberleriň aýdanlaryna ters hereket eden asy musulmanlar hem azap çekerler. Gürrüňi edilýän bu toparlar – kapyrlar we asy musulmanlar Allatagala merhemet edýänçä, ýaşajak ýerleri bolan Jähennemde jezalaryny çekerler.

Görşüňiz ýaly, Kuran Jähennemiň elhenç azaplaryny dürli aýatlarda birkemsiz beýan etmek bilen onuň bardygyny habar berýär.

## Psihiki jezalar

Kuranyň Jähennemi suratlandyryşyna seredenimizde, ýokarda agzalan beden taýdan beriljek jezalardan başga, ruhy taýdan beriljek jezalaryň hem bardygy mälim bolýar. Bu hili azap ruha yza berer. Muňa mynasyp bolanlaryň Allany görmekden we Onuň bilen gepleşmekden mahrum edilmek arkaly, ylahy lagnata sezewar bolmak görnüşinde bolup geçer. Olara ähli amallaryň puja çykmagy, Alla şirk goşup, çokunan putlaryň peýda bermezligi, ahyretde ýagşylyklardan uzak bolmagy we ýatdan çykarylmagy, kömek berilmezik, şowsuzlyga uçramak, kowulmak, ýalňyz galmak, asman gapylarynyň açylmazlygy, ötünçleriň kabul edilmezligi ýaly psihiki azaplar bilen hem jeza berler.

Magşar gününde günäkärler gara ört bolan ýüzüni sortduryp, Allanyň huzurynda boýnuny burup durarlar. Olaryň amal depderlerine eden uly-kiçi – hemme amaly bellenendir. Öz organlary özleriniň garşysyna şaýatlyk ederler. Günälerini arkasyna ýüklenendir. Mätäçlere bermän ýygnan mallary olaryň boýnundan sallanandyr. Olar masgara ediler we Allanyň gazabyna duçar bolarlar. Olaryň ýüzi soluk, boýny burukdyr. Gynanjyndan ýaňa barmaklaryny dişlärler.

Gör, nähili iniňi tikeneklediji azap... Ýeke-täk umytlary bolan Rabbil-alemin (jelle jelaluhu) hem olaryň ýüzüne seretmez, gürrüňdeş bolmaz, halyndan habar almaz. Aslynda, muňa zerurlygam ýokdur. Eý, Alla! Beýle halatdan Özüň goraweri!

*”(Egindeşlerim!) Jennet siziň her biriňize aýakgabyňyzyň bagyndanam has ýakyndyr. Jähennem hem şonuň ýalydyr. Alla boýun bolmak Jennete, Oňa garşy çykmak bolsa, Jähenneme elter).”*

## Jähennemiň ýaradylmagynyň hikmetleri

Ýolagçy mysaly gonup-göçüp gidýän ynsan bu dünýäde özünden talap edilýän zatlary ýerine ýetirse, Rabbynyň huzuryna baranda arkaýyn bolar. Ol özüne berlen nygmatlary Onuň ryzasyny gazanmak üçin sarp etse, Jennete girmäge hak gazanar. Eger munuň tersine hereket etse – berlen amanata hyýanat etse, amanaty kimiň berenini bilmese, onda ol günäli bolup galar. Şol sebäpli hem, Jähennemde azap çekmeli bolar. Kuranda aýdylyşyna görä, ynsan bilen Allanyň arasyndaky özara baglanyşyk söýgi we rahmete daýanýar. Esmaýy-Hüsnanyň äleme, aýratynam, ynsana degişlilerinden diňe iki ýa-da üç sanysy gahar-gazaby aňladýar. Galanlary ikitaraplaýyn ryzalyk we muhabbet manysynda gelýär. Yslamda esasy zat guluň boýun bolmagy, Allanyň bolsa, dünýäde we ahyretde ýalkamagydyr. Jeza erbetlikleriň öňüni almak üçin ulanylýan çäredir. Ynsandaky adalat duýgusy we özygtyýarlylyk düşünjesi ahyretdäki jeza we peşgeşiň bolmagyny talap edýär.

Alla bilen bendäniň arasyndaky baglanyşykda Alla mahsus bolan rahmete we gula mahsus bolan hormat goýmagy aňladýan muhabbete daýanmak esas edilip alynmak bilen birlikde, gyňyr ynsanlary terbiýelemekde azap, beýleki dinlerde bolşy ýaly, Yslamda-da bir berk çäre görmek hökmünde ulanylypdyr.

Jennetiň we Jähennemiň barlygyna ynanmagyň ynsanyň terbiýesi we dogry ýola gönükdirilmegi üçin dünýä durmuşyna öz täsirini ýetirýändigi ikuçsyzdyr. Ynsan öz eden ýaşyryn we görnetin işleriniň hemmesine hasap bermelidigini we Jähennemde beriljek elhenç jezany ýadyna salanda, elbetde, ýedi ölçäp bir kesmelidigine akyl ýetirer.

Adamogly bu dünýädäki ynançlarynyň we eden işleriniň netijesi hökmünde ýa Jennete girer ýa-da Jähenneme. Aslynda, mümin üçin Jennet-de, Jähennem-de rahmetdir. Kuran Jähennem azabynyň elhençligini belläp, yz ýanyndan, yns we jynsa: ”*Rabbyňyzyň haýsy nygmatlaryny ýalan saýýaňyz?*” (”Rahman”, 55/35-36) diýip ýüzlenýär. Bu ýerde gürrüňi edilýän nygmat: Jähennemiň tutuş elhençligi bilen ynsanyň ruhuny lerzana getirip, mümininiň öz durmuşyny tertibe salmagyna sebäp bolmagydyr. Jennet beýik kämil sypata eýe bolan ynsanlary belent mertebelere çykmaga iterýär. Jähennem bolsa, ahlak taýdan kämillige ýetmedik ynsanlaryň ondan gorkmak bilen durmuşyny gözden geçirip, özüni tertibe salmaklaryna sebäp bolýar. Jähennem hatarly ýoluň üstünde ýanyp duran ot ýalydyr. Ol ynsany şol ýola düşmekden gorar. Jennet bolsa, göni ýoluň ugrunda ýazylan nazy-nygmatdan doly saçak ýalydyr. Ynsany şol ýola çagyrar. Şeýlelikde, Jennet bilen Jähennem ahyrky netijä akyl ýetirip bilýän ynsanlar üçin aýry-aýrylykda nygmatdyr.

”*Dünýä durmuşyny we ajaýyplyklaryny isleýänlere, şol ýerde çeken zähmetiniň hözirini birkemsiz görkezeris. Emma ahyretde olara diňe ot garaşýar*” (”Hud”, 11/15-16). Biziň amallarymyz sag hem-de çep egnimizdäki perişdeler tarapyndan ýazylýar. ”*Kim çigit ýalyjak haýyr iş eden bolsa, hakyny alar. Kim çigit ýalyjak şer iş eden bolsa, ol hem hakyny alar*” (”Zilzal”, 99/7-8). Başarsaň, ahyretiňe maýa toplajak bolmaly. Utuş getirýän söwda – Alla bilen edilen söwdadyr. Ýürekden iman getirip, mal bilen jandan geçip, Alla ýolunda jihad etmek arkaly Jenneti satyn almak, Jähennemden bolsa halas bolmakdyr. Kuranda teswir edilýän Jähennemiň elhençlikleri ynsanyň haram keýplerden el çekmegine itergi berýär. Eger Jähennem bolmadyk bolsa, halal-haram diýmän,

gabat geleni iýip-içip, keýp edip ýörmegiň, dünýäden lezzet almagyň bir manysy bolardy. Emma Jähennemiň bardygyny ýatdan çykarmalyň! Ol, aslynda, bize kän bir uzagam däl. Aslynda, Jähennemiň bardygy hem gowy zat, ýogsam, ynsan ogluny hiç zat saklap bilmezdi.

Ýanygyň yzasyna çydamak kyn. Ýekeje otluçäp dänesi hem ýanyp gutarýança barmagyňa degrip sakladanok. Sähelçe ýanyk hem ençeme günläp erbet yza berip durýar. Ömrüni günädir haramyň içinde geçirýän adamyň ýagdaýy, aslynda gözi ýumuk, uçuda ylgap barýan ýa-da eli benzin gaply ot bilen oýnaýan adamyňkydan has gözgynydyr. HezretiÝusup (a.s) Rabbynyň delillerini görendigi we haramyň hakykatyna göz ýetirendigi üçin, özüne teklip edilen günäni däl-de, tussag edilmegi saýlapdy.

Şeýtan harama ýasama owadanlyk çaýyp, ynsana al salmaga synanyşýar. Musulman bolsa, Allanyň gadagan eden zadynda haýryň ýokdugyny bilmeli we şeýtanyň hilesine aldanmaly däldir. ”Haram” diýlende, mümininiň göz öňüne Jähennem we onuň gazaply ody gelmeli. Ahyrete, Jennete we Jähenneme doly iman getirmek – olara gözüň bilen görýän ýaly iman getirmekdir.

Jähennem bizden kän bir daşda-da däl. Ýer şary otdan ybarat pökginiň üstünde dur. 50 km galyňlykdaky ýer gabygynyň aşagy Jähenneme meňzeş ot üýşmeginden ybarat. Wulkanlardan zowlap çykýan gyzgyn läbikler bize aşagymyzdaky ody we Jähennemi ýatladýar. Şol sebäpli, alymlaryň käbiri Jähennemiň Ýeriň aşagynda ýerleşýändigini aýdýar.

Şeýtan käte mümininiň gulagyna şeýle diýip pyşyrdaýar: ”Barybir, mümin Jähennemde ebedi ýaşamaýar, Alla onuň günälerini bagyşlaýar, bagyşlamanda-da, gysga möhlet otda

ýanyp, Jennete girýär, kän bir ýitirjek zadyň ýok!” Isleseňiz, Jähennemi dünýädäki 10-15 ýyllyk tussag jezasy bilen deňeşdirip göreliň. Akyly ýerindäki adam azajyk keýp üçin ençem ýyl tussaglyga razy bolarmy? Dünýädäki berilýän ejir bilen zebanylaryň (dowzahyň perişdeleri) berjek azabyny göz öňüne getirip göreliň. Dünýä odundan 70 esse gyzgyn we güýçli ot hem-de ynsanlaryň çekjek jezasy bilen Allanyň azabynyň ululygyny deňeşdirip bilersiňiz.

Jähennem ähliniň çekýän ahmyry, ökünji olaryň ruhy taýdan çekýän jebridir. Emma olaryň lowlap ýanýan oduň içine girmekleri, ýanan hamlarynyň ýerine gaýtadan azap çekmekleri üçin, özlerine derrew täze hamyň geýdirilmegi we organlarynyň erbet ýerlerde ulanylandygyna şaýat bolmaklary ýaly ýagdaýlar bolsa, beden taýdan çekýän jebridir. Şol sebäpli, Jähennem azaby jeset bilen ruha bilelikde täsir eder.

Biziň Jennete düşjegimiz ýa-da Jähennemden halas boljagymyz doly belli däl, islendik wagt ajal ýakamyzdan tutup biler. Jennet bilen Jähennem biziň ynanjymyz we ýaşaýşymyz bilen bir-birine berk baglanyşyklydyr. Ine, şu zatlary nazarda tutup, musulmançylyk kadalaryna göre ýaşamaly we hamala az salymdan amanadyňy tabşyrýan ýaly, ahyrete gitmäge mydama taýyn bolmalydyrys.

Hezreti Pygamberimiz (s.a.w) köpçülik bolup gülüp oturan adamlaryň ýanyna baryp: ”*Araňyzda Jennet bilen Jähennem hakynda gürrüň edilse-de, gülüp otyrsyňyzmy?*” diýdi. Şondan soň olaryň hiç biriniň gülenini gören bolmady.

Mümin Allatagala boýun bolmak bilen Jähennemiň odundan goranjak bolmaly. Jähennemiň Kuranda beýan edilen elhençligine ”ynsanyň sözüň hakyky manysynda iman bilen salyh amala ýapyşyp, bu gorkunç azapdan goranmagy

üçin bir öwüt” diýip düşünilmelidir. Ynsany terbiýelemek hem-de ahlakly edip ýetişdirmek üçin, Jennete we Jähenneme bolan ynanç dünýä ýaşaýşyna görnetin täsir edýär. Ynsan öz eden ýaşyryn hem görnetin işleriniň hemmesine hasap bermelidigini we Jähennemde beriljek elhenç jezany ýadyna salanda, elbetde, ýedi ölçäp bir kesmelidigine akyl ýetirer.

*”Eý, Rabbymyz! Bize dünýäde-de ýagşylyk et, ahyretde-de. Bizi Jähennem azabyndan gora!”* (”Bakara”, 2/201); *”Eý, Rabbymyz! Iman getirdik; biziň günälerimizi bagyşla, bizi ot azabyndan gora!”* (”Ali-Imran”, 3/16).

## Jähenneme düşmek gorkusy we jennete girmek umydy

Kuran ynsanlara öwüt berende, olaryň duýgy-düşünjelerini deňagramlykda saklamaga üns berýär. Ol mümin bilen kapyry, Jennet bilen Jähennemi, oňat ahlak bilen erbet ahlagy, amal depderlerini sagdan alanlar bilen çepden alanlary yzly-yzyna beýan edýär. Aşa umytlanmak hem-de öte gorkmak oňyn netije bermez. Ynsan diňe aşa umytlanmak bilen çäklense utançsyz, lälik bolar. Beýle ýagdaý onuň Alla bilen bolan gatnaşygyna-da öz täsirini ýetirer. Ol ybadatlara kembaha garar, ähmiýet bermez. Bu ýagdaý şeýtanyň ynsany Alla bilen aldawa salmagyna getirer. Kuranda şeýtanyň ynsany Alla bilen aldawa salmagyna degişli birnäçe aýat bar. Olaryň biri şeýle: *”Allanyň bagyşlaýjydygyna ynandyryp, şeýtan sizi aldawa salmasyn”* (”Fatyr”, 35/5). Käte ynsan günä girdabynda gark bolup barýarka, kimdir biri ony Alladan gorkmaga çagyryp, günälerden uzaklaşdyrmakçy bolanda, ol derrew Allanyň örän merhemetli we bagyşlaýjydygyny aýdyp, ýene günä

bilen gümra bolar. Bu bolsa Allany ýalňyş tanamakdan ybaratdyr.

Allanyň bagyşlaýjy we örän merhemetli bolmagy ynsanyň Oňa garşy çykmalydygyny ýa-da günä galmalydygyny aňlatmaýar. Ynsanyň gorkup, aşa köp was-waslyk etmegi-de ony umytsyzlyga iteklär. Umytsyz ýaşamak bolsa, ynsany göwnüçökgünlige we durmuşa biparh garamaga elter. "*Olar Rablarynyň azabyndan gorkup we rahmetinden umydygär bolup, doga-dileg ederler*" ("Sežde", 32/16). "*Hakykatdanam, olar haýyr işiň ugrunda ylgardylar, umydygär bolup we gorkup, bize doga-dileg ederdiler hem-de bize çuňňur hormat goýardylar*" ("Enbiýa", 21/90). "*Gorkup hem umyt edip, Oňa doga-dileg ediň*" ("Araf", 7/56).

Diňe bu dünýäsiniň abatlygy üçin kowalaşýanlar, çeken zähmetleriniň hözirini bu dünýäde görerler. Ahyret diýaryna taýýarlyk görýänler bolsa, çeken zähmetiniň hözirini hem bu dünýäde, hem-de ahyretde aňryýany bilen görerler. Kapyra ahyretde tutaşdyrlygy ynsanlar bilen daşlar bolan Jähennem görkezilýärkä, mümine köşkleriň, suwlaryň, gülleriň, iň owadan we päk ýanýoldaşlaryň mekany bolan Jennet wada berilýär.

Bu dünýäde ynsanlaryň käbiri oňat dynç alyş ýerine, ulaga we owadan zenana eýe bolmak üçin her hili kynçylyga baş goşýarlar. Aslynda, bu dünýäniň gülleri solýar, söýgüler ilki solýar, soňra ölýär. Dünýä inenler ýuwaş-ýuwaş bu dünýä bilen hoşlaşýarlar, gurlan binalar ýykylýar. Ynsan ýaşlygyny köýdürip, birentek zada eýe bolýar; indi hözirini göreýin diýen wagty garraýar ýa-da dert tapynýar. Müminler ýaşaýşyny ahyrete görä sazlaýar. Alla olary bu dünýäde-de närazy etmeýär. Wagtlaýyn bolan bu dünýä nygmatlary Jennetde barlygyny solman dowam etdirýär.

Gelen ýerimize gaýdyp barýarys. Bag-bossanly ýurtdan geldik. Töweregi ýaşyl ýassykly suw çüwdürimleriň; nepis düşekçelere ýassanyp ýatan, söýgülisinden başga gabagyny galdyrmadyk, bedenine ynsan we jyn eli degmedik ýarlaryň bar bolan ýurdundan geldik. Aşagyndan suw akýan belent ymaratlaryň, diwarlary altyn we kümüşden, binýady müşkden ybarat bolan kaşaň jaýlaryň, kümüş gaplaryň, hrustal käseleriň, altyn mejimeleriň we içinde adyny tutan zadyň tapdyrýan badalaryň bar bolan; her dürli ir-iýmişiň we etiň bol bolan, ölümiň barmaýan, ýaşlyk we gözelligiň solmaýan; içeniňden soňra müşküň ysy gelýän möhürli, sap Jennet şerabynyň içilýän; jöwza we aňzagyň bildirmeýän ýurdundan geldik.

Öýke-kinäniň we ýalanyň bilinmeýän, hiç hili günä işiň edilmeýän, ýadawlygyň duýulmaýan, iýlen-içilen zatlaryň deriň üsti bilen çykýan we müşki-anbaryň gelýän ýurdundan, ata watanymyza, ene topragymyza gaýdyp barmak şerti bilen, Adam ata we How ene (aleýhumesselam) bilen bu synag dünýäsine iberildik. Jenneti ýaradan we bizi synag üçin bu dünýä inderen Rabbymyz ”*Rabbyňyz tarapyndan berlen rahmete we Jennete tarap ylgaň*” (”Ali-Imran”, 3/133). ”*Gowy zat üçin ýaryşýanlar şunuň üçin ýaryşsynlar*” (”Mutaffifin”, 83/26) diýen buýruk bilen, kyýamata çenli dünýä injek ähli ynsanlary uzak wagtlap dowam edýän ýaryşa goşdy. Bu ýaryşyň pellesi dünýäde eşret, ahyretde Jennet. Baýrak bolsa, Jennet nygmatlary, Allanyň jemaly, Allanyň razylygy...

Daşky gözellige halk üçin, içki gözellige bolsa Hak üçin kowalaşýan zahyt kişilere taýýarlanyp goýlan täsinlikler diýaryna diňe päk, halalhon adamlar mynasyp görülýändigi üçin, bu dünýäde kalbymyzy we keşbimizi päk saklamaga,

hapa degen ýerlerimizi-de arassalamak biziň borjumyzdyr.

Bu içki we daşky arassaçylyk käte gözýaş, käte maňlaý deri, käte syýa, käte-de gan arkaly amala aşyrylýar. Jennet sary barýan adam bu dünýäde der dökmeli, ýalňyşyp günä girdabyna girende, gaýtadan aýaga galmagy başarmaly, kirlerinden (günälerinden), gözýaş, ökünç, ahmyr bilen ardynmaly. Dünýäde puşman etmek, toba etmek arkaly günälerinden päklenmeýän müminleri eger, Alla lutuf edip bagyşlamasa, Jähennem odunda ýanmak bilen tämizlener.

# SORAGLAR WE JOGAPLAR

### *1. Jennet bilen Jähennem şu wagt barmy?*

Hawa, Jennetem, Jähennemem şu wagt bar. Hezreti Adam (a.s) Jennetde bir müddet ýaşansoň, bu dünýä inderilipdir. Ynsanyň bu dünýädäki syýahaty, bir tarapdan, ýitiren Jennetine tarap syrygýar. Pygamber Serwerimiz (s.a.w) Magraja çykanynda, Jennet bilen Jähennemi gezdi, ol ýerdäkilere berilýän sylaglary we jezalary gördi. Jennet bilen Jähennem şu wagt hem bar. Olaryň nirede ýerleşýändigini diňe Alla bilýär. Jähennem kapyrlar üçin, Jennet bolsa, müminler üçin ýaradylandyr. Alymlaryň käbiriniň pikirine görä, Jennet bilen Jähennem tohum bolup dur. Ynsan edýän amallary bilen öz Jennetini ýa-da Jähennemini bina edýär. Ýagny bu ýerde yhlasly okan bir wagt namazyna derek, o dünýäde bir öý salnar. Bu ýerde bir gezek ”Lä ilähe illalla” diýse, o dünýäde onuň üçin bir sany Tuba agajy ekiler. Munuň hususan-da, şu wagt bu dünýäde ýaşaýan, wagt bilen ýaryşýan ynsan jähetinden şeýle bolmagy dogrudyr. Emma wagty ýeňip geçen kişiler üçin, Jennet ähli gözellikleri bilen häzirem bar. Hakykatdanam, Älemleriň Serweri (s.a.w) Magraç gijesinde Jennet bilen Jähennemi, olaryň içindäki ynsanlaryň hal-ýagdaýyny görýär. Ýagny, bir tarapdan, şol geljegi görýär. Bu babatda, alymlaryň käbiri hezreti Pygamberimiziň (s.a.w) ol ýerde mysal älemini we onuň

içindäkileriň bolsa, mysal älemindäki keşplerini görendigini çaklaýarlar. Dogrusyny Alla bilýär.

***2. Jähennem ahyretde adamlary terbiýeläp bilermi?***

Jähennem – edilen erbet amallaryň jezasynyň çekilýän ýeridir. Bu dünýäde iman getiren we ýagşy işleri edenler Jennete girerler. Olar öz üstüne düşen wezipäni ýerine ýetirmek, Kuran ahlagy bilen terbiýelenmek arkaly kämillik mertebesine ýetýärler. Ajal ýakadan ebşitläp tutansoň, bu durmuşyň soňy görünýär. Ölüm bilen her bir kişi nämäniň dogry, nämäniň ýalňyşdygyny görýär. Müminler dirikä pursaty elden bermändikleri üçin begener, kapyrlar bilen asylar bolsa, ömrüni ýele sowrandyklary üçin puşman ederler.

Gabyr, kyýamat, hasap we mizan terezisi ýaly yzygiderlilikde dowam edýän ahyret ýurdunda her kimiň özüne ýetik hysyrdysy bolar. Bularyň ählisi müminleriň kirlerden tämizlenmegine, käbir ýalňyşlyklaryndan saplanmagyna sebäp bolar. Şeýlelikde, olar Jennete ýazyksyz girerler. Edil şonuň ýaly-da, Jähennem hem käbir ynsanlaryň günälerden saplanmagyna sebäp bolar. Günäsi sogabyndan agdyklyk eden müminler Alla nähili islese, şonça wagt Jähennemde ýanarlar. Ol ýerde ahmyr edip aglarlar, dyz çöküp ýalbararlar. Bu dünýäden imanly gidendikleri üçin, haçanam bolsa bir gün ähli günälerinden päklenip, Jennete girmäge hukuk gazanarlar. Allanyň emri bilen bir howuzda ýuwnup-ardynarlar-da, Jennete girerler. Bir rowaýata görä, olara Jennete giren wagtlary ”Dowzahylar” diýip ýüzleniler. Emma olar Jennete girensoň, Jähennemden gutulandyklary üçin asla gam çekmezler. Ondan gutulmak – hemme zatdan

ýokarda durýar. Şu sebäpli hem, Jähennemiň ynsany terbiýelemekde rol oýnaýar.

Jähennemde kapyrlaryň hem hakykata göz ýetirmegi mümkin, ýöne olar iman getirmändikleri üçin Jähennemden gutulyp bilmezler.

### *3. Jennet bilen Jähennem nirede?*

Ilki bilen şuny belläp geçeliň: bu ýagdaý çürt-kesik mälim edilmedikdir. Ýagny Allanyň mülki gaty giňdir we Ol bulary islän ýerinde salyp biler. Bu barada bize kesgitli hiç zat aýdylmadyk. Ýöne aýat we hadyslarda käbir alamatlalar bar. Bu meselä diňe şu ugurda kämilleşen din alymy düşüner. Olam kesgitli zat aýdyp bilmän, ”Alla bilýär” diýip oňaýmasa. Bu inçe syry belläp geçensoň, soraga jogap bolup biljek şu hadysy aýdyp geçeýin: Rum patyşasy Heraklyň ilçisiniň ”Sen giňligi ýer bilen gök ýaly bolan Jennete çagyrýarsyň. Beýle bolsa, Jähennem nirede?” diýen soragyna Serwerimiz (sallallahu aleýhi we sellem): ”*Subhanalla! Gündiz wagty gije nirede bolýar?*” diýip jogap berýär.

Üstad Bediüzzaman hezretleri şu we şuňa meňzeş rowaýatlary nazarda tutup, özüne soralan Jähennem hakyndaky soragy ”Mektubat” atly eserinde Jähennemiň ýerleşýän ýeri hakyndaky käbir rowaýatlara esaslanyp, dünýäniň ýyl boýunça Günüň daşyndan aýlananda, aslynda haşyr meýdanynyň daşyndan aýlanýandygyny, ýagny haşyr meýdanynyň şol çäkde guruljakdygyny, Jähennemiň hem şol daşyndan aýlanylýan meýdanyň aşagynda ýerleşýändigini aýdýar. Ol örtükli hem-de nursuz bolandygy sebäpli, edil asmandaky Aý we birentek saýýaralaryň Gün doganda gözden gaýyp boluşlary ýaly, göz bilen görüp bolmaýandygyny belleýär. Şu pikir Serwerimiziň (s.a.w) hadyslaryndaky pikir

bilen doly örtüşýär. Üstad bu tema bilen baglanyşykly şeýle gymmatly maglumatlary hem gürrüň berýär: Jähennem ikidir. Biri kiçi Jähennem, beýlekisi bolsa, uly Jähennem. Kiçi Jähennem ýeriň aşagynda, ýagny ýeriň merkezindedir. Geologiýa ylmy aşak gidildigiçe, her 33 metrden gyzgynlygyň bir dereje artýandygyny aýdýar. Ýeriň radiusy bolsa, takmynan 6000 kilometr. Bu bolsa, merkezde gyzgynlygyň 200000 derejedigini aňladýar. Ýagny merkezdäki ot (magma) dünýä odundan 200 esse has güýçli bolup durýar. Munuň özi hadyslardaky maglumat bilen gabat gelýär. Bu kiçi Jähennemiň dünýäde hem-de gabyr äleminde uly Jähenneme degişli birnäçe wezipeleri ýerine ýetirjekdigine käbir hadyslarda yşarat edilýändigini aýdýan Üstad Bediüzzaman hezretleri bir gün, bu dünýäniň içindäkileriň haşyr meýdanyna boşadylyşy ýaly, kiçi Jähennemiň-de uly Jähenneme boşaldyljakdygyny belläp geçýär. Üstad hezretleri munuň başgaça bolmagynyň hem mümkindigini, ýagny kiçi Jähennemiň ýa-ha uly Jähennemiň bir tohumy halynda bolup, kyýamat-magşar güni gögerip, uly Jähenneme öwrüljekdigini, ýa-da şol uly Jähennemiň bir bölegi boljakdygyny ýazýar. Ol bu meselä dürli tarapdan çemeleşip: ”Jennet bilen Jähennem – ýaradylyş daragtynyň ebedilige tarap egrelip gidýän şahasynyň iki miwesidir. Miwäniň ýeri, şahanyň ujudyr hem-de ol älem zynjyrynyň iki netijesidir. Netijeleriň ýeri zynjyryň iki tarapyndadyr. Hapasy, agyry aşak tarapynda, arassa we gowusy bolsa ýokary tarapdadyr. Onsoňam, olar akyp barýan siliň we ýeriň magnewi hasylynyň iki harmanydyr. Harmanyň bolsa, hasylyň görnüşine görä, erbedi aşagynda, gowusy ýokarsyndadyr. Hem-de ebedilige tarap akýan iki howuzdyr. Howuz bolsa, siliň akmasyny goýup, üýşen ýerdir. Ýagny hapalary aşakda, tämizleri

ýokardadyr. Hem-de lutuf we gazabyň, rahmet we beýikligiň dabaralanýan iki mekanydyr. Bu bolsa, islendik ýerde amala aşyp biler. Rahmany-Züljemal we Kahhary-Züljelal rahmet we gazabyny, nirede islese, şol ýerde dabaralandyrar" diýmek bilen, Jähennem hakynda hakyky ylmyň Allatagala degişligini, biziň bu barada maglumatymyzyň çäklidigini nygtaýar.

### *4. Oňat ahlakly kapyrlar Jähennemde ebedi galarlarmy?*

Her näçe bilse-de, Allany inkär edenleriň ebedi Jähenneme girjekdigi we iman getirenleriň-de ebedi Jennet nygmatlaryna miýesser boljakdygy öňem aýdylyp geçilipdi. Ýöne özlerine hak din doly düşündirilmedik adamlar hem bolupdyr. Bu ýagdaý barada yslam alymlary kän kelle döwüpdirler. Ymam Maturidä görä, ynsan bir pygamber ýa-da ylahy kitap bilen tanyşmasa-da, öz akyly bilen hökman Allany tapmaga borçludyr. Onuň borjy diňe Allanyň barlygyna we birligine akyl ýetirip, Oňa ynanmakdyr. Muňa bu dünýäde we öz içki dünýäsinde ençeme delil bardyr. Ol Allanyň adyny, sypatlaryny we özünden näme isleýändigini bilmän biler. Ondan parzlary ýerine ýetirmegine-de garaşylmaz. Beýle kişiler "fetret ähli"[16] hasaplanylýar. Bular haçanam bolsa, Jennete girerler. Eşarylar bolsa, "*Biz, pygamber goýberýänçäk, hiç kime azap bermeris*" ("Isra", 17/15) aýatyny tutaryk edinip, özüne ylahy beýan bildirilmedik ynsanyň hiç zada jogapkär däldigini – ne iman getirmäge, ne-de parzlary ýerine ýetirmäge mejburdygyny aýdýarlar. Ýagny Maturidiler fetret ählini diňe amalda, Eşarylar bolsa, hem iman hem-de amalda kabul edýärler.

---

16 Fetret ähli: özlerine pygamber we kitap inderilmedik adamlar.

Kimdir birine ylahy çakylyk öz düşünjek dilinde duýdurylsa, ol muny aç-açan inkär etse – kapyr, iman getirse – mümin bolar. Eger asla duýdurylmasa, fetret ähline girer. (Ýöne Maturidi, onuň öz akyly bilen Allanyň barlygyna we birligine göz ýetirip, Oňa ynanmagyny zerur hasaplaýar). Ýöne ylahy çakylyk söz arkaly duýdurylsa, özi-de erbet uslyp bilen, hak din garalanyp, musulmanlar ýamanlanyp, Yslam dini ýalňyş tanadylsa, onda ”ylahy ýüzlenme duýduryldy” diýmek dogrumy – ýalňyşmy belli däl. Munuň soňy Allatagala bagly. Alla bendesine: ”Gowy ýa-da erbet bir zat eşitdiň, soňuny näme üçin yzarlamadyň?! Nämäniň dogry, nämäniň ýalňyşdygyny bilip öwrener ýaly, saňa akyl berdim, ygtybarly çeşmeler inderdim. Gözläp tapsaň bolmaýarmy?!” diýibem biler. Meseläniň şu ýeri Oňa bagly. Belki-de, mundan dini dogry tanatmaly kişiler jogapkärdir. Alla bilýär...

Oňat ahlakly kapyrlar barada aýdanymyzda, bulara hökman bir ýerde eden ýagşy amallarynyň nepi deger. Aýatda kim näçeräk ýagşylyk etse, şoňa görä peşgeş, kim näçeräk erbetlik etse, şoňa görä jezä aljakdygy aýdylýar. Şeýle bolsa, ýa-ha bu dünýäde üstünlik gazanmak, ynsanlaryň söýgi we hormatyna mynasyp bolmak, asuda hem abadan durmuşda ýaşamak ýaly birnäçe nygmatlara eýe bolar, ýa-da eden birentek ýagşy işleriniň netijesinde ahyretde onuň azaby ýeňlediler. Meselem, Serwerimiziň (s.a.w) iň ganym duşmanlarynyň biri bolan Ebu Lehebiň öz gyrnagyna söýgüli Pygamberimizi (s.a.w) birnäçe gezek emdirendigi üçin, Jähennemdäki azabynyň hepdede bir gün ýeňledilýändigi ol ölenden soň düýşde görülýär.

Ynsan Allany tanamak, Oňa ybadat etmek ýaly öz üstüne düşýän we ýaradylyş hikmeti bolan işlerde geleňsizlik etse, olary ýerine ýetirmese, beýleki eden ýagşy işleri ony halas

edip bilmez. Belki-de, oňat ahlak, edep, özgäniň hakyny iýmezlik, jomartlyk, işeňňirlik, ýardamsöýerlik ýaly Allanyň halaýan häsiýetlerine eýe bolan kapyrlara bu dünýädekä, şol ýagşy häsiýetleriniň saýasynda dogry ýoly tapmak başardar. Ýöne bu dünýäden iman getirmän gitseler, ýaryşda ters tarapa ylgaýan marafonçy ýaly hernäçe ylgasa-da, ýadasa-da peýdasy bolmaz. Hiç wagt ýaryşy üstünlikli tamamlap bilmezler, hatda pellehana-da ýetip bilmez.

5. ***Jennet we Jähennem durmuşy kyýamat gününden soň başlanýan bolsa, Serwerimiziň (s.a.w) "Jennetde pylanyny gördüm" diýen sözlerine nähili düşünmeli?***

Bu öňden çürk-kesik edilip, kesgitlenen ýagdaýdyr. Ýagny Allatagalanyň ylmy bilen täleýde ýazylan zatlaryň berzah äleminde şöhlelenmegidir. Kimiň Jennetde, kimiň Jähennemde boljagy ynsanlar ýaradylmazdan öňem bellidi. Älemleriň Serweri (sallallahu aleýhi wesellem) bolsa olaryň täleýini okap, şondan habar berýärdi.

Jennetileriň alýan lezzeti ýa-da dowzahylaryň çekýän yzasy dogrusynda şeýle diýip bolar: gürrüňi edilýän lezzet-de, yza-da beden bilen däl-de, ýa ruhy ýagdaý ýa-da ynsanyň soňy bilen baglanyşyklydyr. Sebäbi Serwerimiziň habar beren Jennet ýa-da Jähennemdäki jisimler ylmy jisimlerdir. Hawa, dünýädäki jisimler daşky jisim, beýlekiler bolsa ylmy jisimdir. Birinjä ylym, ikinjä bolsa ylym bilen bilelikde erada hem gudrat degişlidir.

6. ***Bir aýal adamsy aradan çykansoň, başga birine durmuşa çyksa, ol adamsy hem aradan çykyp, soňra başga birine durmuşa çyksa, Jennetde haýsy adamsy bilen ýaşar?***

Birnäçe hadysda adamsy ýogalansoň, ikinji gezek durmuşa çykan aýalyň Jennetde haýsysy bilen (öňki bilenmi ýa soňky bilen) boljakdygyny soran Ümmi Habibä Serwerimiz (s.a.w) haýsysy oňat ahlakly bolsa, şonuň bilen boljakdygyny aýdýar. Başga bir rowaýatda bolsa, aýalyň durmuşa çykan kişilerini saýlamak özüne bagly bolup, özi haýsysyny halasa, şoňa ýar boljakdygy aýdylýar. Beýleki bir rowaýatda-da, soňky adamsynyň aýaly boljakdygy aýdylýar. Hakykatdanam, HezretiMuawiýe adamsy ýogalan Ümmüd-Derda öýlenmekçi bolanda, Ümmüd-Derda muňa razy bolmaýar we onuň sebäbini şeýle düşündirýär: ”Ebud-Derda aýatda dirikä maňa: ”Aýal maşgala Jennetde soňky adamsy bilen bolar. Şonuň üçin, menden soňra, başga birine durmuşa çykma” diýipdi.”

Bu rowaýatlaryň arasynda many taýdan hiç hili gapma-garşylyk ýok. Sebäbi aýalyň oňat ahlakly, özüne mähriban garaýan adamsyny saýlajagy belli zat. Iň soňky durmuşa çykan adamsyna aýal boljakdygy bolsa, hemme adamsy oňat ahlakly bolup, haýsysyny saýlajagyny bilmedik halaty üçin aýdylan bolaýmasa. Biziň üçin esasy zat bu rowaýatlaryň her biriniň Jennetde bir aýalyň birden köp erkegiň ýoldaşy bolmajakdygyna, birden artyk erkek bilen bir ýerde bolmajakdygyna aýdyň şaýatlyk etmegidir. Sebäbi bir aýal Jennetde birden köp erkek bilen bile bolsady, öňi bilen, özi ýaly Jennete giren bu dünýädekä durmuşa çykan kişileri bilen bilelikde bolardy. Aýalyň şol erkeklerden diňe biriniň ýoldaşy boljakdygynyň aýdylmagy Jennetdäki maşgala durmuşynyň diňe şol erkege degişli boljakdygynyň aýdyň subutnamasydyr.

Ibni Kesiriň gürrüň berýän bu rowaýatlaryndan başga bir rowaýatda bolsa, aýalyň ilkinji adamsy bilen bile boljakdygy aýdylýar. Iň dogrusyny Alla bilýär.

### *7. Jennet ebedi bolsa irizmezmi?*

Jennet ebedidir, emma Jennetde birmeňzeş durmuş bolmaz. Ol ýygy-ýygydan täzelenip dur, her gün düýbünden başga sowgatlar bilen doldurylar. Jennetiler sowgatlaryň jümmüşinde bizar bolman, dowamly bir sagadatdan beýleki sagadata, bir bagtyýarlykdan beýleki bagtyýarlyga ylgarlar. Sebäbi onuň halaýan zatlarynyň ählisi ol ýerde bardyr we olardan isledigiçe peýdalanmaga onuň doly haky bardyr. Dünýä nygmatlaryndan tapawutlylykda, ol ýerdäki nygmatlar tükeniksizdir, hil taýdanam deňeşdirerden örän ýokarydyr. Galyberse-de, ol ýerde gowy görýän kişileriniňem hemmesi bolar we olar bilen bilelikde bu ajaýyp nygmatlardan peýdalanarlar. Olar özleriniň gaharyny getirjek zada duşmazlar. Jennet ähli bu dünýädekä özüni birahat eden, gynandyran duýgulardan saplanyp, Jennete girer. Bediüzzaman hezretleri bu mowzuk bilen baglanyşykly şeýle diýýär:

Sowal: Bu älemde lezzet yzanyň dep bolmagyndan döreýär. Emma ahyretde yza ýok ahyry. Muňa nähili düşünmeli?

Jogap: Yzanyň dep bolmagy lezzetiň emele gelmegine sebäpdir. Ýogsam, lezzet diňe şonuň üçin ýaradylmandyr.

Şeýle hem, ebedi älemiň bu äleme meňzedilmegi biri-birine meňzemeýän iki zadyň deňeşdirilmegidir. Ýagny ikisiniň arasynda gaty uly tapawut bolany üçin, biri-birine

meňzemeýär. Jennet bilen Horhor[17] medresesiniň bagynyň arasynda nähili tapawut bar bolsa, Jennetiň lezzetleri bilen dünýäniň lezzetleriniň arasynda-da şo dereje tapawut bardyr. Jennetiň Horhoryň bagyndan derejesi näçe belent bolsa, ahyretdäki lezzetler-de dünýä lezzetlerinden şonça belentdir. Ibni-Abbas bu barada: ”*leýse fil jenneti illä es-mauhe*” diýýär. Ýagny ”Jennetde dünýä ir-iýmişleriniň diňe atlary bardyr”. Diňe atlary meňzeşdir, lezzetleri tapawutlydyr. Jennetde lezzetiň dowamlylygy baradaky meselä geçeli: Hawa, lezzetiň hakyky lezzet bolmagy onuň hiç haçan gutarman, dowam etmegine baglydyr. Sebäbi yzanyň dep bolmagynyň lezzet bolşy ýaly, lezzetiň tamam bolmagy hem yzadyr, hatda onuň soňunyň geljegini pikir etmek hem yzadyr. Hawa, ähli ýasama aşyklaryň çekýän zary, ahy-nalasy şular ýaly yza sebäplidir.

Hawa, wagtlaýyn lezzetleriň birenteginiň, tamam bolmagy bilen hemişelik yza berşi ýaly, birentek yzanyň dep bolmagy-da, şirin lezzetleriň döremegine getirýär. Lezzet we nygmat bolsa, diňe dowam eden ýagdaýynda lezzet we nygmatdyr.

Gysgaça aýdanymyzda, ynsan ebedi älem üçin ýaradylandyr. Onuň hakyky aljak lezzetleri diňe Allany tanamak, Allany söýmek we ylym ýaly ebedi amallardadyr.

Ryzkyň kemçiliksiz, iň kämili olaryň gadyrynyň bilinmegi üçin öňden tanyş bolan görnüşleridir. Ir-iýmişleriň lezzeti täzeliginde we üýtgäp durmagyndadyr. Iň gowy lezzet – taýýar we ýakyndaky lezzetdir, iň lezzetlisi bolsa olaryň eden amalyň üçin berilýändigini bilmekdir. Kurany Kerim

[17] Horhor: Türkiýäniň Wan şäherinde ýerleşen bir medresäniň ady.

”*Küllemä ruziku minhä min semeratin ryzkan kalu häzellezi ruziknä min kabl*” diýmek bilen muny beýan edýär.

Ýagny ”Bu öňem iýen miwelerimizdir ýa-da dünýäde iýen ir-iýmişlerimizdir”. Çünki Jennetiň ir-iýmişleri biri-birine meňzeýşi ýaly, daşky görnüşi taýyndan dünýädäki ir-iýmişlere-de meňzeýärler.Ýagny ”*We utu bihi muteşäbihä*” (Ryzklary biri-birine meňzeş edilip getiriler.) Hadysda-da aýdylyşy ýaly, Jennetdäki ir-iýmişleriňkeşbi meňzeşdir, emma tagamy bir däldir. Bu jümlede näbelli galypda getirilen ”*utu*” sözünden belli bolşy ýaly, ryzkyň ynsanyň öňüne eltilmegi keramat we sylag-hormatdan nyşan bolany üçin, uly lezzet berer.

”*Hazellezi ruziknä min kabl*” (bu zat ryzk hökmünde öňem berilýärdi). Bu sözlemde takyk kesgitlenmän geçilen ”ryzk” sözüniň dört manysy bolup biler:

1. Ryzk diýlende, salyh amal göz öňünde tutulýar. Ýagny ”Bu dünýäde bize ryzk hökmünde nesip eden zat salyh amaldyr. Has takygy, häzir iýýän ryzkymyz dünýäde eden salyh amallarymyzyň netijesidir”. Ýagny amal bilen sylag biri-biri bilen berk baglanyşykly bolup, göýä, dünýädäki amal, ahyretde sogabyň jismine öwrülýär. Olaryň begenjiniň sebäbi şoldur.

2. Ryzk diýlende, dünýädäki iýmitler göz öňünde tutulýar. Ýagny ”Dunýäde bize ryzk hökmünde berlen iýmit bulardyr. Emma olaryň lezzetinde, tagamynda dag ýaly tapawut bar”. Ine, olar şoňa geň galýar.

3. Bu miweler ýaňky iýen miwelerimiz ýalydyr. Daş keşbi birdir, emma tagamy aýratyndyr. Diýmek, keşbi meňzeş bolany üçin, öwrenişilen lezzeti berýär, tagamlary aýry bolany üçinem, täze, üýtgeşik lezzet, tagam emele gelýär. Ine, olaryň begenmekleriniň sebäbi şoldur.

4. Şu wagtky iýýän ir-iýmişlerimiz bu şahalardaky miwelerdir. Diýmek, bir miwe ýolnup alynsa, onuň ýeri boş durmaýar, derrew ýerine ýene miwe bitýär.Ine, şol sebäpli Jennetiň miweleri egsilmeýär.

### 8. Näme üçin Jennet beýan edilende, näme üçin jismany nygmatlaryň ady köp tutulýar?

Her mümin öz derejesine görä, ahyrete gitmegi arzuw edýär. Alla bu arzuwymyzy has güýçlendirmek üçin, akyl ýetirip bijlek zatlarymyzyň üsti bilen bize ahyreti suratlandyryp görkezýär. Dünýäde, köplenç, nebsimiziň aladasyny edýänimiz üçin, Allatagala Jennetiň jismany nygmatlaryna ünsi çekip, dowamly şolardan gürrüň edýär we ynsanlara şol dilde sözleýär. Bir-de, Jennetde biziň göz öňümize getirip bilmeýän nygmatlarymyz bolup, şolar has möhümdir. Munuň bilen bir hatarda, iň söýýän we görmäge howlugýan ynsanlarymyz bolan Älemleriň Serweri (s.a.w) bilen, soňra pygamberleriň, sahabalaryň, tabiinleriň, alymlaryň, şehitleriň we salyh bendeleriň ençemesi bilen ol ýerde duşuşmak, söhbet etmek Jennetiň jismany keýplerini unutdyrjak derejededir. Edil şolar ýaly-da, Allanyň jemalyny görmek – Jennet nygmatlarynyň iň beýigidir. Soňra Allatagalanyň ”Men sizden razydyryn” diýmegi bulardan has üstün nygmatdyr. Rowaýatlaryň käbirinde hut Rabbymyzyň Kuran okajakdygy we Onuň käte-käte öz salyh bendelerine ýüzlenjekdigi habar berilýär. Bulary hiç bir jismany keýp bilen deňäp bolmaz. Ýagny magnewi, ruhy keýp alar ýaly şeýle datly nygmatlar bolup, bularyň hiç birini ol jismany keýpler bilen deňeşdirip bolmaz. Sebäbi, jismany nygmat her näçe oňadam bolsa, onuň panydygy ýa-da ondan asudalykda peýdalanyp bilmezlik şol nygmatyň lezzetini giderýär. Jennet ähli bolsa, elindäki nygmatlaryň ebedidigini,

oňa hiç kimiň garşy bolmajakdygyny, ellerinden alynmajakdygyny bilensoň, nygmatdan arkaýyn peýdalanarlar. Şu tarapdan alsaň, jismany nygmatyň ähmiýetini artdyrýan zatlar-da magnewi nygmatlardyr. Ikisi bilelikde bolanda, ana, şol ýer Jennetdir.

***9. Kuşeýri risalasynda biri ”Maňa Jenneti dilemek ýigrimi ýyldan bäri nesip etmän, diňe şu gün nesip etdi” diýýär. Muňa nähili düşünmeli?***

Her ynsanyň özüne mahsus özüni hasaba çekişi we gözegçilige alşy bardyr. Adam aleýhisselam goýberen şol säwliginden soň, utanjyndan kyrk ýyllap ýere seredip gezipdir. Şol bir zady biz etsek, bu ýasamalyk bolar. Her kim öz durmuşyny ýaşamaly. Gürrüňi edilýän şahsy hasaba çekmek biziň işimiz däl welin, ol kişi, belki-de, özünde Jenneti islemäge güýç tapan wagty, Allanyň huzurynda Onuň muhabbeti sebäpli, yza tesendir!

***10. Jennetiň dili arap dilimi? Eger şeýle bolsa, ony subut edýän aýat ýa-da hadys barmy?***

Ymam Munawiniň ”Feýzul-Kadir” atly hadys kitabynda Ibni Abbasyň (r.a) şeýleräk bir hadysy rowaýat edendigi aýdylýar: ”*Şu üç zat sebäpli araplary söýüň: Çünki men arap, Kurany Kerim arap dilinde inderilen, Jennet ähliniň gepleýän dili-de arap dilidir.*” Arap dili çeperçilik, edebiýat, aýdyňlyk we söze baýlygy taýdan dünýä dilleriniň iň naýbaşysydyr. Şol bir wagtyň özünde, ses, äheň we sözlem gurluşy taýdanam beýleki dillerden düýpli tapawutlanyp durýar. Haktagala hem öz kelamy Kurany-Kerimi arap dilinde inderendir. Pygamber aleýhisselam hem, Onuň kowmy hem bu dilde gürleýärdi. Kuranda şeýle diýilýär: ”*Ruhul-emin ony, seniň habardar ediji pygamberlerden bolmagyň*

*üçin, kalbyňa açyk we düşnükli bir arap dilinde inderendir..”* (Şuara, 26/195). Başga bir aýatda: ”*Biz her pygamberi öz milletiniň dili bilen ugratdyk, olara hakykatlary oňat düşündirer ýaly...*” (Ybrahym, 14/4) diýlip, hezreti Pygamberimiziň (s.a.w) öz kowmy bolan araplara hakykatlary öz dillerinde aýdandygy nygtalýar.

Hawa, Kuranyň dili, soňky pygamber hezreti Muhammet Mustafanyň (sallallahu aleýhi we sellem) ene dili arapça bolansoň, Jennetde-de arap dilinde gepleşilmegi gaty ähtimal. Adam ata-da ýer ýüzüne inderilmezinden öň, Jennetde wagty arap dilinde gepleýärdi. Galyberse-de, Pygamberimizden başga beýleki pygamberleriň hem käbiri bu dilde gepläpdir. Meselem, Hezreti Nuh, Hezreti Hud, Hezreti Ysmaýyl, Hezreti Salyh, Hezreti Şuaýb (aleýhumesselam) ýaly pygamberler arap dilinde gürläpdirler. Ymam Kastalany hezreti Aýşeden (r.a) ”*Jennet ähli Muhammet aleýhissalamyň dilinde geplär*” diýen rowaýaty gürrüň berýär.

### 11. Hadyslardan mälim bolşuna görä, ”Adn” diýilýän Jennet ähli Jennet nygmatlarynyň jem bolan ýeridir. Käbir hadyslarda bolsa, ”Ferdöws Jennetini diläň” diýilýär. Muňa nähili düşünmeli?

Adn Jenneti – bütin Jennet nygmatlarynyň jemlenen ýeridir. Ferdöws Jenneti bolsa, (Jenneti özümizçe piramida görnüşinde göz öňüne getirsek) bütin Jennet mertebelerini birlikde synlap boljak iň belent ýeri we çürbaşydyr.

Käbir ynsanlarda jismany höwes has güýçli bolýar. Olary şahyrana ylhamlar we ruhy gandyrýan keýpler känbir gyzyklandyrmaýar. Bu jähetden, Adn Jenneti üstündir. Käbirlerinde bolsa, ruhy joşgunlyk, duýgular has güýçli

bolýar. Olary iýmek, içmek, hüýr we ş.m gaty bir gyzyklandyryp baranok. Bu jähetden-de, Ferdöws Jenneti üstündir.

Geçen ymmatlaryň gaýyba iman edişi Muhammet ymmatynyňka görä, has gowşakdyr. Olarda tebigy ylym has pajarlap ösüpdir. Şu nukdaýnazardandan, göräýmäge jismany höwesleri gandyrýan Jennet diýip boljak Adn Jenneti beýleki ymmatlaryň ýetip biljek iň belent nokadydyr. Munuň tersine, Muhammet ymmatynyň gaýyba çuňňur iman edendikleri üçin, olaryň öňünde-de Ferdews Jennetine ýetmek baş maksat edilip goýulýar.

### *12. Gaty ýönekeý, kiçi we gowşak bir erk-ygtyýara derek soňsuz bir Jennet ýa-da Jähennemiň berilmegini nähili düşündirip bolar?*

Aslynda, biz Jennet ýaly gelejek bilen baglanyşykly ylahy lutufa miýesser bolmagy däl-de, üstümizden guýlup duran nygmatlaryň şükürini nädip berjaý edip biljekdigimiz hakda köpräk pikir etmeli. Jogapsyz we nagt berilýän nygmatlaryň şükürini edýän ybadatlarymyz bilen berjaý etmek hiç hili mümkin däl. Bu dünýäde bir gün ýaşamak üçin bir gün zähmet çekýäris, alty aý ýaşamak üçin alty aý zähmet çekýäris. ”Käşgä, alty aý zähmet çekip, bir ýyl ýaşaýsam” diýip, iki günlük durmuş üçin bir günümizi bermäge begenip razy bolýarys. Şeýle bolansoň, dünýä nygmatlary bilen asla deňeşdirip bolmajak, gözellikleriň gözeli bolan Jenneti gazanmaga köpüsi ukuda, çagalykda we dünýewi işlerde geçirilen gysgajyk ömür nädip ýetsin?! Onda-da, bu utuşda ynsanyň edýäni diňe barmagyny uzadyp, düwmä basmak ýaly ýeňil iş bolsa... Be, ynsan şular ýaly ýönekeý bir meýil we niýet bilen nädip ebedi Jähenneme mynasyp bolýarka? Häzir bu meseläni aýdyňlaşdyrmaga synanyşaly:

***a. Niýet jähetinden***

Ebedi Jennet, ebedi nygmatlar we Ebedi bolan Allanyň jemaly –bularyň ählisi şu pany, gysgajyk durmuşymyzyň netijesi bolup bilmez. Biziň maddy tarapymyz hem asla ebedi däldir. Emma biz imanymyzyň saýasynda ebedilige eýe bolup bileris. Elhamdulilla, Rabbymyza iman edýäris. Muny tutanýerlilik we wepalylyk bilen dowam etdirmegi ýüregimzie düwdük. Erk-ygtyýarymyzy imanyň ýolunda ulandyk. Mundan soňam erk-ygtyýarymyz bilen ebedi imana niýet jähetinden eýe bolmaga synanyşarys. Rabbymyzyň kalbymyza salan bu dogry ýoluna-da, bizi hut Onuň özi salandyr. Eger ýetmiş ýyl ýaşasak, ýetmiş ýyl imanly bolmagy ýürege düwendiris. Rabbymyz ýetmiş däl-de, ýüz ýetmiş ýyl, hat-da müň ýetmiş ýyl ömür berse, şonda-da imanymyzda wepaly we tutanýerli bolarys. Ýaşap ýörsek, hatda dünýäde ebedi bolsadyk, şonda-da imanymyzy terk etmän, Allatagala ebedi ynanarys.

Ine, Jennet we Jähenneme girmekde esasy zat şu niýetdir. Aslynda, Allanyň Resuly (s.a.w) hem: ”*Amallar niýetlere görädir!*” diýmeýärmi näme?! Her kim niýetiniň jogabyny alar. Biziň niýetimiz ebedi imanly galmak bolsa, sowgadymyz hem şoňa görä bolar. Jeza we sowgat amalyň görnüşine görä berler; ebedi imana we ebedi imanly bolmak niýetine ebedi Jennet berler. Edil şonuň ýaly, ebedi küfüre we ebedi küfür niýetine-de ebedi Jähennem berler. Alla (jelle jelaluhu) biziň syratymyza, sypatymyza we şu pany dünýäde näçeräk ýaşanymyza däl-de, ýüregimizdäki niýete, bizdäki yhlasa, gursagymyzdaky imana, bu imanymyzy dowam etdirip etdirmejekdigimiz hakdaky niýetimize, düşünjämize sereder.

Hawa, niýet, ýaşalan gysgajyk ömürde imandaky wepalylyk we tutanýerlilik pikiri bilen, ýaşalmasa-da ýaşalan

ýaly, soňsuzlyga çenli zamanlary ýagtyldýan nurdur. Munuň tersine, ähli zada umytsyz garaýan, ýaman niýetli kapyryň-da ebedi durmuşy Jähennem bolany üçin gap-garadyr. Sebäbi kapyr ebedi iman nuruny ýakmazlyga, has dogrusy, erkygtyýar düwmesiniň Allanyň (jelle jelaluhu) göwün köşgüniň iman şamçyralaryny ýakmagyna sebäp bolmazlygyna jan edýär we million ýyl ýaşasa-da, bu pikirinden dänmeýär. Şeýdibem, kalbyny, dünýäsini we ebedi durmuşyny zulmata öwren erbet niýetiniň pidasy bolar.

Niýetleriňiz ebedilige tarap uzasyn, ebedi älemler size gujak açsyn! Ýagşy niýetde geçiren her sekundyňyz beriljek serpaýy bilen müňlerçe esse zyýada bolsun!

***b. Jezanyň möhleti jenaýatyň näçeräk wagtda edilendigine däl-de, jenaýatyň agyrlygyna, näme üçin edilendigine, niýete, we getiren netijesine görä kesgitlenilýär.***

Dünýäde bäş minutlyk adam öldürmek jenaýatyna jeza hökmünde käte ýigrimi bäş ýyl, ýagny takmynan, on üç million minut azatlykdan mahrum etmek jezasy, käte ömürlik azatlykdan mahrum etmek jezasy, käte-de ölüm jezasy berilýär. Şonda bu jenaýatyň näçeräk wagtda edilendigi hiç haçan göz öňünde tutulmaýar. Jenaýatyň agyrlygyna, jenaýaty näme sebäpden edendigine, niýet we netijä seredilýär. Küfür we inkäriň eltýän jenaýatlary bir ynsany öldürmekden has köp, has agyrdyr. Älemiň Ýaradyjysynyň barlygyna zerreleriň, öýjükleriň, perişdeleriň, ýagyş damjalarynyň, atom we molekulalaryň sanyça, gysgaça, sanap tükedip bolmajak derejede köp şaýat bar. Küfür şunça şaýadyň şaýatlygyny ýok saýmak diýmekdir, tutuş älemi tümlüge gabamak we şol bir wagtda munça şaýada, göýä ýalançy diýip töhmet atmak diýmekdir. Küfür,

”Beýik Sungat Ussadyna” dil ýetirmek, Onuň älemdäki nagyşlaryna at dakmak we sansyz delillerini ýalan saýmak arkaly edilen uly jenaýat hasaplanylýar. Has beteri-de, ömürlerinde zerre ýalan bolmadyk müňlerçe pygamberi, millionlarça welini we iň meşhur sypaty dogrulyk bolan milliardlarça mümini inkär etmekdir, ýalançy saýmakdyr. Beýle jenaýatyň jezasy-da, gürrüňsiz, özüne laýyk bolmalydyr, ýagny ebedi Jähennem bolmalydyr.

***ç. Şahsy erk-ygtyýarymyz, hakykatdanam azdyr, emma onuň getirýän netijesi gaty uly bolup, Alla (jelle jelaluhu) hem jezany netijä görä berer.***

Bir düwmä basyp, millionlarça çyrany birden söndürmek arkaly, ullakan bir döwleti garaňka gömüp bilersiňiz. Ýa-da siziň ýekeje hereketiňiz– Birinji Jahan urşunda bolşy ýaly – millionlarça ynsanyň ölümine, millionlarça maşgalanyň dagamagyna, şäherleriň ýer bilen ýegsan bolmagyna, ençe asyrlap çekilen azabyň ýele sowrulmagyna we dünýä möçberinde uly özgerişleriň bolmagyna getirip biler. Edil şolar ýaly-da, ýeke otluçöp bilen uly tokaýy otlap bilersiňiz, ýa-da ýeke kerpijini çekip aýyrmak bilen ullakan köşki ýer bilen ýegsan edip bilersiňiz. Küfür ”ýykmak” diýmekdir. Ýykmak gaty aňsatdyr, emma onuň netijesi gaty gorkunçdyr.

Ine, kapyr erk-ygtyýaryny küfür ýolunda ulanmak bilen, şeýle uly weýrançylyga sebäp bolýandygy üçin, Jähennemde ebedi galmaga mynasypdyr. Munuň tersine, mümin erk-ygtyýaryny dogry ýolda ulanmak bilen hem dünýäsini, hem-de ahyretini ýagtyldýar.

***d. Elbetde, hetdi-hasapsyz nygmatlaryň eýesine garşy çykan ynsan şarpyk iýmäge mynasypdyr.***

Allanyň (jelle jelaluhu) soňsuz beýikliginden we gudratyndan habar berýän we ýaşaýyş üçin iňňän zerur bolan şol bihasap nygmatlaryň Eýesine garşy çykýan; Allanyň (jelle jelaluhu) barlygynyň sessiz şaýady bolan wyždan kitabyny düýrläp ýapyp, akylyny, aňyny we ebedilige teşne duýgy-düşünjelerini öldüren; galyberse-de, älem kitabyny Kuran bilen beýan edip, sagadat ýoluny görkezen Pygambere gulak asman, ýüreginiň gapysyna gulp uran ynsan älemiň möçberindäki bu ähmiýetli güýje örän azajyk bolan erk-ygtyýaryny sebäp görkezeni üçin, ýaratmakda we ýerine ýetirmekde hiç hili ähmiýeti bolmadyk bir topar hyýaly we ýasama zatlaryň ýelek ýaly ähmiýetine kowalaşyp, nebsiniň we şeýtanyň hilelerine aldanany üçin, elbetde, umumy älemiň möçberinde şapbat iýmäge laýykdyr.

***e. Amanata hyýanat etmegiň jezasy amanatyň we eýesiniň gymmatyna laýyk deňagramlylykda berler.***

Bir penjeräniň aýnasyny döwen çaga beriljek jeza bilen soltanyň hrustal täjini gözden salyp, zaýalan weziriň jezasy deň bolmaz. Ýa-da bir esger bilen bir goşun serkerdesine çinlerine laýyk serpaý berilse we ikisi-de bu serpaýy bazara gidip, ýele sowursa, elbetde, serkerde harby sudda jogapkärçilige çekiler we esgere beriljek jezadan has agyr jeza sezewar bolar. Ýene-de bir mysal, ömrüni daglarda goýun yzynda geçiren bir çopan bilen ömrüni uly açyşlar edip geçiren bir alyma ýagdaýlaryna we wezipelerine laýyklykda serpaý berilse we alym şol serpaýy edil çopanyň edişi ýaly, goýunlaryň idegi we iými üçin harçlasa, ol gürrüňsiz, çopana garanda has başgaçarak görnüşde jezalandyrylar.

Mysallardan görnüşi ýaly, dünýä durmuşynda haýwanlara berlen ömür baýlygy we beýleki baýlyklar we nygmatlar öz möçberlerine we aýratynlyklaryna görä kesgitlenilip goýlandyr. Olar hem bu baýlygy yrýa etmän ulanýarlar. Käsi ýük daşamakda, käsi et we süýt bermekde, käsi-de beýleki işlerde ulanýar. Emma ynsan ne-hä haýwandyr, ne-de onuň ömür baýlygy haýwanlara berlen ömre meňzeýär. Bir ynsanyň eli müň möýüň elinden, bir ynsanyň barmagy müň serçäniň ganatyndan gymmatlydyr. Ynsan özüne berlen şeýle gymmatly baýlygy, wyždan, akyl, aň, düşünje, pikir, müňlerçe duýgy we ukyp ýaly nygmatlary gözden salsa, elbetde, munuň jezasy-da şoňa barabar bolar. Onda-da, Allanyň (jelle jelaluhu) magryfeti, sylag-hormat we söýgi bilen dolup daşmaly we erbetliklere garşy ýapyk bolmaly we ylahy nygmatlaryň şöhlelenmeli mekany bolan ýürek nebsiň isleg –arzuwlarynyň astynda ezilse, şol ýüregiň eýesi elbetde, tutaşdyrlygy ynsanlardan we daşlardan bolan Jähenneme odun bolmak derejesine düşer. Beýle bolsa, erk-ygtyýary öz ýerinde ulanyp, ýüregi ”Ýüregiň Eýesine” laýyklap, Oňa arassa kalp bilen barylmalydyr.

### *13. Käbir hadyslarda Jennet ähliniň käbirine dünýä ýaly giň, hatda ondanam birnäçe esse uly ýer berilýär. Müňlerçe köşk, müňlerçe hüýr peşgeş edilýär. Birje kişä munça zatlaryň berilmeginiň sebäbi näme?*

Ynsan diňe jesetden ýaradylan bolsady, ýagny ýalňyz çäkli beden gurluşyna eýe bolsady, belki şonda oňa birnäçe köşk we hüýr ýetik bolardy. Emma ynsan öz içine şeýle bir kän zady gaplap alýar, onda tutuş älem düýrlenip gizlenendir. Onuň şeýle kän inçe duýgulary bolup, bu jähetden ol gaty uly ähmiýete eýe gudratly bir mugjyzadyr. Şol sebäpli, onuň syrly duýgulary doly doly ösmedik halatynda, bütin dünýäni

we ýene şonçany berseňizem, ony kanagatlandyryp bilmersiňiz. Emma ahyretde onuň ylahy hakykatlary duýýan ähli inçe duýgulary pajarlap öser, çäksiz ukyplary we çäksiz zerurlyklary ýüze çykar. Şol zerurlyklaryň ählisini şol ýerde diňe çäksiz bir rahmet eli bilen kanagatlandyryp bolar. Munuň nädip amala aşjakdygy dogrusynda aýdanymyzda bolsa, bu dünýäde mylaýym, nurana kişiler bir wagtda birnäçe ýerde görnüp bilýärler. Meselem, Allanyň Resuly (s.a.w) bir wagtda birnäçe ýerde görnüp bilýär, edil şonuň ýaly ahyretde-de Ol (s.a.w) ençeme ymmaty bilen bir wagtda ikiçäk duşuşar. Bu hem binýady nur, maddasy nurdan bolan Jennet ähliniň hem nurana bolup, bir wagtda birnäçe hüýr bilen aýry-aýry ýerlerde oturyp söhbet etjekdigine delildir.

### *14. Ruhlaryň ýaradylan wagtynda ýa-da entek ene garnyndaka ynsanyň täleýine bagtly ýa-da betbagt, Jennetlik ýa-da Jähennemlik diýip ýazylýar. Bu nähili bolýar?*

Birinjiden, Alla (jelle jelaluhu) bendesiniň geljekde özüni nähili alyp barjakdygyny, Jennetlik amallarymy ýa Jähennemlik amallary – haýsysyny ýerine ýetirjekdigini soňsuz ylmy bilen ozaldan bilýär we bileni üçinem ýazýar. Ýogsam, bende Allanyň (jelle jelaluhu) şeýle ýazany üçin Jennetlik ýa-da Jähennemlik, bagtly ýa-da betbagt bolanok.

Ikinjiden, Alla (jelle jelaluhu) bendesiniň öz erk-ygtyýaryny haýsy ugurda ulanjakdygyny bilşi ýaly, onuň hereketlerine täsir edýän sebäpleriňem ählisini bilýär we şoňa görä ýazýar. Şol ynsana öz maşgalasynyň nähili terbiýe we edep berjekdigini, töweregindäkileriň oňa nähili görelde boljakdygyny, ony imana ýa-da küfüre eltjek sebäpleriň nämelerdigini we onuň öz erk-ygtyýary bilen nädip bularyň

hötdesinden geljekdigini Alla (jelle jelaluhu) bilýär we şoňa görä ýazýar.

Biz täleýden bihabardygmyz üçin, ynsanyň Jennetemi ýa-da Jähenneme – haýsysyna düşjegini anyk bilmeýäris. Hadysda aýdylyşy ýaly, diňe özüni alyp barşyna, söz we hereketlerine seredip, bulary din babatda ölçäp göreris. Eger kapyrlyga eltýän hal-hereketleri bar bolsa, biz oňa gaty gitse "kapyr" diýip bileris, emma jähennemlik diýip bilmeris. Sebäbi biz onuň daşky sypatyna – özüni alyp barşyna baha berýäris. Hakyky ýagdaýy, ol kişiniň ýüregini we soňky demini nädip berjekdigini bilmeýändigimiz üçin, bu taraplaryny Allatagala goýýarys. Bir seredersеňiz, düýn ateist diýip ýören kişiňiz bu gün musulman bolandyr.

Alla (jelle jelaluhu) ynsanyň öz erk-ygtyýaryny haýsy ugurda ulanjagyny we amanadyny nähili halda tabşyrjakdygyny bilýändigi üçin, ruhlar äleminde ýa-da ene garnyndaka onuň bagtly-betbagt, Jennete ýa-da Jähenneme düşjegini ýazýar. Ynsan hem hadysda aýdylyşy ýaly, nähili ýaşasa şeýle öler, nähili ölse, şonuň ýaly direler. Bize bolsa, Alladan rahmetinden (jelle jelaluhu) umydymyzy üzmän we neslimiziň gelejegine-de umytly garap ýaşamak hem-de kimdir birileriniň iman getirmegine, dogry ýola düşmegine sebäp bolmak üçin jan etmek galýar.

***15. Resuly-Ekremiň (sallallahu aleýhi we sellem) käbir hadyslarynda "şuny-şuny etseňiz Jennete girersiňiz" diýilýär. Meselem, bir hadysy-şerifde "Ýa eýýuhen-näs! Efşus-selam, we etimüt-taam, we sylul-erham, we sallu billeýli wen-nasu niýam, tedhu-lul-Jennete bis-selam" diýilýär. Pygamber aleýhisselamyň bu hili sözleri diňe onuň şol wagtky gürrüňdeşlerine***

***degişlimi, ýa-da ähli kişä? Bu hili hadyslara nähili düşünmeli?***

Bu hadysy-şerifi Abdulla Ibnüs-Selam (radyýallahu anh) rowaýat edýär. Onuň terjimesi şeýleräk: ”*Eý, ynsanlar! Araňyzda salamy ýörgünli ýagdaýa getiriň... Birem, ynsanlaryň süýji uka giden pursatlarynda, gijäniň tümlügini namaz bilen deşiň... Şeýlelikde, sag-salamat Jennete girersiňiz!*”

Pygamber Serwerimiziň (aleýhi ekmelut-tehaýa) bu hili sözlerini aňyňa ilkinji gelen manysynda ele almagyň we oňa şeýle görnüşde amal etmegiň hiç hili zyýany ýok. Gaýtam, her biri oňat ahlagyň başga bir tarapyny alamatlandyrýan bu amallary ýerine ýetirmek ynsana gaty kän utuş we sogap gazandyrar. Şeýle-de bolsa, bu hili hadysy-şeriflere ”*tergib*” (höweslendirmek) we ”*terhib*” (saklamak, daşlaşdyrmak) maksady bilen aýdylan sözler hökmünde garamak has dogrudyr. Şol sebäpli, şu we şuňa meňzeş hadyslara tutuş adamzady gyzyklandyrýan umumy bir ýüzlenme hökmünde düşünmelidir.

***16. ”Dost dosty bilen bilelikde Jennetde ýaşar.” Beýle zat bolup bilermi? Jennetiň gatlarynyň birinden beýlekisine geçip bolarmy?***

Hawa, Alla mümin bendelerini ahyretde, ahyrete imanly gitmek şerti bilen, söýýän kişileri bilen duşuşdyrar. Hatda, özi Jennetiň iň aşaky mertebesinde bolup, onuň söýýän kişisi iň ýokarky mertebede bolsa-da. Hakykatdan-da, bir çarwa arap şony gaýgy edip, aglap, bu aladasyny Pygamberimize sözlände, Älemleriň Öwgülisi (s.a.w) ýokardaky hadysy aýdypdyr. Rowaýatlarda Jennetiň piramida ýaly, bir-biriniň içinden geçýän gatlardan ybaratdygy aýdylýar. Bir gatdan beýleki gata geçmek mümkindir we her kim söýýän kişisini

zyýarat edip biler. Emma bu diňe zyýarat görnüşinde bolup, zyýaratdan soň her kim öz Jennetine gaýdyp barar. Her kimiň şol bir ýerde, meselem, Serwerimiziň ýanynda, Onuň söhbetine gatnaşýandygyna garamazdan, her kimiň mundan alýan lezzeti tapawutly bolar. Bir kişi söýýän kişisiniň belent mertebesini we nygmatlaryny görende, oňa buýsanar, asla görübilmezçilik etmez.

### *17.”Jennet bolmasa, Jähennem ezýet bermez” diýilýär. Bu nähili bolýar?*

Munuň birnäçe manysy bolup biler. Öňi bilen, hakyky we kämil manyda Jähennemiň azap bermegi Jennetiň barlygy bilen, Jennetiň-de doly manyda nygmat bolmagy Jähennemiň barlygy bilen berk baglanyşyklydyr. ”Kämil manyda” diýmek bilen bularyň ynsanyň ähli duýgularyny we höweslerini kanagatlandyrjak derejededigini göz öňüne tutýarys.

Hemme zadyň ähmiýeti şoňa gapma-garşy zat bilen ölçenilýär. Edil şonuň ýaly, Jähennemiň oduny görmän, Jennet nygmatyna doly düşünilip bolmaz. Şol sebäpli, her bir kişi nähili-de bolsa, belli bir ýagdaýda Jähennemiň azaby biljek. Şonuň ýaly-da, ynsanlar Jennetiň eşretli durmuşyny görmän, Jähennemiň azabyna doly akyl ýetirip bilmezler. Şol sebäpli, Jähennemlik kişilere-de hem nähili-de bolsa bir ýol bilen Jennetiň eşretinden habardar ediler we olaram Jenneti küýsärler. Bu ýagdaýa öňem degnip geçipdik.

### *18. Hadyslarda ”Hüýrleriň owadan synalary geýýän ýetmiş gatly hülleleriniň aňyrsyndan görünýär” diýilýär. Bu hadysa nähili düşünmeli?*

Ynsan owadanlyga teşne. Onuň duýgulary owadanlyga, gözellige muşdak. Ine, bu ýetmiş eşik ynsanyň şol duýgularyny gandyrýan maddy-magnewi owadanlygyny

aňladýar. Jennet hüýrleri bolsa, beýle gözellige eýedir. Olaryň üstlerindäki zynatlary, gözellikleri şeýle kändir, husnu-jemallary jan alyjydyr. Olaryň gözlellikleriniň biri beýlekisiniň üstüni örtmeýär, biri beýlekisine päsgel bermeýär. Ýagny olar biri-birinden tapawutly mertebede we gözellikde ýetmişden köpräk zynata we owadanlyga eýedirler. Muňa şeýle düşünip bolar. Iň dogrusyny Alla bilýär.

### *19. Jenneti arzuwlap we Jähennemden gorkup ybadat etmek dogrumy?*

Jennet Allanyň (jelle jelaluhu) ynsanlary Özüne ybadat etmäge höweslendirmek üçin ýaradan ”*tergib*”[18] serişdesidir. Jähennem bolsa, Özüne garşy gitmekden gorkuzmak üçin ýaradan ”*terhib*”[19] serişdesidir. Allanyň isleglerini berjaý eden kişiler ahyretde Jennet bilen sylaglanar. Allanyň emirlerine garşy gidenler bolsa, Jähennem bilen jezalandyrylar. Görşüňiz ýaly, bularyň ikisi hem serişde bolup hyzmat edýär. Ybadatda esasy zat – Allanyň ryzalygydyr. Ybadatlaryň kabul bolmagy hem diňe şuňa baglydyr. Tasawwuf ähli Jenneti arzuwlap ybadat edýänleri ”abidul-Jennet”[20] diýip atlandyrýarlar.

Esasy zat Allanyň ryzalygydyr. Ýöne Kuran aýatlarynyň ençemesinde ynsanlary höweslendirmek üçin Jennetden, gorkuzmak üçin bolsa Jähennemden gürrüň edilýär. Ýagny ynsanyň bularyň birini arzuwlamagy, beýlekisinden bolsa, gorkmagy adaty ýagdaýdyr. Şol sebäpli Jennete düşmegi arzuw etmek ýalňyş däl. Aslynda, Jennete düşmegi dilemek,

---

18 Tergib: höweslendirmek.

19 Terhib: saklamak, daşlaşdyrmak.

20 Abidul-Jennet: Jennetiň guly.

Haktagala gowuşmagy arzuw etmekdir. Müminler Ony diňe Jennetde görüp bilerler. Jähennem gorkusyndan ýaňa özüňi hasaba çekmek hem dogrudyr. Sebäbi Jähenneme düşen kişi Ondan, Onuň rahmetinden mahrum galar. Älemleriň Serweride (s.a.w) Jennetil-Firdöwsi islemegi, Jähennemden goranmagyň ýollaryny agtaryp ýaşamagy nesihat edýärdi. Onuň özi-de Jenneti dilärdi, Jähennemden Alla sygynardy. Aslynda, bu mesele gaty düşnükli, aýdyňdyr. Allanyň rahmetinden medet diläp, Jennete düşmegi dilemegem, Allanyň gazabyndan ýene Oňa sygynyp, Jähennemden halas bolmak üçin ybadat etmegem ýerliklidir. Ýöne amalda esasy zat Allanyň ryzasynyň ileri tutulmagydyr.

### *20. Bir kişi özüniň Jennete düşüp-düşmejegini bilip bilermi?*

Bir kişi, Alladan we Onuň Resulyndan (s.a.w) gelen anyk maglumat ýok bolsa, özüniň ýa-da başga biriniň Jennete düşjegini ýa Jähenneme düşjegini bilip bilmez. ”Aşereýi-Mübeşşere” diýlip tanalýan on sahabamyza entek bu dünýädekä özleriniň Jennete düşjekdigi buşlanylýar. Serwerimiz bulardan başga-da, hezreti Hamza, hezreti Jafer bin Ebi Talyp, hezreti Bilal, hezreti Hatyja, hezreti Aýşe, hezreti Fatyma, hezreti Hasan, hezreti Hüseýin, hezreti Merýem, hezreti Asiýe (radyýallahu anhum) ýaly ençeme kişileriň Jennete düşjekdigini habar beripdir. Bir kişi Onuň (s.a.w) habar bermedik kişisiniň Jennete düşmegini umyt edip biler ýa-da Jähenneme düşmeginden howatyr edip biler.

Umuman, musulman kişi o dünýä imanly gider. O dünýä imanly giden kişi ýa-ha gönüden-göni, ýa-da günäleriniň jezasyny çekenden soň, Jennete girer. Käte-de juda az kişä,

geçmişi öwerlik däl hem bolsa, soňky wagtlarda eden ýagşy amallary üçin o dünýä imanly gitmek nesip eder. Munuň tersi-de bolup biler. Ýagny salyh amally kişi soňky wagtlarda azyp, imansyz ölübem biler. Alla saklasyn!

Umuman, ynsan nähili ýaşasa, şeýle-de öler. Ýagny musulman bolup ýaşan, musulman bolup öler. Beýle bolsa, köpräk salyh amal etjek bolmaly. Ynsan özüniň gowy ynsandygyny ýa däldigini oňat gatnaşýan salyh dostlaryndan sorap, bilip biler. ”Ol gowy adam däl” diýýän bolsalar, ol erbetdir. Eger ”Ol gowy adam” diýýän bolsalar, gowy adamdyr. Bir rowaýatda: ”Özüniň gowymy ýa-da erbetdigini bilmek isleýän kişi salyh goňşularynyň özi hakynda nähili pikirdedigini öwrensin. Şolar ”Gowy adam” diýýän bolsalar, özüniň Allanyň huzurynda-da gowydygyna düşünsin!” diýilýär. Beýle ýagdaýda ynsan özüniň Jennete düşjegine umyt edip biler. Emma diňe umyt edip biler. Asla, hiç kimiň özüne göwni ýetip bilmez.

### *21. Hezreti Merýem (r.a) Jennetde hezreti Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) aýaly bolmalymy?*

Ençeme hadysda hezreti Merýem we hezreti Asiýe (radyýalahu anhum) hakynda öwgüli sözler bar.

Hezreti Aly (radyýallahu anh) gürrüň berýär: ”Resululla (aleýhissalatu wesselam) şeýle diýdi: ”*Ahyretdäki aýallaryň iň haýyrlysy Merýem Binti Ymrandyr. Dünýädäki aýallaryň iň haýyrlysy Hatyja Bintu Huweýlitdir.*” Hezreti Aly bulary aýdanda eli bilen asmany we ýeri görkezýär.

Rezin şuňa meňzeş bir rowaýatda şeýle diýýär: ”Resululla (s.a.w) şeýle diýdi: ”*Erkekleriň ençemesi kämillige ýetendir. Aýallaryň bolsa, Imranyň gyzy Merýemden, Firawunyň aýaly*

*Asiýeden, Huweýlidiň gyzy Hatyjadan we Muhammediň gyzy Patmadan başgalary kämillige ýeten däldir. Aýşäniň beýleki aýallardan üstünligi tiridiň*[21] *beýleki tagamlardan üstünligi ýalydyr.*" Buharyda bu hadysy Ebu Musanyň (s.a.w) rowaýat edendigi ýazylypdyr.

Asiýe Bintu Müzahim – Fyrawunyň aýalydyr. Rowaýatda aýdylyşyna görä, hezreti Musanyň (a.s) Fyrawunyň jadygöýlerinden üstün çykanyny görüp, hezreti Asiýe iman getirýär. Faraon muny aňyp, ýere gazyk kakdyrýar. Onuň el aýagyny Güne bakdyryp şol gazyga daňmagy, üstüne-de mähnet bir daş goýulmagyny buýruk berýär. Daşy getirenlerinde hezreti Asiýe: "*Eý, Rabbym, meniň üçin Jennetiňde bir öý gur*" ("Tahrim" süresi, 66/11) diýip Allatagala ýalbarýar. Şol wagt Allatagala oňa Jennetde özüne beriljek dürri-ýakutdan salnan öýi görkezýär we onuň janyny alýar. Şeýlelikde, getirilen daş onuň jesediniň üstüne goýulýar. Hezreti Merýem – Ymranyň gyzy, hezreti Isanyň (a.s) bolsa ejesidir. Kuranyň birnäçe ýerinde ondan söz açylýar. Hezreti Merýem hiç bir erkek bilen jynsy gatnaşykda bolman, mugjyza bilen Hezreti Isany (a.s) dünýä inderýär. Ýahudylar oňa boý gyzdygyna garamazdan, çaga dograny üçin "ahlaksyz" diýip töhmet atýarlar. Şonda sallançakdaky çaga (hezreti Isa) mugjyza görkezýär, dil açmak bilen ejesiniň tämizdigini subut edýär.

Görşüňiz ýaly, dünýädekä adamsy bolmadyk bu iki päk aýal Jennete girer. Jennetde bolsa, durmuşa çykyp, maşgala gurarlar. Bu iki mähriban zenan ol ýerde Älemleriň Serwerine (s.a.w) nikalanyp, Allanyň lutfuna miýesser bolarlar. Başga

[21] Tirit: çorba; etli çorbanyň üstüne çörek dogralyp taýýarlanylýan nahar.

bir hadysda bolsa şeýle diýilýär: ”*Allatagala Ymranyň gyzy Merýemi, Fyrawunyň aýaly Asiýäni we Musanyň gyz dogany Gülsümi Jennetde maňa nikalap bermegi höküm etdi.*” Dogrusyny Alla bilýär.

### *22. Täze iman getiren, heniz dogry-dürs amal etmedik kişi bilen tutuş ömrüni pidakärlik edip, kynçylyk çekip geçiren kämil mümin Jennetde bir ýerde bolarmy? Bu adalatsyzlyk bolmaýarmy?*

Öňi bilen şuny belläp geçeli: Alla adalatlydyr. Hiç kime zerre ýaly zulum etmez. Şol bir wagtda, Allatagala ”Erhamur-rahimindir”. Merhemeti soňsuzdyr, diýseň bagyşlaýjydyr we örän jomartdyr. Islänine islän nygmatyny bolluk bilen berer we munuň üçin hiç kime hasap bermez.

Bu soragda aýdylyşy ýaly, eger kimdir biri iman etse, ýöne hiç hili amal işläp ýetişmese, ol şonda-da Jennete girer. Bu – Allanyň rahmetiniň netijesidir. Öňem bellenip geçilişi ýaly, hadyslarda bu mesele takyk we düşnükli edilip beýan edilendir. Ynsan bu dünýäde näme ekse, o dünýäde şony orar. Şonuň üçin, tutuş ömrüni iman edip, salyh amal işläp geçiren, ençeme kynçylyklara çydap, dine hyzmat eden kişiler bilen bulary edip bilmedik kişileriň Jennetden paý alşy deň bolmaz. Belki-de, bularyň her biri dürli-dürli Jennet mertebelerinde ýerleşerler. Şol bir Jennetdäki kişileriň derejesi-de, olaryň iman we amalynyň mertebesine görä, biri-birinden tapawutly bolar. Dogrusyny Alla bilýär.

### *23. Jennetde erkeklere dünýädäki aýallaryndan başga, hüýrleriň hem beriljekdigi aýdylýar. Ýeri, aýallara-da Jennet erkekleri berilýärmi? Gulman näme?*

Kurany-Kerimiň ýekeje aýatynda ”gulman” sözi ulanylýar. ”*Daş-töwereginde gabygynda gizlenen dür ýaly, ap-arassa*

*gulmanlar aýlanar ýörerler*” (Tur, 52/24). Çaga, ýaňy murt çykyp başlan ýigit, hyzmatkär diýmekligi aňladýan ”gulam” sözüniň köplügi bolan ”gulman”, mälim bolşuna görä, Allanyň (jelle jelaluhu) öz mümin bendeleri üçin aýratyn ýaradan we wezipesi diňe hyzmatkärlik bolan Jennetiň ýigitleridir. Olar Jennet ähline iýmitdir içgi hödür-kerem ederler. Bu işi edýändikleri üçin gaty şatdyrlar.

Hüýrler bolsa, Rahmany-Züljemalyň mümin erkekler üçin Jennetde aýratyn ýaradan we dünýäden baran aýallaryň hyzmatyna beren juda owadan Jennet zenanlarydyr. Birnäçe aýatda olardan gürrüň edilýär we olar öwülýär. Umuman, ”*Iri gözleriniň agy açyk, garasy goýy bolan, kümüş ýaly ak tenli gyzlar*” diýlip taryp edilýän hüýrler dürli aýatlarda ”*adamsy diýip ölüp barýan zenanlar*”, ”*adamsyndan başga kişä seretmeýän zenanlar*”, ”*özüne hiç kimiň eli degmedik gyzlar*”, ”*ýakymly tenli gyzlar*”, ”*ýakut ýaňakly gyzlar*”, ”*ýaş, juwan gyzlar*” diýlip suratlandyrylýar.

Bulardan şu netije gelip çykýar: Jennete düşen mümin aýallar diňe öz adamsy bilen bilelikde ýaşar. Olar dowamly päklenip durarlar. Jennet ähli erkekler-de, hadysda aýdylyşyna görä, ýüz erkegiň güýjüne eýedirler. Hem-de bu aýallar Jennet aýallarynyň iň naýbaşysydyr we olardan üstündirler. Hüýrler olara hyzmat ederler. Bir manyda, olar hüýrleriň ekabyrydyr diýseňem bolar. Gulman bolsa, diňe hyzmat eder, oňa jynsy gatnaşyk babatda hiç hili wezipe berilmedik. Alla iň dogrusyny bilýär.